# ÇAGALYGYŇ ÇÄKLERI



NATALÝA WINS

# ÇAGALYGYŇ ÇÄKLERI

NATALÝA WINS



KITABI-KNIGI.COM

**TM:**

Islendik bölümi, tutuş maşgala üçin mugt ekitaplary komputeriňe ýükle we oka.

KITABI-KNIGI.COM

Originally published in Russian.
Рубежи детства © 2000 Наталья Винс
Все права сохранены за автором

Translated into English and publisheded under the title
*Children of the Storm* by Natasha Vins
© 2002 by BJU Press

© 2014 for the Turkmen edition.
Translated by permission. All rights reserved.

*Çagalygyň çäklerini süýşürip,*
*biz durmuşa ynamly hem batyrlyk bilen girenimizde,*
*ýoly ýalan boýunça bellemezlik nähili wajyp...*

**GEORGIÝ WINS**

# GIRIŞ

*1975-nji ýylyň noýabry.*

Uçar Ýakutskyň aeroportyna gonuş ýoluna girýär. Bortprowodnik aýal: „Howanyň temperaturasy — 50 dereje“ — diýip yglan etdi. Illýuminatordan tomusky garşy meýdan, aeroportyň kiçi binasy göründi. Biz Ýakutska berk režimli lagere kakam bilen duşuşyga bardyk. Uçarda enemden başga biziň bütin maşgalamyz bardy, sebäbi enemiň ýüregi agyrýardy, ol iň polýar tarapa, gyşky syýahata indi ýaramaýardy.

Biz ýolda bir gije-gündizden köpräk bolduk. Biziň iň kiçimiz bolan üç ýaşly Şura kakam bilen duşuşyga birinji gezek barýardy. Şura üçin hemme zat gyzyklydy: ol ozal hiç haçan uçarda uçup görmändi, otla münmändi. Agşamlyk biz Kiýewden otla mündik, soň garaňky gowuja düşýänçä, ony äpişgäniň öňünden aýryp bolmady. Irden biz Moskwa geldik. Domodedowo aeroportyna barýan ýolda Şurada bir üýtgeşik zat boldy. Gatnaw awtobusundaky ýerleriň hemmesi eýelenendi, şonuň üçin biz her kim bir ýerde oturdyk. Ejem Şurany eline alyp, öňdäki oturgyçda oturdy. Ol ýerde äpişgäniň öňünde eýýäm bäş ýaşly gyzy bilen bir aýal otyrdy.

Domodedowa çenli bir sagatdan gowrak ýöremelidi, şonda Şura özüniň kiçijik goňşujygy bilen tanyşdy. Olar begenişip: „Seret, nähili ulag geçip gitdi! Anha pişik ylgap barýar! Portfelli oglanjyk mekdepden gelýär!“ diýip gygyryp, äpişgeden bile seredip oturdylar. Töwerekde oturan adamlar çagalaryň şadyýan

seslerine ýylgyryp gulak asyp oturdylar. Birden Şura: „Senem kakaň ýanyna türmä barýarsyňmy?“ — diýip sorady. Gyzjagaz oňa düşünmeýän gözleri bilen seretdi. Ýöne onuň ejesi hemme zada düşündi: ol derrew gyzyny Şuradan daşrak saklady-da, çagalaryň gürleşmegine gaýdyp rugsat bermedi. Birgeňsi oglanjyga we onuň ejesine beýleki ýolagçylaram haýran galyp seretdiler. Şura üçin bu tebigy soragdy: eger onuň kakasy türmede bolsa, diýmek, beýleki çagalaryň kakalary-da şol ýerdedir.

Ahyrsoňy biz lagere gelip ýetdik. Girelgede biziň pasportlarymyzy barladylar, duşuşylýan otaga alyp bardylar, barladylar. Ýarym sagatdan soň kakam geldi — onuň saçy syrylandy, tussagyň geýmindedi, döşünde familiýasy bilen bölüminiň belgisi ýazylan haty bardy. Ony görende Şura gorkup, ejemiň arkasyna gizlendi. Üç ýaşly oglanjyga bu nätanyş adama „kaka“ diýip, ilkinji gezek aýtmak aňsat bolmady.

Ýöne bize, ululara kakamyz bilen täzeden tanyşmak gerek bolmady, şonuň üçin duşuşanymyza güýçli begenişip, onuň daşyny gurşap aldyk. Soň hemmämiz dyza çökdük, kakam ýene hemmämiziň bir ýerdedigimiz üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Hudaýa doga edilenden soň, zatlarymyzy çözdük. Kakam biziň alyp baran öý geýimlerimizi geýdi (biz iň bolmanda duşuşan wagtymyzda kakamyň özüni öýde ýaly duýup, tussagyň geýmini çykarmagyny isledik).

Duşuşylýan jaýjagaz lageriň territoriýasyndady. Uzyn koridoryň iki tarapynda birnäçe otag bardy, onuň aňry başynda umumy aşhana bardy. Bizden başga-da, ýakynlary bilen ýene üç maşgala duşuşyga geldi. Hemmelere bir otagdan berdiler, bize bolsa, iki otag berdiler, sebäbi biz alty adam bolup barypdyk. Otaglar kiçijekdi, her otagda iki sany demir krowat bardy, olaryň arasynda darajyk geçer ýaly ýer bardy, gödek ýasalan agaç stol, tumboçka we iki sany oturgyç bardy. Naharlanan wagtymyzda stol geçelgä süýşürildi we biz krowadyň iki tarapynda oturdyk.

Duşuşyk biziň üçin maşgala şatlygynyň bir adajygyna öwrüldi: kakam ýanymyzda we ahyrsoňy bütin maşgala bir ýerde! Biz ýyllar

boýy bu zatdan mahrumdyk. Ilkinji şatlyklardan soň ejem nahar taýýarlamak üçin aşhana gidýär. Men ejeme kömekleşýärin we çemodandan azyklardan bir zat almak üçin gaýta-gaýta gelýärin. Her gezegem asuda maşgala gatnaşygyna guwanýaryn: kakam Petýa bilen nämedir bir zat hakda gürleşýär, kiçijik Şura bolsa indi doly öwrenşipdi-de, kakamyň dyzynda otyrdy, Liza bilen Ženýa bolsa, stolyň üstüni nahara taýýarlaýarlar (biz mydama ýanymyz bilen saçak, kiçiräjik waza alyp gelýärdik. Oňa tomusda lageriň ýanyndan ýygan güllerimizi, gyşda bolsa — arça şahajyklaryny goýýardyk).

Nahar wagtynda tükeniksiz gürrüňler edilýärdi: näçe wagtlap aýralykda bolupdyk! Nahardan soň ejem çemodandan süýji, köke, miweleri çykarýardy, soň sagatlap çaý içip oturýarys. Ýöne kiçijik Ženýa bilen Şuranyň sabry gutarýar, olaryň oýnasy, hereket edesi gelýär-de, pyşyrdaşyp başlaýarlar. Ahyrsoňy Ženýa seslenýär: „Kaka! Biziň bilen oýnaý-da!“ Kakam höwes bilen razy bolýar, soň şadyýan başagaýlyk başlanýar. Çagalar kakamy „ýeňmegi“ başaranlarynda, begenip gygyryşýardylar.

Şunuň ýaly pursatlarda iki günden soň duşuşygyň gutarjakdygy, garawulyň kakamy zona äkitjekdigi, biziň bolsa, aeroporta gitmek üçin garly şäherjigiň içi bilen awtobus duralgasyna tarap süýrenişip gitjekdigimiz hakdaky pikiri kowmak isleýärsiň. Soň ýene köp aýlaryň dowamyndaky aýralyk... Ýöne häzirlikçe gowusy pikir etmeli däl-de, şu güne şatlanmagy başarmak gerek.

Ýatmazymyzyň öň ýanynda kakam: „Indi bolsa, Ženýa bilen Şura, men size biziň lagerimize pişigiň girişini gürrüň berjek! Palmajyk hakda-da aýtjak!“ — diýdi. Kakam krowadyň gyrasynda oturdy. Ženýa bilen Şura iki tarapyndan oňa gysyldylar, kakam gürrüňe başlamaga taýýarlandy. Ýöne şol wagt Petýa:

— Bu diňe çagajyklar üçinmi? Bizem diňlesek bolýarmy? — diýip sorady.

Kakam ýylgyrdy:

— Size, ululara, men eýýäm şeýle-de köp zat gürrüň berdim. Bu waka ilki bilen Ženýa hem Şura üçin. Hany, çagajyklar, olara diňlemäge rugsat bererismi?

— Hawa, rugsat berýäris! — diýip, Şura özünden rugsat soralýanyna monça bolup jogap berdi.

Ženýa bolsa gyssady:

— Kaka, çaltrajyk gürrüň bersene, pişige näme boldy?

Kakam gürrüňine başlady: „Size meniň bilen duşuşyga gelmäge şeýle seýrek rugsat berýärler, hatlaryňyzam köplenç gelip ýetmeýär, ýolda «ýitýär». Günleriň birinde tussaglykda şeýle içim gysdy... Soň men Rebbiň meni köşeşdirmegi üçin dileg etdim. Iki günden soň meniň ýanyma tussaglaryň biri gelip: «Petrowiç, men şu wagtjyk aýalym bilen duşuşykdan geldim. Garawul galan iýmitleri almaga rugsat etdi, men olary seniň bilen paýlaşmak isleýärin!» — diýdi. Ol maňa kiçiräjik paketjik uzatdy. Men ony açanymda, ol ýerde bir tokga sarymsak bilen iki sany hurma bar eken. Men oňa gyzgyn minnetdarlyk bildirdim, sarymsak lagerde gymmatly sowgat!

Hurmalary men iýdim, ýöne şäniklerini zyňman, boş konserwa gutusynda topraga gömüp goýup ekme kararyna geldim. Men gutyny aýnanyň öňünde goýdum-da, suw guýup başladym. Biraz wagtdan soň, şänikleriň biri gögerdi-de, kiçijik palmajyk peýda boldy! Bu bary-ýogy ösümlik bolsa-da, palmajygyň maňa mätäçdigine düşünmeklik maňa ýylylyk berdi. Tomusda lagerde suw kesilmesi boldy-da, her adama günde birje kružka suw berdiler, ýöne men günde ony palmajygym bilen paýlaşdym.

Indi bolsa pişik hakda. Göz öňüne getirip gör, lagerimize niredendir bir ýerden bir pişik geldi! Ähli haýatlaryň arasyndan onuň nädip geçip bilenine entegem düşünip bilemok. Belki, garawullaryň biri ýuwaşjadan ony geçilýän ýerden geçirendir-de, işçi zona goýberendir. Ol wagt men agşamky çalşykda elektrik bolup işleýärdim. Bir gezek boş wagtym boldy-da, zonanyň içine aýlanmakçy boldum. Sehden bary-ýogy birnäçe ädim geçenimden soň, birden pişigiň mawlaýan sesini eşitdim. Zonanyň howlusy ýiti ýagtyldylandy, şonuň üçin men burçda nähilidir bir gara ýumagy gördüm. Golaýyna baranymda, onuň pişik ekendigini gördüm.

Men onuň açlykdan mawlaýanyna düşündim, şonuň üçin sehe gaýdyp gelip, bir gapjagaz tapyp, oňa öz çörek paýymdan çörek

dograp, ony suw bilen ezip, oňa getirip berdim. Pişik açgözlük bilen iýmite topuldy. Onuň basym pişik çagalarynyň boljagyny bilenimde bolsa, nobatçylyklarym wagtynda ony naharlap başladym. Pişik çagalary doglanyndan soň, men oňa köpräk iýmit getirmäge çalyşdym. Pişik çagalary ulalanda, men olary brigadamdaky dostlaryma paýladym, özüme bolsa, çal alasyny, Waskany goýdum. Ene pişik bolsa, tizara nirädir bir ýere ýitip gitdi.

Şeýlelikde, bu ýerde mende hojalyk — palmajyk bilen Waska peýda boldy. Ine, çagalar, Reb meniň dogama nädip jogap berdi-de, maňa göni zonada garaşylmadyk şatlygy sowgat berdi. Men bu barada Ženýa hem Şurik üçin goşgy ýazdym. Aýdyp bereýinmi?“

— Hawa, hawa!— diýip, çagalar janlandylar. — Goşgyňyzy diňlemek isleýäris!

„Men suwumy güljagaz bilen paýlaşdym,

Çörek paýymy aç pişik bilen...“ — diýip, kakam söze başlanda, Şura onuň sözüni sabyrsyzlyk bilen böldi:

— Kaka! Öýe hemişelik baranyňda, sen Waskany öýe alyp bararmyň?

Ženýa ony goldady:

— Bizde eýýäm pişik bar, Şura oňa Kisan diýip at dakdy. Ine, görersiň, ol Waska bilen dostlaşar!

Kakam çagalara gaýgyly seretdi:

— Ah, çagalar, men entek öýe köp wagtdan soň bararyn. Meniň möhletim diňe sekiz ýarym ýyldan soň gutarýar. Şonda, Şurik sen on iki ýaşyňda bolýarsyň, Ženýa sen bolsa, eýýäm on dokuz ýaşaýarsyň! Göz öňüne getirýärsiňizmi, siz nähili ullakan bolýarsyňyz?! Meniň Kiýewe gaýdyp barjak wagtyma köp garaşmaly bolýar...

Ertesi gün men ir oýandym. Kakam bilen Liza eýýäm çaý içip we nämedir bir zat hakda gürrüň edip oturan ekenler. Men, olara päsgel bermejek bolup, otaga girdim. Bu biziň lagerdäki adatymyz

bolupdy: kakam ýürekdeş gürrüň etmek üçin her birimize wagt belläp goýýardy. Liza eýýäm on bäş ýaşap barýardy, ol kakama köp zat hakda gürrüň bermek we onuň atalyk maslahatyny diňlemek isleýärdi. Galanlaryň hemmesi oýananlaryndan soň, biz ertirlik edindik, soň ýene bir bagtly gün başlandy. Ýöne ol gaýgyly gutardy. Agşam duşuşyk bolmalysyndan öň tamamlandy. Biz kakam bilen ertire çenli bolarys öýdüpdik. Irden turup, bütin maşgalamyz bolup, howlukman dileg etjekdik hem hoşlaşjakdyk. Soň ony işçi zona alyp gitmelidiler, biz bolsa, goşlarymyzy ýygnap gaýtmalydyk.

Ýöne biz agşamlyk naharyny edinip bolanymyzda, gapy kakyldyda, içeri garawul girdi: „Wins, duşuşyk gutardy, hoşlaşyň! Enjamlar döwüldi, gyssagly gijeki çalşyga çykmaly. Taýýarlanmaga ýarym sagat berýärin!“ Kakam: „Belki, men häzir sehe çykyp, döwlen zatlary bejerip, ertire çenli maşgalamyň ýanyna gelerin?“ — diýip, garşylyk görkezmäge çalyşdy. Garawul öz diýenini tutdy: „Ýok, bu mümkin däl! Başlyk döwlen ýere sizi goýbermegi tabşyrdy!“ Garawul ädigini tarkyldadyp, otagdan çykyp gitdi.

Biz zatlarymyzy howlukmaç ýygnaşdyrmaga başladyk, hemme zat elimizden gaçyp barýardy. Çagalar agladylar, ejem gözýaşyny zordan saklap durdy. Kakam: „Biziň azatlykdan mahrum durmuşymyzda her hili zat bolup bilýär. Biz iki güne golaý bile bolanymyz üçin Hudaýa minnetdar bolmalydyrys. Bu meniň üçin uly baýramçylyk!“ — diýip, bizi köşeşdirmäge çalyşdy. Ejem onuň jübüsine birnäçe tokga sarymsak saldy, ýene birnäçe sany süýji saljak boldy, ýöne kakam ony saklap: „Bu eýýäm artykmaç bolýar. Men zat alyp geçmeli däl. Sarymsagy geçirselerem bolýar“ — diýdi.

Hudaýa doga edenimizden soň biz hoşlaşyp başladyk. Gapyda eýýäm garawul durup, kakamy howlukdyrýardy: „Wins, taýýarlygy gutaryň! Gitmeli wagt boldy!“. Kakamy alyp gitdiler. Biz goşlarymyzy howlugyp ýygnaşdyrdyk. Ejem biz Ýakutska gidýän soňky awtobusa ýetişermikäk diýip gaýgy edýärdi. Içeri garawullaryň ofiseri girdi-de, goşlarymyzy barlady. Girelgede bize pasportlarymyzy berdiler, soň biz aýazly gijede lageriň derwezesindan çykdyk.

# 1

# ÇAGALYGYŇ ÄPIŞGESINDEN

Meniň ýadyma düşýän ilkinji zat — bu Kiýewiň merkezindäki Andreýew ybadathanasynyň ýanyndaky kommunal jaýdaky otagymyzdy. Otag dar hem uzyndy, onuň ullakan, potologa ýetip duran diýen ýaly äpişgesi bardy. Men äpişgäniň öňünde aýaklarymy gujaklap, daşary seredip oturmagy gowy görýärdim. Aýratynam gyşda, gar ýuwaşjadan ýere ýaganda, pyýada ýörelýän ýollarda çyralar ýakylanda, pyýadalar nirädir bir ýere howlukmaç ylgaşýan we hyryn-dykyn trolleýbuslar haýaljakdan duralgadan ýöränlerinde, bu ýer has gowy bolýardy.

Ejem nahara çagyrýar, menem tutyny süýşürip, äpişgäniň öňünden böküp düşýärin. Biziň otagymyz örän dardy: diwara degrilip bufet gurlupdy, nahar stolymyz, meniň ýatýan diwanym, geýim üçin şkaf we ejem bilen kakamyň krowady bardy. Mebeliň arasynda äpişgä geçer ýaly dar geçelge galýardy. Biziň maşgalamyz — bu kakam, ejem we mendim. Ertirlerine meni çagalar bagyna alyp gidýärdiler, ejem bilen kakam işe howlugýardylar: ejem mekdepde iňlis dili mugallymdy, kakam bolsa, taslama institutynda inženerdi.

Agşamlyk naharyndan soň ejem stoluň üstüne okuwçylarynyň depderlerini goýup, öý işlerini barlap başlaýardy, kakam ikimiz bolsa, diwanda oturýardyk. Soň kakam maňa Mukaddes Kitap wakalaryny gürrüň berýärdi, çagalar üçin kitaplary okap berýärdi. Men Agniýa Bartonyň towşan we towşan çagalary hakdaky goşgusyny has gowy görýärdim. Onda täze ýyl gijesinde towşanlara erbet aç möjegiň duş gelşi hakda gürrüň berilýärdi:

Täze ýylda kim islär,
möjegiň eline düşmegi?
Towşanjyklar öňe towsup,
arçanyň üstüne bökdüler!

Kakam saklanýar, men bolsa ýüregim bilen doňup galýaryn-da, garaşýaryn: soň näme? Olara ýiti dişli möjekden halas bolmak başartdymyka? Kakam dowam edýär:

On sany towşanjyk
arçada asylşyp, ümsüm...
Möjegi aldadylar!
Sebäbi bu ýanwarda bolupdy:
Möjek dagyň üstünde bezelgi arça
durandyr öýtdi.

Kakamyň Mukaddes Kitap okap, bloknotyna nämedir bir zat ýazýan, ejemiň bolsa, ertirki mekdep gününe taýýarlanyp oturýan stoluň üstündäki çyrasynyň ýagtysynda ýumşak diwanymyň üstünde irkilip oturyşyma, gara bürenen tokaýy, şahalaryň içindäki erbet möjegi göz öňüne getirýärdim... Depäniň üstünde bolsa, çişip duran şahalarynyň içinde towşanjyklar gizlenip oturan äpet arçany göz öňüne getirýärdim.

Ýazda günler uzap başlanda, kakam ikimiz Wladimir depesindäki seýilgähe gidýärdik. Ol ýerde hiňňildikli çagalar meýdançasy bardy. Men ylgap baryp, çagalar bilen oýnaýardym, kakam bolsa, oturgyçda oturyp, žurnal okaýardy. Bir gezek ýazda onuň meniň yzymdan çagalar bagyna barany, elinde-de welosiped — meniň ilkinji welosopedimi alyp barany ýadyma düşýär. Agşamlyk naharyndan soň biz seýilgähe gitdik, ol ýerde kakam maňa welosiped sürmegi öwretdi.

Ejem bilen kakamyň Hudaý baradaky gürrüňleri meniň üçin janly hem hakyky boldy, men dileg etmegi we özümiň çaga mätäçliklerimi Isa ynanmagy öwrendim. Bir gezek çagalar bagyndaky terbiýeçimiz

bize haýsydyr bir wakany gürrüň berip, Hudaýyň ýokdugyny we Oňa ynanmagyň örän akmaklykdygyny aýdanda, men bäş ýaşymdadym. Men: „Näme üçin akmaklykmyş? Meniň ejem bilen kakam-a Hudaýa ynanýarlar“ — diýdim. Ol güldi-de: „Ýok, Nataşa, Hudaý ýok, diňe kekene tomzajygy bar!“ — diýdi. Çagalaryň hemmesem güldüler, menem utandym. Şonda ilkinji gezek: „Näme üçin men beýlekiler ýaly dälkäm?“ — diýip pikir etdim.

Dynç günleri meni enem öýüne alyp gidýärdi. Ol Kiýewiň çetinde ýaşaýardy, ýöne merkezde, biziň ýaşaýan ýerimizde ýaşaýardy. Ol „hakyky enä“ meňzemeýärdi: ýaşdy hem şadyýandy, ol entek elli-de ýaşamandy. Kakam onuň ýekeje ogludy. Enem bütin ömrüne gyzynyň bolmagyny arzuw edipdir, ýöne ir dul galýar-da, bu arzuwy amala aşmaýar. Men doglanymda bolsa, ol maňa „gyzym-agtygym“ diýýärdi.

Enem çagalygyň ýönekeý wakalaryny gyzykly oýunlara, baýramçylyga öwürmegi başarýardy.

— Nataşa, men seniň doglan günüňe ullakan gurjak satyn aldym.

— Dogrudanam? Çaltrak görkezsene!

— Ýok-ýok, çydamaly bolarsyň! 27-nji noýabra çenli ýene iki aý bar. Men ony häzirlikçe iş ýerimde goýdum.

— Ene, gurjak uklaýarmy?

— Elbetde! Eger isleseň, men onuň saçynyň nähilidigini, köýneginiň nähilidigini, gözleriniň nähili reňkdedigini aýdyp biljek.

— Waý, gürrüň beräý-dä!

Enem gürrüň bermäge başlady. Gurjak meniň aňymda janlandy. Men onuň bilen duşuşjak günümi sanadym. Meniň garaşmamyň özünde bagt jemlenendi. Enem ikimiz oňa öňünden at oýlap tapdyk. Men doglan günüm irden oýananymda bolsa, täze gurjak eýýäm ýassygymyň ýanynda durdy.

Hepdäniň ahyrynda enem meniň yzymdan çagalar bagyna gelýärdi, soň ikimiz tramwaýda bir sagatlap onuň öýüne gidýärdik. Tramwaý kän ýöreýärdi, ýygy-ýygydan saklanýardy. Biz äpişgejigiň ýanynda oturýardyk, şonda enem menden çagalar bagy, joralarym we kiçijik Petýajyk hakda soraýardy (jigim men

üç ýarym ýaşymdakam doglupdy). Ýolda biz dynç gününi nähili geçirjekdigimizi çözýärdik: tokaýa ýa-da köle gideris, ýa-da diňe howluda oturyp, çaý içeris, soň enem maňa Müsüriň şa gyzy suwdan alyp çykandan soň, kiçijik Musa näme bolandygyny gürrüň berer.

Meniň çagalar bagynda haýsy täze aýdymy öwrenendigim mydama gyzyklandyrýar, menem şol wagt oňa ýuwaşjadan aýdym aýdyp berýärdim. Men özümi tolgundyrýan zatlaryň hemmesi hakda oňa gürrüň berýärdim: çagalar bagynda oglanjyklar uruşýarlar, Petýa düýn agşam aglady — ol sowuklapdyr, onuň gyzgyny bar. Ýöne esasy zat — maňa onuň bilen Hudaý we kekene hakdaky soragy düşünişmek wajypdy. Men onuň şäheriň çetindäki öýünde bolmagy gowy görýärdim: otaglar giňdi, howluda kän gül bardy, köçäniň gutaran ýerinde tokaý bardy. Mende enemiň ýanyna mydamalyk göçüp geläýsek diýen arzuw bardy.

Dynç günleri çalt geçýärdi, men ýene öýe gaýdyp gelýärin. Biziň kommunal jaýymyzda on maşgala ýaşaýardy, olaryň hersinde bir otag bardy. Girilýän gapy, koridor we aşhana umumydy, hemmeler üçin bir sany hajathana bardy. Aşhanada dört plita bardy, her öý bikesi onuň iki gözüni ulanyp bilýärdi. Nahar bişirip bolanlaryndan soň, olar gazanlaryny we saçlaryny otaglaryna, gap-gaç saklanylýan bufetlerine äkidip goýýardylar. Aşhana kommunal jaýdaky iň köp adamly ýerdi: ol ýerde täzelikler aýdylýardy, pikirler aýdylýardy, ýanan şüle ýa-da gaz plitasynda öz ulanýan gözüni ulanmandygy sebäpli dawalaram az bolmaýardy.

Her dürli goňşy bardy: mylakatlylaram, agyr ýüzlülerem, gykylykçylaram, edeplilerem bardy. Birnäçe maşgalalarda çagalar ulalýardy, ýöne uzyn umumy koridorda bize ylgamaga we oýnamaga rugsat berilmeýärdi. Biziň ýanymyzdaky otagda Emma Dawydowna bilen Semýon Makarowiç ýaşaýardy, olaryň ogullary Dima ýokary klas okuwçysydy. Ejem Emma Dawydowna bilen jora boldy, ýöne olaryň maşgalasy tiz wagtdan aýratyn jaýa göçdüler, ony Semýon Makarowiç iş ýerinden alypdy. Gitmeziniň öň ýanynda Emma Dawydowna bize Dimanyň bir guty oýnawaçlaryny berdi.

Wagtyň geçmegi bilen Petýa ulaldy we köp zada düşünip başlady. Onuň bilen gijelerine oýnamak bolsa, meniň üçin gyzyklydy. Ol ulalyp, kolýaska onuň üçin kiçi bolanda, ejem bilen kakam oňa ýygnalýan krowat satyn aldylar. Gije ony mebeliň arasyndaky geçelgede goýýardylar, soň äpişgäniň ýanyna geçmek mümkin bolmaýardy. Otagymyzdaky darlyk eýýäm çydar ýaly bolmady. Kakam iş ýerinde täze jaý almak üçin nobatda durdy, ýöne onuň möhleti on ýyldan soň gelmelidi. Şonda enemiň öýünde ýanaşyk jaý gurma — iki sany ýatylýan otag gurma kararyna gelindi. Gurluşyk örän haýal gidýärdi. Kakam ony diňe işden soň we diňe zähmet rugsady wagtynda edip bilýärdi.

Petýa çagalykda köp syrkawlaýardy. Ol keselhanada ýatanda, meni çagalar bagyndan kakamyň dosty Wolodýa daýy alýardy. Soň men olaryň öýünde ýatýardym, ejem bilen kakam bolsa, gijara çenli keselhanada Petýanyň ýanynda bolýardylar. Wolodýa daýynyň maşgalasy Gowçarkada, biziň golaýymyzda ýaşaýardy. Olaryň iki çagasy — Lena bilen Witýa bardy. Olar menden azajyk kiçidiler. Biz gijelerine oýnaýardyk, bile surat çekýärdik. Lena ikimiz ýakyn jora bolduk.

Ýekşenbe günleri biziň maşgalamyz Ýamskaýadaky baptist ýygnagyna barýardy. Petýa ikimiz ýygnanyşyga gitmegi gaty gowy görýärdik. Bütin maşgalamyz gowuja geýnip, Günüň şöhlesi düşüp duran köçä çykýardyk-da, tramwaýda gidýärdik. Ýolda beýleki mesihilere duş gelýärdik. Olar ýylgyryp, ejem hem kakam bilen salamlaşýardylar, soň biziň hemmämiz bile ýygnak binasyna barýardyk. Kakam, ejem we enem horda aýdym aýdýardylar, Petýa ikimiz bolsa, şol ýerde olaryň dyzlarynda oturýardyk. Kiçilikden ýygnaklara barmaklyk biziň üçin durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi boldy.

# 2

# DUÝDANSYZ ÖZGERIŞLIKLER

Men birinji synpa giden ýylym, biziň maşgalamyzda köp dürli wakalar bolup geçdi. Bir gün agşam kakam: „Nataşa, mende gaýgyly täzelik bar. Indi Petýa ikiňiz ýygnanyşyga baryp bilmeýärsiňiz — çagalary ýygnanyşyga salmaýarlar. Indi ejeň ikimiz siziň ýanyňyzda galmak üçin gezekli-gezegine öýde galmaly bolarys“ — diýdi. Muny eşitmek gynandyryjy boldy: Petýa ikimiz ýygnanyşyga barmagy gowy görýärdik.

Mekdepde ateistik terbiýe işjeňlik bilen geçirilýärdi. Şol ýylda Ýuriý Gagarin kosmosa uçdy. Mugallym bize uçuş hakda, Älemi özleşdirmekdäki ylmy açyşlar, kosmosa ilkinji bolup sowet adamsynyň uçandygyna biziň guwanmalydygymyz hakda gürrüň berýärdi. „Esasy zat — Ýuriý Gagarin kosmosda hiç hili Hudaýy görmändir! Onuň kosmiki korably göge şeýle bir beýige uçupdyr welin, beýle ýokary entek hiç kimem uçup görmedi. Ýöne ol näçe seretse-de, Hudaýy barybir görmändir. Diýmek, Hudaý ýok, çagalar, şuny ýatda saklaň!“

Okuwyň başlananyna iki aý geçenden soň, bizi oktýabrýatlyga geçmäge taýýarlap başladylar. Mugallym ýüzünde Leniniň suraty bolan gyzyl ýyldyzjygy görkezip, rewolýusiýanyň ýeňen gününde, ýedinji noýabrda, hemmämize şunuň ýaly ýyldyzjygy dakjakdyklaryny düşündirdi. „Ýatda saklaň, çagalar, ýyldyzjyk ýöne bir ýyldyzjyk däl. Ony çep tarapyňyza, mümkin boldugyça ýüregiňize ýakyn edip dakmaly. Bu bolsa, indi Leniniň biziň ýüreklerimizde ýaşajagyny aňladýar“ — diýip, ol belledi.

Bu meni diýseň ünjä goýdy: adamyň ýüreginde Isanyň ýaşap bilýänini men bilýärdim, ýöne Lenin? Bize mekdepde Lenin — onuň çagalary hem haýwanlary nähili gowy görendigi, bütin Sowet Soýuzynyň çagalaryna şeýle bagtly durmuşy sowgat berendigi hakdaky hekaýatlary okap berýärdiler. Mundan başga-da mugallym Leniniň hiç hili Hudaýa ynanmandygyny aýtdy. Men näme üçin öýde Hudaýa ynanmagyň gowy hem dogrudygyny öwredýändiklerine, mekdepde bolsa, düýbünden başga zat aýdýandyklaryna düşünmäge jan edýärdim.

Ejemiň gysgajyk gürrüňlerinden,
çaga aladalarynyň we gaýgylarynyň içinde,
meniň düşünjelerimde
Iň Gowy Hudaý ýaşaýardy.

Dowamly hem gök gyş agşamlarynda,
men Onuň bilen görüşmek isleýärdim!
Gijelerine bolsa, şol duşuşyklar düýşe girýärdi:
olar diýseň ajaýyp düýşlerdi...

Bagtyma çagalykda soraglaryň hemmesi ýönekeýlik bilen çözüldi: men kakamy, ejemi, enemi gowy görýärdim. Eger olar Hudaýyň bardygyna ynanýan bolsalar, diýmek, bu şeýledir. Men özüm Hudaýy çagalyk söýgüsi bilen söýýärdim, Oňa dileg edýärdim, mende Ol babatda hiç hili şübhe döremedi. Meni başga zat bimaza edýärdi: men beýleki çagalar ýaly bolmak hem-de özümiň Hudaýa ynanýanymy mugallymyň bilmezligini isleýärdim. Baýramçylyk nyzamynda bütin synpymyz bilen bilelikde men oktýabrýatlyga geçdim.

Meniň birinji mekdep ýylymda maşgalamyzda şatlykly waka boldy, ýagny kiçijik uýam doguldy, oňa Liza diýip at dakdyk. Indi biz kiçijik otagda bäş adam bolduk. Lizanyň kolýaskasy krowadyň ýanynda zordan ýerleşýärdi. Çaga krowady üçin ýer ýokdy, şonuň üçin ejem diwar bilen özleriniň krowadynyň arasynda gysylyp,

biri-biriniň üstüne goýlan çemodanlaryň üstünde Liza düşek ýazma kararyna geldi. Üstdäki çemodanyň üstüne dört eplenen ýyly ýorgany, prostyn ýazdylar welin, ýumşajyk, ýakymlyja düşek boldy. Ýöne bu wagtlaýyn çykalgady, şonuň üçin kakam kommunal jaýdan çaltrak göçmek üçin gurluşygy tamamlamaga howlukdy.

Bir ýyldan soň biz eýýäm enemiň Soşenkodaky öýünde ýaşap başladyk. Tomus dynç alşy wagtlarynda, bir gezek enem Petýa ikimizi oýnap oturan ýerimiz bolan howludan çagyrdy-da, irräk ýatmak üçin ýuwunmaga gitmegi tabşyrdy. Onuň sözleri garşylyk tupanyny turuzdy:

—Düşege şeýle ir geçmelimi? Entek garaňky-da düşenok!

— Siz gowuja dynç almaly! Ertir irden biz ýygnaga gidýäris.

— Nädip? — diýip, ikimizem deňine ýüzlendik. — Çagalara ýygnaga barmak bolmaýar ahyry! Sen näme ýatdan çykardyňmy, ene?

— Ýok, ýatdan çykaramok. Ýöne indi gitseň bolýar. Çaltrak gidip ýuwunyň!

Ertesi gün hemmämiz ir turduk, ertirlik edindik-de, ýola düşdük. Biz awtobusa, tramwaýa, elektriçka münüp, bir sagatdan gowrak ýöredik. Ahyrsoňy elektriçka tokaýdaky kiçiräk bir stansiýada saklandy.

Elektriçkadan bizden başga-da otuza golaý adam düşdi. Hemmämiz platformadan düşüp, ýodajyk bilen tokaýyň içine gitdik. Biz hemmeler bilen bile barýardyk.

— Ene, biz nirä barýarys? — diýip, men onuň elinden çekdim. — Sen ýygnaga gidýäris diýipdiň-ä. Ýöne Hudaýa ybadat öýi nirede?

Ol ädimini haýallatman jogap berdi:

— Garaş, özüň hemme zada düşünersiň.

Ahyrsoňy biz ullakan açyk meýdana çykdyk. Hemmeler otuň üstünde oturyp başladylar. Men entegem näme bolýanyna düşünmedim.

— Ene, edil şu ýerde ýygnak bolýarmy? Ýöne Hudaýa ybadat öýi nirede? Münber nirede?

Enem ýylgyrdy:

— Şu biziň Hudaýa ybadat öýümiz. Töweregiňe seret, agaçlar edil diwar ýaly bolup dur, otlar biziň polumyz, potolygyň deregine asman bar. Gün şöhle saçyp dur. Ýeljagaz, guşlar saýraşýarlar — eýsem, bu zatlar saňa ýaranokmy?

Men ýene bir gezek töwerege seretdim:

— Ýaraýar... Ýöne şundanam bir ýygnak bolarmy?

Şol wagt açyk meýdanyň ortasynda duran bir garry adam dileg etmek üçin ýerimizden turmagy hemmelere teklip etdi. Soň men ýygnanyşygyň özüme endik bolan atmosferasyna düşdüm — aýdym aýdyldy, wagyz edildi, dileg edildi. Wagyzçylaryň biri-de meniň kakamdy.

Tokaýdaky şol ilkinji ýygnanyşykdan soň, Petýa ikimiz üçin köp zat üýtgedi. Ulularyň edýän gürrüňlerinden biziň maşgalamyzyň durmuşyny düýbünden üýtgetjek nähilidir bir wajyp zadyň bolýandygyna biz düşündik. Kakam tokaýdaky ýygnanyşygy milisiýanyň dargatmagynyň mümkindigini, wagyzçy hökmünde özüni tussag edip, türmä salmaklarynyň mümkindigini düşündirdi. Mundan başga-da, ol kynçylyklaryň diňe ululara däl-de, eýsem, meniň mekdebimde-de başlanmagynyň mümkindigini aýtdy.

„Sen eýýäm dokuz ýaşyňda, sen köp zada düşünip bilýärsiň. Biziň öňki barýan ýygnagymyzda Injil boýunça ýaşama hukugymyzy elimizden aldylar. Petýa ikiňiz bir ýyldan gowurak wagt bäri ýygnanyşyga gelmediňiz — çagalara Hudaýa ybadat öýüne hatda girmegi-de gadagan etdiler. Bu zatlaryň hemmesi ateistleriň basyşy astynda edilýär. Ýöne ýygnak munuň ýaly gadagan etmelere tabyn bolsa, onda ol bize Mesihiň äht eden hakykat ýolundan sowulýar. Seniň ejeň, kakaň hem eneň Rebbi söýýärler we Injil boýunça ýaşamak isleýärler“ — diýip, kakam maňa aýtdy.

Şeýdip, biziň aladasyz çagalygymyz duýdansyz — meniň üçin dokuz ýaşda, Petýa üçin bolsa alty ýaşda tükendi duruberdi. Kiçijik Liza bolsa, kakamyň mydama gijelerine öýde bolup, bize kitap okap berýän, çagalar meýdançasyna alyp gidýän gowy günlerini asla görmedem. Biziň maşgalamyz onlarça ýyllara çeken gazaply yzarlamalar döwrüne gadam basdy.

Tomus gutaryp, 1962-nji ýylyň sentýabry geldi. Biziň tokaýdaky ýygnanyşyklarymyz dowam etdi. Ýygnakda çagalar üçin iş başlamak karar edildi. Soň şenbe günleriniň birinde ejem Petýa ikimizi ilkinji çagalar ýygnanyşygyna alyp gitdi. Ullakan bir otagda bäş ýaşdan on üç ýaşa çenli aralykda ýüze golaý çaga ýygnanan eken. Bize mesihilik aýdymlaryny öwretdiler, Roždestwo baýramçylygy üçin goşgular paýladylar. Mundan başga-da, bizi ýaşymyz boýunça toparlara böljekdiklerini, her toparda hepdede bir gezek çagalar ýygnanyşyklarynyň boljakdygyny aýtdylar. Şonuň üçin bizden ýerimizden turup, adymyzy hem ýaşymyzy aýtmagymyzy haýyş etdiler.

Oktýabrda „Agşamky Kiýew“ gazetinde mesihilere garşy ullakan makala çykdy. Onda meniň ejem bilen kakamyň hem atlary agzalypdy. Ertesi gün mekdepde birinji sagatda Lýudmila Alekseýewna ilki durmuş adamlarynyň durmuşy, olaryň endikleri we dini düşünjeleri hakda gürrüň berdi. Birden ol:

„Çagalar, göz öňüne getirip bir görüň, biziň synpymyzda-da, ilki durmuş döwründäki adamlar ýaly, Hudaýa ynanýan gyz bar!“ — diýdi. Kimdir biri kikirdedi. Mugallym sözüni dowam etdi:

„Hudaýyň ýoklugyny ylym subut etdi, şonuň üçin bütin adamzat ösüşi dini galyndylary bireýýäm ret etdi. Ýöne käwagt, hatda biziň günlerimizde-de, dine aklyny aldyran adamlar duş gelýär. Sowet mekdebi öz okuwçylarynyň arasynda beýle zadyň bolmagyna çydam etmez. Şonuň ýalylary täzeden terbiýelemek üçin biz ähli tagallalary ederis!“

Lýudmila Alekseýewna okuwçylara köpmanyly seretdi. Howsalaly ümsümlik boldy, hemmeler soň näme boljakdygyna garaşdylar. „Nataşa Wins — diýip, mugallym maňa ýüzlendi. — Tagta çyk-da, synpyň öňünde dur we ýoldaşlaryňa jogap ber: seniň Hudaýa ynanýanyň çynmy?“ Meniň içimdäki zatlaryň hemmesi sowady: men özümi zäherlenen haýwan ýaly duýdum. Partanyň

aşagyna gizlenmek, howada gaýyp bolmak, synpdan ýitip gitmek isledim... Mugallym berk talap edijilik bilen gaýtalady: „Sen näme üçin çykaňok?“ Men tagta çykdym-da, synpa tarap öwrüldim. Hemmeler dartgynly garaşdylar. Men ýuwaşjadan: „Hawa, men Hudaýa ynanýaryn“ — diýdim.

Mugallym gaharly ýüzlendi: „Sen näme sowatsyzmy?! Ýuriý Gagariniň kosmosa uçandan soň aýdan zadyny okamadyňmy? Sen eýýäm üçünji synpda okaýarsyň! Sowet hökümeti çagalara dünýädäki iň gowy bilimi bermek üçin ähli tagallalary edýär, inede, saňa gerek bolsa munuň netijesi — biziň mekdebimizde dini sekta gatnaşýan gyz okaýar. Nähili masgaraçylyk! Häziriň özünde mekdep müdiriniň otagyna bar. Galina Kirillowna seniň bilen gürleşmek isleýär“.

Men synp otagyndan çykyp, koridor bilen haýaljakdan ýöräp gitdim. Men gorkýardym.. Mekdep müdiri bilen gürleşmäge biziň synpymyzdan iň garagol oglanlary çagyrýardylar, gyzlary bolsa hiç haçan çagyrmaýardylar, men gyzlardan ilkinjisidim. Mekdep müdiri maňa näme diýer, men oňa näme jogap bereýin? Enemiň maňa öwredişi ýaly, men içimden dileg etdim: „Isa, maňa kömek et! Nähili bolmalydygyny maňa öwret!“ — diýip, otagyň gapysyny kakdym.

— Giriberiň! — diýip, Galina Kirillownanyň gödek sesi eşidildi. Men girdim. Ol otagda ýeke däldi. Ol ýerde okuw müdiri Walentina Anatolýewna otyrdy.

— Sen — Nataşa Winsmi? — diýip, mekdep müdiri maňa agraslyk bilen seretdi. — Geç, bu oturgyçda otur. Men seniň bilen „Agşamky Kiýew“ gazetindäki makala hakda gürrüň etmek isleýärin. Siz gazete ýazylýarsyňyzmy? Seniň ene-ataň onuň düýnki sanyny okadylarmy?

— Hawa, okadylar.

— Diýmek, seniň ene-ataň sektantlardygy dogry-da?

— Meniň ejem bilen kakam mesihi.

— Senem Hudaýa ynanýarsyňmy?

— Hawa.

— Siz oňa serediň-ä, Walentina Anatolýewna! Dokuz ýaşynda eýýäm barypýatan sektant! Nataşa, ýatda sakla, seniň biziň mekdebimizi masgara etmegiňe ýol bermeris. Seni täzeden terbiýeläris. Walentina Anatolýewna, Nataşa bilen ateistik gürrüşdeşliklere başlamagy size tabşyrýaryn. Islän wagtyňyzda ony sapakdan alyň. Boldy, synpyňa gidip bilersiň!

Men ol ýerden çykdym. Eýýäm arakesme başlanypdy-da, koridor ala gohdy. Men äpişgäniň öňünde saklandym. Men indi synp otagyna nädip baraýyn — çagalar näme diýerler? Sapakda mugallymyň aýdan sözlerinden, üstesine-de mekdep müdiri çagyranyndan soň, bir partada meniň bilen oturýan Tanýa bir meniň bilen gürleşermikä? Sakaplar gutarýança äpişgäniň öňünde durup bilmeýärsiň, şonuň üçin men synp otagy tarapa gitdim.

Maňa ilki bolup, Alik duş geldi. Ol entek uzakdaka gygyrdy: „Hä, Wins! Ýeri nätdi, müdirden almytyňy aldyňmy? Bular hiç-le! Meni onuň otagyna eýýäm ýüz gezek alyp bardylar! Diňe şondan soň ejeňi mekdebe çagyrýanlary erbet! Indi seniňem ejeňi çagyrarlar!“ Soň ol ylgap gitdi. Men synp otagyna jaňda girdim, hemmeler uly goh bilen oturdylar. Tanýa maňa başyny atdy. Matematika sapagy başlandy. Mugallym men tarapa seretmedem.

Öýde men mekdepdäki kynçylyklarym hakda eneme gürrüň berdim. Ol meni ünsli diňledi-de: „Ine, indi seniňem Hudaýa bolan ynamyň zerarly jogap bermeli wagtyň geldi. Bu zatlar, gyzjagazym, örän ýönekeý däldir, men muny bilýärin. Seniň ataň Petýa imany sebäpli türmede öldi, meniňem ýaşlygym aňsat bolmady. Seniň kakaňyň çagalygy agyr geçdi. Indi bolsa, seniň gezegiň. Ýöne ruhdan düşme, Hudaýyň kömegi bilen döz geleris! Sen bu kynçylyklary ýeke çekmeli bolmarsyň, seniň ýakynlaryň bar“ — diýdi. Enem dileg etmegi teklip etdi. Biz dyza çöküp dileg edip ýerimizden turanymyzda, ýüregimde eýýäm agyrlygam, gorkam ýokdy.

„Agşamky Kiýew“ gazetindäki makaladan soň, ejemi işden boşatdylar, kakamyň wezipesini peseltdiler-de, derejeli inženerlikden ýönekeý adatysyna geçirdiler. Meni mekdepde hepdede iki-üç gezek

Walentina Anatolýewnanyň otagyna çagyrdylar, soň ol meniň bilen ateistik temada söhbetdeşlik geçirdi. Ol örän gaharjaňdy, şonuň üçin eger meniň jogaplarym ony kanagatlandyrmasa, maňa gygyrýardy. Başda her gezek onuň otagyna çagyranlarynda gorkýardym, ýöne wagtyň geçmegi bilen men ol çagyrmalara we onuň sesine öwrenişdim.

Oktýabr baýramçylygy golaýlap gelýärdi, şol mynasybetli biziň synpymyzda birnäçe okuwçyny pionerlige geçirmelidiler. Mugallym okuw ýylynyň ahyrynda, ýagny maýda, bütin synpyň pionerlige geçjekdigini, häzirlikçe diňe on okuwçynyň geçmelidigini, olary synpdaşlarynyň saýlamalydygyny aýtdy. „Çagalar, pionerlige ilkinji bolup geçýänlere biziň kollektiwimiz aýratyn hormat goýýar, gowuja pikirleniň-de, ýoldaşlaryňyzyň arasyndan iň mynasyplarynyň, iň işjeňleriniň we gowy okaýanlaryň atlaryny aýdyň“ — diýip, ol aýtdy. Garaşylmadyk ýagdaýda ilkinjileriň arasynda meniňem adymy aýtdylar. Men diýseň haýran galdym: men mesihidim ahyry, meniň bütin mekdep üçin masgaraçylyk tegmilidigimi mugallym synpyň öňünde ençe gezek gaýtalady. Indi näme, men iň mynasyplaryň hem gowy okaýanlaryň hataryndamy?! Meni haýran galdyran zat mugallymyň meniň adyma garşy çykman, gaýtam, ony gyzgyn goldandygydy. „Dogry, çagalar! Nataşa ýaş leninçileriň hataryna girende, gyzyl galstugy masgara edip bilmez-de, özüniň yzagalak dini pikirlerinden el çeker. Geliň ses bereliň!“

Hemmeler agzybirlik bilen ses berdiler. Lýudmila Alekseýewna maňa ýüzlenip:

— Nataşa, synp saňa uly ynam bildirdi, şunuň gadryny bil — diýdi. — Çagalar ýene kimi teklip edýärsiňiz?

Men elimi galdyrdym.

— Nataşa, sen kimi teklip etmek isleýärsiň?

Men ýuwaşjadan:

— Lýudmila Alekseýewna, men pionerlige geçip biljek däl — diýdim.

— Näme?! — mugallymyň sesi gykylyga geçdi. — Sen näme diýýäniňe düşünýärsiňmi? Bu bütin synp üçin äsgermezçilik

bolýar — saňa şeýle hormat goýuldy! Seniň sektant geçmişiňe garamazdan, ýoldaşlaryň saňa ynam bildirdiler! Senem muňa tüýkürýärsiňmi?!

Ol dymdy-da, maňa diňe ýigrenç bilen seretdi. Men entegem öz partamyň ýanynda durdum. Kelleleriň hemmesi men tarapa öwrüldi. Ahyrsoňy mugallym anygyna ýetmegi makul bildi:

— Ýeri, bolýar, näme üçin sen pionerlige geçip biljek däl?

— Lýudmila Alekseýewna, siz bize ýaş leninçileriň dine garşy göreşmelidigini aýdýan Ustawyny okap berdiňiz. Men beýle edip biljek däl, sebäbi men mesihi.

Mugallym meniň sözümi böldi:

— Besdir! Seniň mesihidigiňi biz eýýäm ýüz gezek eşitdik. Diýmek, sen pioner bolmakdan ýüz öwürýärsiň-dä? Çagalar, onuň näme diýenini eşitdiňizmi?

Synp tolgunmaly wagyrdady. Lýudmila Alekseýewna dowam etdi:

— Biziň synpymyzyň abraýyny dökýäniň seni gyzyklandyranokmy? Indi biz ähli mekdep ýaryşlarynda soňky orunda bolmalymy? Hemmesem seniň akmak kejirligiň sebäpli! Irde-giçde sen barybir hiç hili Hudaýyň ýoklugyna düşünersiň, Oňa ynanmaklyk diňe sowatsyzlar üçindir!

Jaň kakyldy, mugallym synp otagyndan çykdy. Çagalar menden çekildiler. Hemmeler, aýratynam, oglanlar maňa gaharlydylar. Olaryň hersi, biri-biriniň sözüni bölüp, bir zat diýip gygyrýardy. Kimdir biri meniň saçymdan çekdi. Men agladym. „Aglak gözýaş dökýär! Ine, sapak gutaranda daşary çykanda mundanam beteri bolar! Synpymyzy nädip masgaralamalydygyny biz saňa görkezeris!“

# 3

# ROŽDESTWO

Öýde men mydama duýgudaşlyk we goldaw görýärdim. Ejem mekdebe baryp, meniň mugallymym, mekdep müdiri bilen gürleşip, meni günüme goýmaklaryny, basyş etmezliklerini, meni şol durşuma — mesihi maşgalanyň gyzy hökmünde kabul etmeklerini haýyş etdi. Ýöne jogap hökmünde pedagoglaryň onuň „öz çagasyny parçalaýan enedigi“ hakdaky gaharly joşgunly sözlerini eşitdi. Meniň bilen gürleşmekde ýumşaklygyň bolmagy hakda hiç hili-de gürrüň bolup bilmez.

Dekabryň başlarynda biziň öýümize komissiýa geldi. Ol meniň mugallymymdan, okuw müdirinden we etrap wekilinden ybaratdy. Olar agşam, maşgalamyz naharlanyp otyrka, duýdansyz geldiler. Olar özlerini tanyşdyryp, näme maksat bilen gelendiklerini düşündirdiler. Meniň bilen birnäçe gezek söhbetdeşlik geçireninden soň, okuw müdiri etrap bilim bölümine resmi netije çykaryp: „Çaga täzeden terbiýelenmä tabyn bolmaýar, şonuň üçin mekdebiň pedagogiki kollektiwi ýokarky guramalaryň çäre görmegini haýyş edýär“ diýip hat ýazdy. Netijede Winsleri ene-atalyk hukugyndan mahrum etmek hakda iş gozgama kararyna gelindi. Komissiýa ýaşaýyş şertlerimizi barlama maksady bilen geldi.

Olar, şeýle hem, meseläniň diňe men hakda däl-de, eýsem, alty ýaşly Petýany-da, iki ýaşly Lizany-da çagalar öýüne ýerleşdirmek hakdadygyny-da aýtdy. Komissiýa gidenden soň bizi gorkunç hasrat gurşap aldy. Kiçijik Liza eýýäm uklapdy. Kakam Petýa

ikimizi berk gujaklady-da, bagryna basdy, hemmämiz agladyk. Soň biz dyza çökdük. Ulularam, kiçilerem dileg etdik-de, Rebden bizi goramagyny haýyş etdik. Bu täzeligiň çagalar bolan biz üçin nähili urgy bolanyna düşünýärdiler, şonuň üçin özleriniň howsalasyny gizlemäge çalyşýardylar.

Enem derrew işiň hereketli tarapyna geçdi: „Nataşa, Petýa, ünslüje diňläň, biz hemme zada taýýar bolmalydyrys. Adatça şunuň ýaly ýagdaýlarda çagalary alyp, başga şäherlerdäki internatlara alyp gidýärler. Bir mesihi maşgaladan bolan çagalary bir ýerde goýmaýarlar. Çagalary nirä alyp gidendiklerini ene-atasyndan berk gizleýärler. Siz öýe hat ýazyp biläýeniňizde-de, biz ony alyp bilmeýäris, sebäbi biziň salgymyza gelýän her bir haty milli howpsuzlyk komiteti barlaýar. Şonuň üçin siz öz jaýyňyzdaky goňşyňyz Emma Dawydownanyň salgysyny ýatda saklamaly bolarsyňyz. Soň ilkinji mümkinçilik bolan badyna, özüňizi nirä alyp gidendiklerini şonuň salgysyna habar berersiňiz“.

Şol gije men ýatyp bilmedim-de: „Indi näme bolarka? Men ejemsiz we kakamsyz, enemsiz, Petýasyz we Lizasyz nädip ýaşaryn? Internatda hemme nätanyş adamlar bolýar, öýe-de goýbermeýärler. Gaçybam bolmaýar! Bu faraonyň Ýusuby salan türmesi ýaly bir zat. Ýöne Ýusuba Hudaý kömek etdi! Ol ony boşatdy! Maňa-da gorkmak gerek däl, Isa gorar“ — diýip pikir etdim. Şu pikirler bilenem uklap galypdyryn.

Ertesi gün okuw müdiri meni öz otagyna çagyrdy.

— Nataşa, biziň siziň öýüňize nähili mesele bilen baranymyzy ejeň-kakaň saňa aýtdylarmy?

— Hawa, Walentina Anatolýewna.

— Ine, şeýle, eger sen pionerlige geçseň, bu zatlaryň hijisem bolmaýar — sen öýüňde ene-ataň, jigileriň bilen galarsyň. Sen pionerlige geçäýseň nädýär? Belki, ene-ataň rugsat edýän däldir? Şeýle bolsa, sen mekdepde galstuk dakyp, öýüňe gitjek wagtyň, ony Lýudmila Alekseýewnanyň stolynyň çekmesinde goýup bilersiň. Bar, synpyňa bar-da, hemme zat hakda gowuja pikirlen!

Men synpyma gaýdyp bardym-da, öz ýerimde oturdym. Rus dili sapagy gidip durdy, mugallym çekimsiz harplaryň kadasyny düşündirýärdi, ýöne men özümiňki hakda pikir edýärdim: „Indi men näme etsemkäm? Men ene-atamyň gadagan edýäni üçin pioner bolman galmadym. Munuň Hudaýa ynanybam, dileg edibem — dine garşy göreşmegi wada edip, pionerlige geçmegiň mümkin däldigini özüm görýärin. Bu ikiýüzlülik etmegi aňladýardy. Men beýle edip bilmeýärdim!“

Gyşky dynç alyş wagty — sankileri, lyžalary, Roždestwo baýramyna taýýarlyklar bilen geldi. Öýde arça goýduk, enem bilen ejem baýramçylyga taýýarlyk görüp köke bişirdiler, nahar taýýarladylar, kökäniň ysy öýi tutdy. Enem her gün Petýa ikimiziň Lukanyň Hoş Habarynyň ikinji babyndaky roždestwo wakalaryny gowy öwrenen öwrenmänimizi barlaýardy.

Ine-de, çagalar baýramçylygy gelip ýetdi. Ullakan otagda äpet arça durdy, burçda Beýtullaham ýyldyzy ýagty saçyp durdy, potolokdan kagyz garjagazlar sallanyşyp durdy. Çagalaryň hemmesi bezenendi, şadyýandy. Men şeýle mukdardaky mesihi çagalary görüp begenýärdim! Mekdepde men mydama özümiň beýlekileriň hemmesinden nähili güýçli tapawutlanýanymy duýýardym. Biziň synpymyzda 30 okuwçy bardy, şolardan diňe men mesihidim. Mekdepde mesihiler maşgalasyndan ýene bir oglanjyk okaýardy, ol menden üç ýaş kiçidi. Ýöne biziň synp otaglarymyz dürli gatlardady, şonuň üçin biz arakesmelerde seýrek duşuşýardyk.

Bu ýerde bolsa, nirä seretseň mesihiler!

Ýefim Timofeýewiç, ýygnagymyzyň ruhanysy Merýem bilen Ýusup hakda, olara Beýtullaham myhmanhanasynda ýeriň bolmandygy hakda wagyz etdi. Biz „Asuda gijäni“ we beýleki roždestwo aýdymlaryny aýtdyk, çagalar goşgy aýdyp berdiler. Petýa ikimizem öňe çykyp, Lukanyň Hoş Habaryndan öwrenen parçamyzy

gürrüň berdik. Baýramçylygyň ahyrynda bize sowgatlar berdiler. Hemme zat tamamlanyp, paltolarymyzy geýip başlanymyzda, meniň ýanyma baýramçylygyň ýolbaşçylarynyň biri geldi. Ol 20 ýaşyndady, ady-da Maşady, ol örän owadandy hem mähirlidi!

„Nataşa, sişenbe güni agşam sagat 6-da çagalar toparynyň birinji duşuşygy bolýar. Men seniň mugallymyň bolýaryn. Gal!“ — diýip, ol aýtdy.

Sişenbe güni agşamlyk biz Saşanyň öýüne ýygnanyşdyk. Men onuň bilen çagalar arçasynda tanyşypdym. Saşanyň ejesi bizi gapyda garşy aldy-da, paltomyzy hem papagymyzy çykardy we otaga alyp bardy. Hemmeler gelenden soň, Maşa gitarany alyp, çagalar aýdymlarynyň birnäçesini aýtmagy teklip etdi. Soň ol Hudaýyň Kimdigi we Onuň biziň ýaşaýan dünýämizi nädip döredendigi baradaky sapagy geçip başlady. Ol Gelip çykyş kitabynyň birinji babyny okady, ony bize düşündirdi we soraglar berdi. Ilki biz çekindik, sebäbi biri-birimizi entek köp tanamaýardyk, ýöne kem-kemden bu ýagdaý geçdi-de, hemmämiz sapagyň temasynyň ara alnyp maslahatlaşylmasyna işjeň gatnaşdyk.

Soňunda Maşa: „Häzir biz dileg ederis, ýöne ondan öňde men bir wajyp meselä degip geçjek. Siziň hemmäňizem mekdebe barýarsyňyz, ateist mugallymlaram sizi Hudaýyň ýoklugyna ynandyrjak bolýarlar. Belki, olar Hudaý hakda soraglar berýändirler, sizem olara jogap berip bilýän dälsiňiz. Geliň, indiki gezek şondan başlalyň. Siz mekdepde kimde nähili kynçylygyň bardygyny gürrüň berersiňiz. Biz biri-birimiz üçin dileg ederis we mugallymlarymyzyň kyn soraglaryna jogap tapmaga çalşarys. Indi bolsa, biz özümiziň çagalar ýygnanyşygymyz üçin minnetdarlyk bildireris we dargaşarys“ — diýdi.

Dileg edip bolanymyzdan soň, Maşa: „Koridorda geýnen wagtyňyzda ses etmejek boluň, daşary-da hemmäňiz birden çykmaň. Biz seresaplygy saklamalydyrys, biziň nähili döwürde ýaşaýanymyza siz düşünýärsiňiz ahyry“ — diýip duýdurdy. Biz öýe golaýymyzda ýaşaýan iki sany gyz bilen gaýdyp geldik. Ejelerimiz awtobusda özlerine degişli bir zat hakda gürrüň edýärdiler, biz bolsa, bizi-birimize özümiziň çagalyk „syrlarymyzy“ aýdýardyk.

Gyşky dynç alyş gutardy. Mekdepde ýene-de okuw müdiriniň otagyna çagyrmalar we tizara sud bolup, ejem bilen kakamy ene-atalyk hukugyndan mahrum etjekdikleri, meni bolsa, internata äkitjekdikleri baradaky haýbatlar başlandy. Men öýe köplenç aglap gelýärdim. Şonda enem hereket etme kararyna geldi: döwlet işgärlerine Moskwa ýerli häkimiýete biziň maşgalamyzy zäherlemegi bes etmäge görkezme bermeklerini haýyş edilip arza ýazyldy. Ejem bilen kakam hem, beýleki şäherdäki mesihilere özleriniň çagalaryny ellerinden aljak bolýandyklaryny habar berdiler, soň köpler biziň üçin Hudaýa doga etdiler.

Enem bolsa maňa: „Gaýgy etme, Reb kömek eder we gorar. Ýöne hatda sud bolup, seni alyp gidenlerinde-de, sen Emma Dawydownanyň salgysyny bilýärsiň. Internatyň salgysyny habar berersiň, menem şol şähere baryp, siziň internatyňyza tam süpüriji bolup işe girerin. Ikimiz biri-birimizi tanaýanymyzy bildirmeris! Sen meniň pol ýuwup duran koridorymdan geçeniňde, biri-birimize ýylgyryp serederis, käwagt hem, bir-iki söz aýdyşarys. Şonda sen özüňiň ýeke däldigiňi, eneňiň ýanyňdadygyny bilersiň!“ — diýdi. Bu gürrüň meni ruhlandyrdy, şonuň üçin indi beýle ruhdan düşemokdym.

Indiki çagalar ýygnanyşygynda, Maşanyň söz berşi ýaly, biz mekdepde kimde nähili kynçylygyň bardygy hakda gürrüň etdik. Saşa mugallymynyň ony pionerlige geçmäge mejbur edenini, sapakdan soň köp gezekler alyp galanyny gürrüň berdi. Bir gezek pionerlige kabul edilmeziniň bir gün öňünden onuň mugallymy:

— Saşa kejirligiňi bes et! Saňa näme, ertir galstuk getirip, beýleki çagalar ýaly bolmak kynmy? Belki, ejeň galstuk almaga saňa pul berýän däldir? Mekdep saňa şol puly berip biler — diýipdir.

Saşa:

— Ýok, gep pulda däl. Bolýar, ertir men galstuk getirerin — diýipdir.

Mugallym begenip, ony öýüne goýberipdir. Ertesi gün ol onuň partasynyň ýanyna baryp:

— Ýeri, Saşa, galstuk getirdiňmi? — diýip sorapdyr.

Saşa sesini çykarman, portfelini açyp, kakasynyň galstugyny çykarypdyr.

Mugallymy oňa gygyryp başlapdyr:

— Sen nädip beýdip bildiň? Ýalançy!

Saşa:

— Men hiç hilem ýalançy däl. Siz menden mekdebe galstuk getirmegimi soradyňyz, ine, menem ony getirdim, ýöne men size pionerlige geçmäge söz bermedim-ä — diýipdir.

Biziň hemmämiz onuň gürrüňinden soň şeýle şatlykly güldük welin, Maşa bizi zordan köşeşdirdi. Ondan soň özüniň mekdepdäki wakalary hakda Lena gürrüň berdi. Onuň synpynda mugallymy kosmonawtlaryň uçuşlary hakda we olaryň Hudaýy görmändikleri hakda gürrüň beripdir. Soň ol Lena ýüzlenip: „Ine, sen bolsa Hudaýyň bardygyny aýdýarsyň. Beýle bolsa, kosmonawtlar näme üçin Ony görmändirler?“ — diýipdir. Lena: „Mukaddes Kitapda Hudaýy diňe ýürekleri arassa adamlaryň görüp bilýändikleri ýazylypdyr. Diýmek, olaryň ýürekleri arassa däldir!“ — diýip jogap beripdir.

Biziň her birimizde paýlaşar ýaly zadymyz bardy. Menem özümiň mekdep işlerim we meni internata alyp gitjek bolýandyklary hakda gürrüň berdim. Soňunda hemmämiz dyza çöküp, biri-birimiz üçin dileg etdik. Göwnüme men dogumlanan ýaly boldum: diýmek, men, okuw müdiriniň aýdyşy ýaly, „bütin mekdepdäki ýeke-täk birgeňsi çaga“ däl ekenim. Bu otaga ýygnanyşan deň-duşlarym men ýaly, Isa Mesihe ynanýarlar! Edil meniňki ýaly kynçylyklary başdan geçirýärler — ateistik mekdepde hemmämize-de aňsat däl eken. Çagalar ýygnanyşyklary meniň durmuş sahypamda täze sahypalary açdy.

# 4

# ILKINJI ÖÝ DÖKME

Ýazda, ýekşenbeleriň birinde, tokaýdaky ýygnanyşygymyz tamamlanyp barýarka, agaçlaryň aňyrsyndan garaşylmadyk ýagdaýda milisiýa işgärleri görnüp başlady.

Olar biziň daşymyzy gurşap aldylar, soň: „Dargaň! Bu bikanun ýygnanyşyk! Kim bu ýerde ýolbaşçy?!“ — diýen sesler eşidilip başlandy. Milisiýa orta geçip başlady, şol wagt ol ýerde hor aýdym aýdyp durdy. Mesihiler hordakylaryň daşyna berk halka bolup aýlandylar-da, olaryň tussag edilmegine ýol bermezlige çalyşdylar. Ýöne milisiýa işgärleri hemmeleri iteklediler, ýaşlaryň ellerini döwere getirip, milisiýa ulagy tarapa süýräp alyp gitdiler.

Ertesi gün kakam işden gelenden soň, eger indiki gezek ýygnagy kowanda, çagalary hem alyp gitseler, onda sorag edilende özümizi nähili alyp barmalydygymyzy bize düşündirmegi makul bildi. Ol mundan gorkmaly däldigini, ýöne hiç kimiň adyny aýtmaly däldigini, sebäbi biriniň ady tutulsa, şol adamy tussag etmekleriniň mümkindigini aýtdy. „Mysal üçin, eger sizden çagalar ýygnagyna barýanmydygyňyzy sorasalar, sizem Maşanyň ýa-da Weranyň adyny aýtsaňyz, onda olary birnäçe ýyllyk türmä salýarlar. Şonuň üçin gowusy derňewçiniň hiç bir soragyna jogap bermezlik. Isa-da Pilatusyň öňünde sorag edilende, şeýle etdi. Ol bize şol göreldäni görkezdi“ — diýip, ol aýtdy.

Indi ýygnaklar uly seresaplylyk bilen bellenilýärdi. Onuň boljak ýerini öňünden diňe iki ýa-da üç adam bilýärdi. Galanlaryň hemmesi bellenilen wagtda awtobus duralgasyna ýa-da şäheriň golaýyndaky

wokzala gelýärdiler-de, şol ýerde nirä gitmelidigini bilýärdiler. Ýekşenbe ýygnanyşyklary birazajyk wagtlap asudalykda geçdi, soň ýene milisiýanyň çozuşy boldy. Mesihiler şonda 150 adam bolup ýygnanypdy. Ýygnagyň ahyrynda kakam wagyz edip durdy.

Milisiýa gelen wagtynda, hemmeler dyza çöküp dileg edip durdy. Milisiýa işgärleri mesihilere topulyp, itekleşdirip başladylar-da, wagyzçylaryň duran ýerine geçdiler. Petýa ikimiz gaty gorkduk-da, eneme gysyldyk, ol hem bizi köşeşdirmäge çalyşdy. Biz kakamy gaýgy etdik, sebäbi ol iň güýçli tutluşyk bolan ýerde öňde durdy. (Ejem kiçijik Liza bilen şol gün öýde galypdy).

Netijede 19 adam tussag edildi. Olary türmä alyp gitdiler. Olaryň bäşisine, şol sanda kakama-da, on bäş gije-gündiz jeza berdiler. Sorag edilende kakama oňa jenaýat işiniň açylanyny, indiki gezekde on bäş gije-gündiz bilen saplanmajakdygyny aýdypdyrlar. Kakam ol ýerden boşap, işe baranda, başlygy oňa işden çykmagy teklip edipdir. Şeýdip, ol işsiz galdy. Tizara biz kakamdan aýra düşmeli bolduk. Ýygnagymyzyň wagyzçylary yzarlanylýan ýygnagyň içinden bütinsoýuz gullugy üçin kakamy teklip edipdirler, şeýdibem, tussag edilerine garaşman, onuň Kiýewden gitmegi karar edildi. Indi kakam başga şäherlerde mesihileriň öýlerinde ýaşamaga hem-de „gizlin ýagdaýda“ bolup, gullugyny alyp barmaga mejbur bolupdy.

Tomsuň ahyrynda „Agşamky Kiýew“ gazetinde tokaýdaky ýygnanyşygyň dargadylyşy hakdaky ullakan makala çykdy, şonuň üçin sentýabrda täze okuw ýyly başlananda, mekdepde maňa täze kynçylyklar garaşyp durdy. Petýa eýýäm ýedi ýaşapdy, şonuň üçin ol birinji synpa gitdi, ýöne ejem bilen kakam ony başga, öýümiziň golaýyndaky mekdebe berme kararyna gelipdiler, sebäbi olar meniň mugallymlarymyň mesihilere bolan ters garaýyşlaryny görüpdiler.

Şonda Petýa ikimiz köp zady — tokaýdaky ýygnanyşygy, ilkinji çagalar ýygnanyşygy, milisiýanyň ilkinji hüjümini we ýygnagy dargadyşyny, kakasyz ýaşan ilkinji aýlarymyzy, ilkinji

öý dökülmänem — ilkinji gezek başdan geçiripdik. Biz ulalýançak milisiýanyň we KGB-nyň işgärleri biziň öýümizi dökmek üçin köp gezek okdurylyp giripdi, ýöne has kiçijiklikde gören ilkinjisi ýatda has gowy galypdy.

Giç agşam, biziň hemmämiz ýatanymyzdan soň, gapynyň jaňy basyldy-da, gapy gaty kakyldy: „Açyň! Milisiýa!“ Içeri 15 adam okdurylyp girdi, birnäçe adam milisiýa geýmindedi, galanlary bolsa, ştat geýmindedi — olar KGB-nyňkylardy. Men adaty bolmadyk sese oýandym. Şol pursatda enem meniň üstüme eglip howsalaly: „Öý dökýärler! Krowatdan turmajak bol — Mukaddes Kitaby sakla!“ — diýdi. Şeýdip, ol meniň düşegimiň aşagyna biziň maşgala Mukaddes Kitabymyzy sokdy.

Çagalar otagyna alyp barýan basgançakda eýýäm milisiýa işgärleriniň ädikleriniň sesleri eşidilip başlapdy. Kiçijik Liza aglady. Enem onuň krowadynyň ýanyna bardy. Men gaty gorkdum. Men olar Mukaddes Kitaby taparlar, soň olar meni näme ederkäler diýip gorkdum. Birinji milisioner içeri girdi, onuň yzyndan ýene ikisi girdi. Enem garşylyk görkezmäge çalşyp: „Edýäniňiz näme? Çagalary oýarmak nämä gerek? Stoluň üstündäki çyrany ýaksaňyzam bolýar!“ — diýdi. Milisioner: „Edilmeli zady edýäris!“ — diýip, gödek jogap berdi. Petýa öz krowadynda gözlerini owkalap otyrdy. Liza entegem aglaýardy, şonuň üçin enem ony eline aldy. Men gorkup ýatyrdym-da, milisionerlere seredýärdim.

Öýi barlamaklyk birnäçe sagatlap dowam etdi. Şkaflardaky ähli eşikleri pola okladylar, aşhanadaky pitileriň hemmesiniň içlerine seretdiler, ýarmalary hem şekeri dökdüler. Hatda, näme üçindir, ütügi-de söküp gördüler. Ýöne olary aýratynam kitaplar gyzyklandyrdy, şonuň üçin olaryň, hatda Petýa ikimiziň mekdep kitaplarymyzyň hem depderlerimiziň her bir sahypasyny-da, açyp gördüler. Maşgala suratlarymyzy, şahsy hatlarymyzy, garyndaşlarymyzyň hem dostlarymyzyň salgylaryny, mesihi aýdymlarynyň ýygyndysyny aldylar. Bizi, çagalary, ýerlerimizden turuzdylar, şonda meniň düşegimiň aşagyndaky Mukaddes Kitaby-da tapdylar. Elimizden alynmaly zatlaryň hemmesini stoluň üstüne

goýdular, şol ýerde hem, hökümet wekilleriniň biri öý dökmäniň beýanyny ýazyp otyrdy. Olar daňa golaý gitdiler. Şondan soň, biziň maşgalamyzda onlarça gezek öý döküldi, şonda biz birinji gezekki öý dökülmäniň iň gorkunjy däl ekendigine göz ýetirdik.

Bu okuw ýylynda rewolýusiýa baýramçylygyna öňünden taýýarlanyp başladylar. Mekdep baýramçylygy üçin biziň synpymyza gahryman pionerler hakda doklad taýýarlamagy tabşyrdylar. Kimiň haýsy doklady taýýarlamalydygyny mugallymyň özi paýlady, maňa Pawlik Morozow düşdi. Men onuň taryhyny gaty gowy bilýärdim. Ol öz kakasynyň kolhoza dänesiniň diňe bir bölegini berendigini, galanyny bolsa, maşgala açlykdan ölmez ýaly, ýazda ekmäge tohum bolar ýaly, gizläp goýanyny hökümet wekillerine aýdýar. Onuň öýüni barlamaga gelenlerinde bolsa, Pawlik dänäniň gizlenen ýerini görkezýär. Netijede gallanyň hemmesini alyp gidýärler, onuň kakasyny türmä äkidýärler, Pawligi bolsa, kakasyny satany üçin goňşulary öldürýär.

Pawlik Morozow hakdaky doklady maňa ýöne ýere bermändiklerine men gowy düşünýärdim. Eger men onuň hereketine görelde alarlykly diýsem, onda menden oňa öýkünmekligi talap etjekdiler. Kakamy satmaklyk, oňa dönüklik etmek meniň üçin bolup biljek zat däldi! Pawlik Morozowyň hereketlerini menem goldamaýaryn. Ony öldürenlerine gynansam-da, men ony öz gahrymanym hökmünde atlandyryp biljek däldim. Indi näme etmeli? Bütin mekdebiň öňünde ikiýüzlülik edip, öz ynanmaýan hem ylalaşmaýan zadymy aýtmalymy? Eger doklady ýazmakdan ýüz öwürsem, onda mugallym, meniň synpy masgara edýänimi aýdyp, ýene gygyrjakdy hem-de baýramçylyga gatnaşmakdan ýüz öwürýänimiň sebäbini sorajakdy.

Men öýe örän sustupes ýagdaýda geldim. Agşam bolsa, näme etmelidigi hakda enem bilen maslahatlaşdym. Munuň ýaly temadaky doklady edip bilmejekdigim bilen ol ylalaşdy. Ýöne nähili görnüşde

ondan ýüz öwürmeli? Eger men Pawlik Morozowy gahryman hasaplamaýanymy aýtsam, onda muňa sowet gahrymanyna garşy edilen jenaýat ýaly hasaplanyljakdy. Şonda bütin jogapkärçilik diňe meniň däl-de, eýsem, ene-atamyň üstüne-de düşjekdi. Ahyrsoňy enem: „Sen gatnaşyp bilmejekdigiňi, sebäbi pioner däldigiňi aýt — sen gahryman pioner hakda nädip doklad taýýarlajak?“ — diýip teklip etdi. Men razy boldum, ýöne muňa mugallymyň hem synpdaşlarymyň nähili seretjekdiklerini örän gaýgy etdim.

Arakesmede men mugallymyň ýanyna baryp, doklady etmejekdigimi aýtdym. Şonda ol maňa şeýle bir gygyrdy welin, entek hiç haçan ol beýle gygyryp görmändi. Sapaga girmäge jaň boldy, soň ol şobada Winsiň ýene synpy masgara edýändigini çagalara yglan etdi. Hatda sowet hökümetine gulluk edip, gahrymanlarça wepat bolan Pawlik Morozowyň ýagty ýadygärligini-de sylanok! Hemmeler gaharlandylar, arakesmede hiç kim meniň bilen gürleşmedi, hemmeler, hatda, Tanýa-da menden ýüzüni sowdy. Men gaty gynandym we özümi ýalňyz duýdum, ýöne ynsabymyň garşysyna gidip bilmedim. Sapakdan soň, men öýe gaýdyp barýarkam, synpymyzyň oglanlary meni urdular. Elimden portfelimi aldylar. Men goranyp bilmeýärdim, şonuň üçin diňe tirseklerim bilen ýüzümi urgudan goradym. Enem beýle ýagdaý dowam edip bilmez, aýgytly hereket etmek zerur diýen karara geldi. Şeýdip, ertesi gün meniň bilen mekdebe gitdi.

Şol wagtlarda gazetlerde ABŞ-daky negrleriň hukuksyz ýagdaýy hakda köp ýazýardylar. Makalalaryň birinde mekdep awtobusynda ak çagalar bilen gitmäge rugsat edilmedik bir oglanjyk hakda gürrüň berilýärdi. Ene-atasy ol çaganyň beýle hukugynyň bolmagyny gazanyp bilýärler, ýöne şondan soň ak çagalar ony urup başlaýarlar. Netijede şol negr oglanjygy mekdebe gatnadýan poliseý goýulýar. Sowet gazetleri negrleriň hukuklarynyň peseldilme faktyna gaharlanýardylar.

Enem mekdep müdiri bilen gürleşmäge gidende, şol gazeti-de aldy. Ol: „Men Nataşa mekdepde azar berilmeginiň dowam etmegine ýol bermerin! Çagalaryň oňa azar bermeleri we urmalary

mugallymlarynyň olary şeýle etmäge öjükdirýändigi sebäpli bolýar“ — diýip, aýgytly aýtdy.

Enem mekdep müdirine negrler hakdaky makalany görkezip, Sowet Soýuzyndaky mesihi maşgaladan bolan çaga bolan garaýyşlaryň ABŞ-daky negrlere azar bermelerden hiç hili tapawutlanmaýandygyny aýtdy. Enem şeýle ýagdaýyň gaýtalanmajakdygyna kepil geçilmegini talap etdi. „Ýogsam, men Nataşany mekdebe milisioneriň gatnatmagyny we şol negr oglanjygy edişi ýaly, urulmalardan goralmagyny talap etmäge mejbur bolaryn“ — diýip, ol aýtdy. Mekdep müdiri hemme zady düşünişjekdigine söz berdi.

Kakam ol wagtlarda öýe gelip bilmeýärdi, sebäbi ony gözleýärdiler, öýümiziň töweregi mydama gözegçilik astyndady. Ol Kiýewe baryp, dostlarynyňkyda bolupdyr. Ejem hem çagalaryň biri bilen gije ony görmäge gidende, ol meniň mekdepdäki soňky wakalarym hakda eşidip, maňa bir goşgy goýberipdir:

Gyzym, ýekeje-de çekinmän, hakykatyň tarapynda dur!
Günleriň tupanly tüweleýinde batyr bol.
Men seniň kiçijek çaga imanyňy:
Mydama dileglerimde ýatlaryn.

# 5

# LEFORTOWO TÜRMESINDÄKI DUŞUŞYK

Ýylyň joşgunly güýzi aýaklap barýardy. Ol ýygnaklaryň dargadylmagy, mekdepdäki kynçylyklar, eýýäm birnäçe aýdan bäri öýe gelmedik kakamy küýsemeler bilen ýatda galypdy. Noýabryň ahyrynda men 11 ýaşadym. Garaşylmadyk ýagdaýda agşam bize Maşa myhmançylyga geldi. Ony şobada stoluň başyna çagyrdylar. Maşa maňa sowgat getirdi, men oňa diýseň begendim. Ol gitarady! Çagalar ýygnanyşyklarynda ol orkestr döretjekdigini, biziň hemmämiziň dürli gurallarda saz çalmagy öwrenmelidigimizi ençe gezek aýdypdy. Indi meniň öz gitaram bardy! Maşa derrew ony sazlap, birnäçe ýönekeý akkordy görkezdi.

Birinji taýýarlyk wagtynda biziň köpimiziň iň başyndan başlamalydygymyz, geçen aýdym sapaklarymyzdan başga hiç hili saz taýýarlygymyzyň ýoklugy mälim boldy. Diňe Katýa sazçylyk mekdebine gatnaýardy we skripkany gaty gowy çalýardy. Ýöne Maşa hemme zada uly ynamdarlyk bilen seredýärdi. Şeýdip, biz saz gurallaryny özleşdirmäge girişdik. Biz birinji gezek ýygnakda saz çalanymyzda, bütin ýygnak begendi. Wagtyň geçmegi bilen repertuarymyz eslije artyp, ynamly çalyp başlanymyzda, biziň orkestrimizi goňşy obalardaky hasyl baýramçylygyna çagyryp başladylar.

Çagalar Roždestwo baýramçylyklarynyň biri Anatoliý Draganyň öýünde geçdi. Biziň orkestrimiz öňde oturdy; uly çagalar hökmünde biz baýramçylygyň geçirilmegine işjeň gatnaşdyk. Hemme zat gutaryp, çagalara-da sowgatlar paýlanandan soň,

garaşylmadyk ýagdaýda içeri milisiýa: „Siz bu ýerde näme bilen meşgullanýarsyňyz? Bu bikanun ýygnanyşyk!“ — diýip gygyryp girdi. Çagalar gorkup agladylar. Zalyň aňyrsynda oturan ene-atalar çagalarynyň ýanlaryna gelip başladylar. Milisiýa işgärleri muňa päsgelçilik döretdiler, uly galmagal turdy. Biziň orkestrimiz Roždestwo senasyny çaldy. Milisionerler bize tarap okdurylyp, elimizden gurallarymyzy aldylar. Şol gün hiç kimi tussag etmedik bolsalar-da, baýramçylyk bozuldy.

Hepdeler hem aýlar ýyllara aýlandy, biz bolsa kakam bilen öňkimiz ýaly, dürli mesihileriň öýlerinde seýrek duşuşýardyk. 1965-nji ýylyň martynda meniň Ženýa atly täze jigim boldy. Kakam özüniň täze doglan gyzyny görmegi gaty isläni üçin bir gün giç agşam öýe gelmekçi boldy. Ol öýde bary-ýogy iki gün boldy. Bütin maşgalamyz üçin bu uly baýramçylyk boldy, ýöne biz örän seresap bolmalydygymyzy, kakamyň öýdedigini hiç kime aýtmaly däldigine düşünýärdik. Eger kimdir biri gapyny kaksa, kakam özüni görmezleri ýaly, beýleki otaga gidýärdi. Indiki gezek ol öýe diňe bir ýyldan soň, Ženýa ýaňy ilkinji ädimlerini ädip başlanda gelip bildi.

1966-njy ýylyň ýazy geldi. Men eýýäm altynjy synpda okaýardym. Petýa üçünji synpdady. Mekdepde hemme zat asudady. Reb bizi esasy beladan gorady: bizi internata ýerleşdirme hakdaky mesele gaýdyp gozgalmady. Bir gezek maýyň ahyrlarynda şenbe güni men mekdepden gelenimde, ejemiň hem enemiň ýüzünden nähilidir bir gaýgyly zadyň bolanyny aňdym. Bizde Moskwadan myhman, ýagny Lidiýa Wladimirowna bar eken. Ol iki gün mundan ozal kakamyň tutulandygy hakdaky habary getiripdir.

Biz soňky üç ýylyň dowamynda ony tutup biljekdiklerini bilen bolsak-da, şeýle bolanda, bu täzelik bizde çuň agyry döretdi. Men öz otagyma baryp, krowatda ýatdym we: „Ol şu wagt niredekä? Belki, derňewçiniň ýanyndadyr? Ýa-da kameradamyka? Ol şol

ýerde nähilikä, iýmiti bir barmyka? Biz indi haçan görşerkäk?“ — diýip pikir edip başladym. Ejem nahara çagyrdy, ýöne men etmedim, sebäbi asla iýesim gelmedi.

Ertesi, ýekşenbe güni, tokaýdaky ýygnanyşyk aýratyn zalymlyk bilen dargadyldy: milisiýa işgärleri erkekleri urdular, olaryň ellerini gaňyrdylar, aýallary we çagalary bir gyra zyňyp goýberdiler. Meniň gözümiň öňünde bir garry aýaly, Fanýa Andreýewna atylyp gitdi. Men Fanýa Andreýewna ýerden turmaga kömek etmek üçin okduryldym, ýöne ýene bir adamyň kömegi oňa gerek boldy, sebäbi ol güýçli ýykylyp turup bilmedi.

Milisiýa işgärleri şol gün juda köpdi, hemme ýerde gyzyl papaklar görünýärdi, olaryň eýmenç gykylyklary eşidilýärdi. Çagalar gorkup agladylar. Biz ulaga süýräp salynýanlaryň daşyny gurşap, bile durmaga çalyşdyk. Ýöne milisiýa işgärleri el tutuşyp duran mesihileriň hatarlaryny böldüler. Umumy başagaýlykda: „Siz näme edýärsiňiz?! Bu bikanunlyk bolýar! Konstitusiýany gözgörtele bozmaklyk bolýar! Biziň ýurdumyzyň raýatlaryna wyždan azatlygy kepil geçilýär!“ — diýen sesler eşidildi. Muňa jogap edip: „Biz size azatlygy görkezeris! Mundan beterini görersiňiz! Sektantlaryň soňuna çykarys!“ — diýen sözler eşidildi. Köpleri milisiýa bölümine alyp gidip, 15 gije-gündizlige höküm etdiler.

Biziň öýümizde nobatdaky öý dökme boldy. Bize kakamyň Moskwada, Lefortowo türmesinde derňew astyndadygyny resmi taýdan aýtdylar. Kiýewiň sülçüsine maşgala agzalaryny sorag etmeklik tabşyryldy. Petýanyň mekdebinde sapak gidip durka, birden gapy açylyp, gapyda oturýan aýal mugallyma Petýa Winsi mekdep müdiriniň otagyna çagyrýandyklaryny aýdypdyr. Petýa özüni sülçiniň sorag etjegine düşünipdir, şonuň üçin mekdep müdiriniň otagyna barmagyň deregine, mekdepden gaçyp gidip, trolleýbusa münüpdir-de, şäheriň beýleki çetindäki garyndaşlarymyzyňka barypdyr. Edil şol wagt ejemem bu ýerde eken. Soň sorag edilmeden gaça durmak üçin Petýany uzakly tomus Bakumowka obasyndaky mesihileriň maşgalasyna alyp gitme kararyna geldiler.

Sülçi meniň mekdebime gelende, mugallymyň özi meni mekdep müdiriniň otagyna alyp bardy. Men soraglaryň hemmesine jogap bermekden boýun towladym. Sülçi gaharlanyp, meniň üstüme gygyrdy, mekdep müdirem gygyrdy, ýöne hiç zat alyp bilmediler. Soň kakam kiýewli sülçiniň sorag etme protokoly bilen tanyşmak üçin oňa ony berenlerinde, ol ýerde: „Pýotr Wins mekdepden gaçdy, ony sorag edip bolmady, Nataşa Wins soraglaryň hemmesine jogap bermekden ýüz öwürdi“ — diýlip ýazylan ekendigini gürrüň berdi.

Kakam derňew astynda alty aýlap boldy. Bu wagtyň dowamynda onuň bilen görüşmäge, hat ýazyşmaga rugsat edilmedi. Ony sudda, onda-da uzakdan görmek başartdy. Sud gününi maşgalamyzdan berk gizlediler. Sudy hem ondan soňky duşuşygy bilmän galmazlyk üçin ejem bilen enem oktýabrda Moskwa gitdiler-de, garyndaşlarymyzyň öýünde boldular we her gün gatnap, haýsy güne nähili sud seljermesiniň bellenilen sanawyny barlap durdular. Alty ýaşly Lizany ýanlary bilen alyp gitdiler, Petýa ikimizi bolsa, mesihi garry aýal Polýa daýza bilen goýup gitdiler, sebäbi biz okuwy taşlap bilmeýärdik. Kiçijik Ženýany-da öýde galdyrdylar.

Birnäçe hepde geçdi. Ahyrsoňy Moskwadan: „Sud başlandy, çagalary gyssagly alyp geliň“ — diýen telegramma geldi. Şol agşam Petýa ikimiz otla mesihileriň biri bilen bile mündik-de, ertir irden eýýäm Moskwa bardyk. Kakamy Gennadiý Konstantinowiç Krýuçkow bilen bile sud etdiler. Biz suduň zalyna arakesme wagtynda girdik. Hemmeler koridorda durdular. Mesihilerden kyrk dagy adam bardy. Bizi görüp, ejem bilen enem örän begendiler.

Birden zalyň aňry başynda harby adam göründi. Onuň yzynda ýene biri bardy — sud edilýänleri suduň zalyna alyp geldiler. Enem Petýa ikimizi derrew öňe itdi-de: „Çaltrak serediň, kakaňyzy alyp gelýärler“. Birinji garawulyň yzynda Gennadiý Konstantinowiç gelýärdi, onuň yzynda — ikinji garawul, soň kakam gelýärdi. Gennadiý Konstantinowiç bizi ilki gördi-de: „Georgiý, çagalar!“ — diýip gaty aýtdy. Kakam garawulyň arkasyndan seretdi-de,

ýylgyrdy hem bize elini bulady. Bizem oňa elimizi buladyk. Ýöne bu bir minutdan-da az dowam etdi: olary zala alyp gitdiler.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler hökmünde Petýa ikimizi suduň zalyna salmadylar, ýöne koridorda oturmaga rugsat etdiler. Zala ýakynlaryndan başga hiç kimi diýen ýaly salmadylar. Günüň dowamynda birnäçe gezek arakesme boldy, sud edilýänleri alyp gitdiler we alyp geldiler. Her gezegem, az wagtlyk bolsa-da, biz kakamy görüp bildik. Hökümi giç agşam yglan etdiler: üç ýyl azatlykdan mahrum etmeli.

Sud edilýäniň soňky sözi berlende, kakamyň türmede öz ýazan goşgusyny okamak isländigini ejem bilen enem soň gürrüň berdiler, ýöne kazy ençe gezek onuň sözüni bölüpdir, şonuň üçin kakam diňe onuň birnäçe bentini aýdyp bilipdir:

Lal garawullar polat halka kimin bolup,
Mesihiň dostlarynyň töweregin gurşap dur.
Ýöne Halasgäriň Özi suduň öňünde
asuda durmaklyga bizi ruhlandyrýar.

Biz pitnä çagyrmadyk,
hem çagalary gurban getirmedik.
Biz halas bolmany hem-de
Mukaddes pikirleri yglan etdik.

Kazylar bilen täze yzarlamalar
diňe Hudaýa bolan ynamy berkidýär.
Hem geljek nesilleriň hemmesine
Hudaýyň Hakykatyny habar berýär!

Ertesi gün Lefortowo türmesinde kakam bilen duşuşmaga bize rugsat berdiler. Duşuşyga hemmämiz — enem, ejem, Liza, Petýa we men bardyk. Girelgede biziň pasportlarymyzy, şahadatnamalarymyzy barladylar, ejem kazynyň gol çeken

rugsatnamasyny görkezdi. Kagyzlaryň hemmesi dogrudy, şonuň üçin bizi saldylar. Garawul bizi ullakan otaga alyp bardy. Ol ýerde stol bilen birnäçe oturgyçdan başga hiç hili mebel ýokdy. Ol bize bir tarapda goýlan oturgyçlary görkezdi, bizem oturdyk.

Kakamyň oturgyjy beýleki tarapda durdy. Stolyň aňry gyrasynda ofiser otyrdy. Ol 30 minutlyk duşuşyga rugsat berlenini, özüniň ýanymyzda boljagyny hem-de, duşuşykdan mahrum etmezleri ýaly, haýsy temalardan gürrüň etmeli däldigimizi duýdurdy.

Garawul kakamy alyp geldi. Köp aýlardan soň biz kakamy birinji gezek şeýle ýakyndan gördük. Petýa kakamyň elini sypalap:

— Aý, kaka, seniň eliň nähili sowuk! Siziň kameraňyz näme...

Ofiser onuň sözüni gaharly böldi:

— Kameradaky saklanyş şertleri hakda gürlemeli däldigini men duýdurdym-a! Näme düşnüksizmi?!

Biz gorkduk: eger ol duşuşygy bes edäýse näme? Enem ýagdaýy ýumşatmaga çalyşdy:

— Ony bagyşlaweriň: Petýa ýaňy bir on ýaşynda! Ol bu zatlar hakda gürlemeli däldigi barada pikir etmedi.

Ofiser sesini çykarman başyny atdy. Biz gürleşmegi dowam etdirdik. Birden hemmeler üçin garaşylmadyk ýagdaýda kiçijik Liza mesihi aýdymyny aýtdy. Biz ýene gorky bilen ofisere seretdik: birden duşuşygy bes edäýermikä? Ýöne ýiti ses bilen çaganyň aýdyp bilmejek mazmunly aýdymyň sözlerini alty ýaşly çaganyň aýdanyna onuň özem haýran galyp seretdi:

Gözenekler, utanç, masgaraçylyk, rehimsiz kazylaň
kör hökümleri-de gorkunç däl.
Ýöre, çekinme, batyr bol, mesihi!
Diňe Onda berke, güýçli esger bol.

Kakamyň gözlerine ýaş aýlandy, ol özüniň batyr gyzjagazyny gujaklady-da: „Sag bol, gyzym!“ — diýdi. Duşuşyk tamamlanyp barýardy, soňky soraglar howlukmaçlyk bilen berildi. Kakam ofiserden: „Bize dileg etmäge rugsat ediň“ — diýip haýyş etdi.

Ofiser eginlerini näbellilik bilen gysdy. Biz ýerimizden turduk, kakam dilegleri jemledi. Hoşlaşyk gysga boldy, garawul: „Çykyň! Siziň wagtyňyz gutardy!“ — diýip howlukdyrdy.

Biz Moskwanyň garly köçelerine çykdyk. 1966-njy ýylyň 2-nji dekabrydy. Wokzala gidip, öýe gitmek üçin Kiýewe petek almak gerekdi. Moskwada indi bizi hiç zat saklanokdy.

# 6

# „GAZAPLY ÜLKE: TÖWEREK TOKAÝLYK, GARLYK“

Moskwadan Demirgazyk Urala uzak wagtlap geçirilenden soň, kakam ahyrsoňy lagere baryp, öz salgysyny habar berip bildi. Ondan birinji haty biz martyň ahyrynda aldyk. Ol Lefortowo türmesindäki gysga duşuşygyň, aýratynam, Lizanyň aýdymynyň öz ýüregini nähili ýyladanyny ýazypdyr:

Eziz gyzjagazym, kiçijik dostum,
saňa kakaňdan salam, mähribanym!
Uzak ýurtda seniň eýjeýik sesjagazyňy
hem aýdymjygyňy ýatlaýaryn.

Seniň sesjagazyň tussag kakaň üçin
türme diwarlary içinde ruhlanma akymy bolup ýaňlandy.
Eziz gyzjagazym, aýdyň ýylgyryş hem
teselli aýdymy bilen Reb seni goýberdi.

Ýazda ejem kakam bilen lagerdäki birinji duşuşyga gitdi. Ýol juda uzakdy: Kiýewden Moskwa, soň başga otla münüp, ýene iki gije-gündiz Solikamska çenli demir ýol bilen gitmeli. Ol ýerden hem, 12 adamlyk ýolagçy dikuçarda Çepes şäherçesine çenli uçmaly. Dikuçar Çepesde gonanda, ejem Solikamskide düşjek bolýanlaryň arasynda dokuz ýaşlaryndaky ogly bilen bir aýalyň hem bardygyny görýär. Göwnüne ol şol aýaly bir ýerde gören ýaly bolýar, şonuň üçin ol olaryň ýanyna barýar. Ol Leningrad

ýygnagynyň ruhanysynyň aýaly Klawdiýa Mahowiskaýa bilen ogly Mişa eken. Olar Fedor Wladimiriwiçiň ýanyna duşuşyga gelýän ekenler. Ol kakam bilen bir lagerde bolýan eken.

Klawdiýa Aleksandrowna ejeme şu dikuçara ýetişer ýaly, yzyna petek satyn almak üçin gyssagly kassanyň ýanyna ylgap barmagy maslahat berýär. Ol özleriniň ärleriniň eýýäm „Çepeçanka“ lagerinde ýokdugyny, olary iki gün mundan ozal yzlaryna alyp gidendiklerini aýdýar. Solikamska baranlarynda, Klawdiýa Aleksandrowna bilen ejem başga ýere geçirilýän türmeden ärlerini gözläp tapýarlar, olara duşuşyk berýärler. Kakam ejem bilen öz ýolunyň ters gelmändigine we duşuşyp bilendiklerine begenipdir (başga ýere geçirilmäniň duýdansyz bolany üçin kakam muny maşgalasyna habar berip bilmändir). Ol özüni haýsy lagere alyp barýandyklaryny, ýolda näçe wagtlap boljagyny bilmeýänini aýdypdyr.

Kakam özüniň doglan gününi, 4-nji awgusty, eýýäm „Anýuşa“ atly täze lagerde belläpdir. Şol günlerde enem oňa şeýle hat ýazdy:

> „Gadyrdan Georgiý!
>
> Bir hepde mundan ozal seniň doglan günüň boldy, seniň 39 ýaşyň doldy. Isanyň ejesi Merýeme: «...seniň hem janyňa bir gylyç sanjylar» (Luka 2:35) — diýleni ýadyňdadyr. Seniň tussaglygyň her bir gününi seniň bilen birlikde gaýgy bilen geçirýärin: her gezek naharlanmak üçin oturyp, saçagyň üstündäki Hudaýyň beren nygmatlaryna seredenimde, seniň olardan mahrumdygyň üçin, olary uludan dem alma bilen iýýärin... käwagt men şeýle ejizläp, şu wagta çenli gitmeli bolýan çarkandakly uzak ýolumda ýykylara gelýärin. Ýöne ýyldyzlar dünýäsini tabynlykda saklaýan Älemiň Ýaradyjysynyň elleri, Onuň Ruhunyň galtaşmasy umydymy berkidýär. Onda, ýaşaýyş Çeşmesinde, ruhuň berkligini gaýta-gaýta tapýaryn.
>
> Oglum, başyňy ýokarrak galdyr: «Ýaşaýyş bize boş arzuwlar üçin berilmedi!» — diýip, özüň ýazypdyň. Ähli durmuş görgülerinde saňa berklik hem batyrlyk arzuw

edýärin: «Rebbe umyt baglaýanlaryň hemmesi, batyr boluň, goý, ýürekleriňiz berkesin!» Hudaýyň merhemeti bilen biziň hemmämiz diri hem sagdyn. Çagalar tomusda gowy dynç aldylar, Lizajyk, edil guşjagaz kimin bolup, uzakly gün aýdym aýdyp ýör. Tebigatda hemme zat öz nobaty bilen geçip dur: ýazyň atyr ysly näzikligi gyzgyn jöwza öwrüldi, indi güýz öz sowgatlary bilen gelýär, diňe bir adam rahatlyk tapman, iki ýana urunýar...

Berk ogşaýaryn, meniň mähriban çagam. Seniň ejeň".

Duşuşyklar seýrek berilýärdi, şonuň üçin hatlar kakam bilen bizi baglanyşdyrýan esasy halka bolup durýardy. Ýöne hatlarda-da seresap bolmalydy — olary lagerde barlaýardylar, köpüsi-de, ýolda „ýitýärdi". Bize gelip ýetenleri bolsa, onuň diriligini, hemme zadyň üýtgewsizligine galýanyny aýdýan uzak garaşdyran haýatjyk bolýardy. Hatlar bizi Taýgadaky lageriň durmuşyna alyp gidýärdi. Täze goşgular galmagally lager jaýynda uzak gijelerde ýa-da garly tokaý ýodalarynda, garawullaryň goragçy itler bilen brigadany tokaý agaçlaryny ýykmaga alyp barýarka kalbynda nämeleriň bolýanyny duýmaga kömek edýärdi:

Gazaply ülke: töwerek tokaýlyk, garlyk,
akja girlýandlar arçalary gurşapdyr...
Mahmal kenarlarda Taýga deryasy
ýazy hem aprel suw daşmasyny arzuw edýär.

Gökde açyk reňkli ýelkenlerde bulutlar
sowgat edip, galyň gary günorta äkidýär...
Aýazly gün gözlerime ýaş aýlap:
„Söýgim hem aýdymym Russiýa!" — diýip pyşyrdaýaryn.

Mundan başga-da, kakamyň her bir haty biziň onuň üçin gymmatlydygymyzy, her birimiziň ösüp ulalýanymyzyň onuň üçin wajypdygynyň ýatlamasy bolup durýardy. Ine, Petýa ýazylan

hatlaryň biri: „Meniň mähriban, söýgüli oglum! Seniň hatyňy gyzyklanma bilen okadym. Seniň okuwdaky, sazdaky üstünlikleriňe örän şat. Seniň öý işlerine kömek edýäniňi, gyşda howludaky garlary aýyrýanyňy eneň ýazypdyr. Seniň zähmetsöýer, janypkeş bolup ýetişýäniňe örän şat. Oguljygym, seni doglan günüň bilen gutlamak isleýärin:

Meniň eziz oglum! Seniň doglan günüňde
ýanyňda bolmagy, seni gujaklamagy,
saňa ak pata bermegi hem aýralyk gaýgysyny
senden aýyrmagy şeýle isleýän!
Ýöne tikenli simler, gür tokaýlar bilen,
men beýle mümkinçiliklerden mahrum.

Meniň eziz oglum, ruhdan düşme-de, berke,
beden hem ruhy taýdan sagdyn ös;
Adamlary, gülleri, durmuşy söý.
Goý, Hakykat Güneşi üstüňde bolsun!

Sen günäň guly bolman ulalyp,
Nuruň, şatlygyň hem rahatlyk ogly bol,
Hudaýyň aýatynyň akyldarlygyny söý,
hem gursagyňda iman sazy ýaňlansyn!
Biziň duşuşjak günümizem geler,
meniň eziz oglum, mähriban oglum!“

Hatlaryň birinde kakam maňa:

„Gadyrdan Nataşa, meniň nowbaharym, eýýäm ullakanja bolan gyzjagazym, seni gujaklaýaryn! Seniň 9-njy ýanwarda ýazan hatyňy aldym. Öz hatyňda haýyş edişiň ýaly, men seniň salamyňy Russiýa, taýga we daglara aýtdym. Seniň ýerdäki öz ýurduňy we onuň halkyny gowy görýäniňe men örän şat. Adamlaryň bähbidi üçin ýaşamaklyk — durmuşyň

maksady hem manysydyr! Biziň Rebbimiz Isa Mesih, şeýle hem, Rebbe wepaly köp adamlar, sol sanda seniň ataň Petýa hem, ýerde şeýle ýaşady.

Söýýän gyzym, seniň näzijek salamly,
hem günorta hakdaky ýatlamaly hatyň
meniň taýgadaky ülkäme agşamara,
gazaply syrgynyň aýdymy astynda geldi.

Daň şapagy gyşyň şöhlelerin ýer ýüzüne
inderip, çala ýerden galanda,
men seniň gyzgyn salamyňy özümiň
söýgüli hem eziz Russiýama ýetirdim!

Haýwanlaryň erkin aýak yzlary
oýa batan taýga, maňa, tebigatyň körüginde ýasalan
sowudy geýen taýga çeşmesine
azatlygyň şatlygy hakda gürrüň berýär.

Mendenem söýgüli ülkäme:
Mähriban Kiýewe, gülleýän Ukraina,
jülgelerde akýan Dnepre,
meni tanaýanlaryň hemmesine salam!

Sen meniň «Beýtullahamyň üstündäki ajaýyp öwüşgin» atly goşgy bilen bile ýazan hatymy aldyňmy? Menden eneňe, ejeňe, Petýa, Liza we Ženýajyga, şeýle hem, Mila mamaňa we Iwan babaňa, Saşa daýyňa, Mana daýzaňa, Lýudajyga we Lenajyga salam aýt.
Seniň kakaň“.

Ine, ejeme ýazylan hatlaryň biri:

„Nadýajan, meniň ezizim, saňa salam we seni gujaklaýaryn! Sen ol ýerde biziň, uly bolmasa-da, maşgala ojagymyza ýeke

hötde gelip ýörmüň? Mydama siz hakda pikirlenýärin we seni, çagalary hem-de gadyrdan eneňizi Hudaýyň öňüne getirýärin. Maşgala suraty üçin sag bol. Çagalarymyz ulalýarlar we ösýärler, biz ikimiz bolsa, garraýarys, saçymyz agarýar we şol aýralykda ýörüs... Ýöne ruhdan düşme: Reb biziň bilen! Ýöne bize hemme zatda, ak ýüreklilikde hem päklikde Oňa hem biri-birimize wepalylygy saklamak wajypdyr.

Söýgülim, goý ýoluň ýagty bolsun!
Beýik Hudaý saňa ak pata bersin.
Ýazda saňa duşanyma hem-de bütin ömrüme
diňe ýekeje seni söýenime begenýän.

Goý, Reb siziň hemmäňizi penasynda aman saklasyn. 2 Korintoslylar 1:3–10 (aýratynam 3, 4, 5-nji aýatlar). Duşuşyk üçin dileg edýärin.

Seniň Georgiýiň“.

Biz mydama, aýratynam, baýramçylyklarda, kakamyň hatyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Roždestwoda hat gelende, biz bütin maşgalamyz bolup ýygnanyp, arçadaky çyralary ýakdyk-da, ony okadyk.

„Meniň gymmatly hem eziz çagajyklarym, Nadýajan we ejemjan! Sizi beýik mesihilik baýramy bolan Mesihiň doglan güni bilen gutlaýaryn!

Ömrümiň irki ýyllaryndan başlap, bu gün kalba ýakyn roždestwo senalarynyň mukamlary hem dünýäniň Halasgäriniň dogluşy hakdaky gyzykly hoşhabar hekaýaty, asuda maşgala dabarasy bilen gurşalandy. Baýramçylyk şatlygyny siz hem-de imandaky doganlarym bilen paýlaşmagy diýseň isleýärin. Emma, ine, eýýäm ikinji ýyl bu güni ýekelikde — geçen ýyl Lefortowo türmesiniň diwarlarynyň içinde, indi bolsa, Uralyň tokaýlarynyň arasynda ýitýän uzakdaky taýga lagerinde bellemeli bolýaryn...

Çagalarym, roždestwo agşamynda radionyň daşyna ýygnanyşyp, ony mylaýym tolkuna dogurlaň-da, sesiňizi «Asuda gijäniň» ajaýyp heňine goşuň. Şol minutlarda uzakda bolsam-da, ruhuň bilen ýanyňyzda bolup, öz sesimi siziň sesiňize goşýaryn: «Hudaý bize Halasgär berdi!»

Meniň elime öňräk Rudolf Berşadskiniň «Dünýäniň aňry başy» atly kitaby düşdi. Onda Roždestwo gününde Wellingtonyň (Täze Zelandiýa) merkezi meýdançasynda köp sanly çagalar horunyň «Asuda gijäni» ýerine ýetirişiniň tolgundyryjy sahnalary suratlandyrylýar. Awtor şonda Hudaýyň Bäbegini çuň iman bilen şöhratlandyrýan çagalaryň ýüzlerini görende, (ateistik gurşawda terbiýelenen) ol duýan çuň tolgunmasyny suratlandyrýar. Ol: «Aýdymy aýdýan çagalaryň ýüzlerini görmek gerekdi!» — diýip ýüzlenýär. Ol meýdançany dolduryp duran adamlaryň hormat bilen başlaryndaky papaklaryny çykaryşlaryny suratlandyrýar“.

Kakamyň hatlaryndan biz onuň durmuşyndaky gündelik hem ähmiýetli wakalary hakda bilýärdik.

„Meniň mähribanlarym, Hudaýyň merhemeti bilen men diri hem-de tussaglykdaky ýolumy dowam etdirip ýörün. Dekabryň başlarynda biziň lagerimizde (rewolýusiýanyň 50 ýyllygy mynasybetli) aklama çäresi geçirildi. Menem komissiýa hödürlenildim. Ýöne menden günämi boýun almagymy talap etdiler, ýöne (öz hereketlerimde ýygnaklar mejlisiniň kätibi hökmünde, şeýle hem, tutuş ýygnak mejlisiniň jenaýatynyň ýoklugy sebäpli) muny asla edip bilmedim. Gysgajyk maslahatdan soň komissiýanyň başlygy meni aklamadan ýüz öwrülýändigini yglan etdi.

Örän köp tussaglar boşadyldy, köpüsine galan möhletiniň ýarymyny gysgaltdylar. Men olar üçin şat. Olar jenaýatlaryny gaýtalamazlar diýip umyt edýärin. Aklanylanlaryň ýüzlerini synlamak gyzyklydy: olaryň ýüzleri şatlykly hem çaltrajyk

azatlyga çykmaga garaşma duýgusy bilen üýtgedi... Mesih Özi Golgota giden bolsa-da, Barabbasyň azatlyga çykanyna, talaňçy üçinem begenendir diýip pikir edýärin. Mesihe seretmeklik maňa güýç berýär hem-de saýlan ýoluma ynam berýär“.

Kakamyň hatyndan ýene bir parça:

„Gadyrdan Nataşa! Düýn, 27-nji noýabrda, sen hakda pikirlendim. Seni gujaklaýaryn we doglan günüň bilen gutlaýaryn! Goý, Reb seni Öz söýgüsi içinde saklasyn. Seniň has kiçijik wagtyňy, ilkinji sözleriňi, ilkinji ädimleriňi ýada salýaryn. Sen meniň ilkinji aýdymym, nowbaharym ahyry! Biziň Uralymyzda bolsa, bu ýyl gyş gazaply hem garşy:

Sowugyň derejesi elli gradus,
jülgeleriň oýlarynda duman gitmän dur.
Ýalaňaç berýozalar titreşýärler...
Diňe arçalar billerini tutup buýsançly durlar...

Durmuş doňdy.. Hatda guşlaram görünmeýär;
Diňe kä ýerde haýwanlaň yzlary görnüp gidýär.
Diňe çägini bilmeýän aýaz,
hökümdar kimin tokaýyň üstünden geçýär.

Mende saňa bir haýyş bar. Men SSSR-iň aragatnaşyk Ministrliginiň golland žiwopisçisi Rembrandtyň döredijiligine bagyşlap, poçta markalarynyň tapgyryny goýberenini okadym. Şol tapgyrda «Dawut hem Ýonatan», «Üzümçilikdäki işçiler hakdaky tymsal» atly suratlary goýberýär. Poçtadan ýa-da dükandan 2–3 toplumyny alyp, birini maňa goýberjek bol. Öýdäkileriň hemmesine ullakan salam. Hemmäňizi berk gujaklaýaryn.

Kakaň“.

Biziň maşgala arhiwimizde, kakam ýaňy Moskwadan Demirgazyk Urala äkidilen wagtynda enemiň ýazan ilkinji haty saklanan.

„Gadyrdan Georgiý!

Seni berk ogşaýaryn. Seniň saglygyň nähili? Pikirimde seniň bilen köp gürleşýärin, men howsaladan hem gaýgydan doly... Seniň lagerden ýazan birinji hatyňy aldym, ol meniň üçin teselli boldy. Bir günden soň, 19-njy maýda, seniň türmä salnanyňa bir ýyl bolýar, bu gaýgyly hem ajy zat. Berk dur, ruhdan düşme. Sen şol gün, öz kakaň ogly hökmünde, gowy iş etdiň. Goý, Hudaý seni Öz nury bilen gurşap alsyn, goý, Ol ýüregiňdäki ähli agyrlygy aýyrsyn.

Biziň gaýgylarymyz hem şatlygymyz hakda saňa köp zady aýtmak isleýärin, ýöne mümkinçilik ýok. Umuman, häzirlikçe hemme zat gowy. Baglar gülledi. Günler öňe uçýarlar, bizem olar bilen bile uçýarys. Ýöne ýazylyşy ýaly: «... olaryň işleri özleriniň yzy bilen barýar». Adam ýere gelip gitmek üçin gelýär. Bar gep nädip geçmelidigindedir. Dogruçylyň ýoly külpetlidir. Men diňe pul babatdaky dogruçyllyk hakda aýdamok-da, eýsem, şahsy bähbidiňi gözläp, ikiýüzlülik etmeli däldigi hakda-da aýdýaryn. Munuň ýaly ýoldan köpler ýörediler, ýöne umumy köpçülik bilen deňeşdireniňde, olar iki-ýekedirler. Olara diňe ölenlerinden soň guwanýarlar, diri wagtlarynda bolsa, pes bolanda, olary kemakyl hasaplaýarlar. Soňky döwrüň şygary: durmuşdan hemme zady al! Emma şunuň ýaly janlar, kebelekler kimin bolup, ganatlaryny ýakýarlar-da, galan ömürlerine ýigrenji hem boş bolup süýrenip geçýärler.

Seniň ýoluň kyndyr. Haçyň agramy astynda ýykylaýjak ýaly bolup görnen wagtynda, ýalňyzlygyň ajy pursatlarynyň bolýandygyny men bilýärin. Ruhdan düşme-de, şol wagta buludyň aňyrsynda mydama Günüň şöhle saçýanyny ýatda sakla! Sen entek ýaş, eger seniň maňlaýyňa bu ýazylan bolsa, onda döz gelersiň, hatda bu jepalary ýatdanam çykararsyň.

Ýöne alan sapaklaryňy bütin ömrüň içinden alyp geçersiň. Eger kalbyňdaky iň mukaddes hem päk ahlakly zada gödeklik bilen degýän bolsa-da, özüňe erk etmegiň, döz gelmegiň ajaýyp häsiýetlerini ýüze çykarmak wajypdyr. Ýöne men gulçulyk tabynlygy hakda aýdamok, şonuň ýaly bolanda, adamyň we ebedi ýaşaýyşyň mirasdarynyň mertebesi ýitýär!

Ruhdan düşme, ýyllar duýmankaň geçip gider, möhletiň gutaryp, öýe gelersiň-de, ýene hemmämizi gujaklarsyň, ýene azatlyk şatlygy bolar. Goý, Hudaý seni gorasyn! Oňa umydymyzy baglaly, demimiz hem durmuşymyz Onuň elindedir.

Ejeň“.

# 7

# BIZIŇ ÖÝÜMIZDÄKI ADATY GÜNLER

Kakamy 1966-njy ýylyň maýynda tussag edenlerinde, enem eýýäm pensiýadady, ol altmyşa golaýlapdy. Ol sülçi bilen duşuşmak üçin, ogluny nämede aýyplaýanlaryny bilmek, nähili edip hem bolsa, bir usul bilen onuň derdini ýeňledip bolýan bolsa, ýanynda bolmak üçin derrew Moskwa gitdi. Şol tomusda ol tussaglaryň köpüsiniň aýallary we ejeleri bilen tanyşdy. Lefortowo türmesinde dürli şäherlerden birnäçe onlarça mesihiler otyrdylar, şonuň üçin olaryň ýakynlary suda garaşmaga Moskwa gelipdirler.

Olaryň köpüsi şäheriň çetindäki Desna şäherçesinde Afanasiý Iwanowiç Ýakimenkowyň myhmansöýer öýünde boldular. Olar uzakly gününi kazyýetde ýa-da zat geçirmek üçin nobata durup ýadap hem tapdan düşüp, Desna gaýdyp barýardylar. Şol ýerde hem, günüň dowamynda bolan zatlary aýdyşýardylar we bile dileg edýärdiler. Soňrak enem şeýle umumylygyň olaryň her biri üçin gymmatly goldaw bolandygyny gürrüň berdi.

Iýunda Sibirden, Orta Aziýadan, Merkezi Russiýadan, Ukrainadan, Belorussiýadan, Moldawiýadan Moskwa tussaglaryň yzlaryndan 25 aýal hem eje gelipdir. Bu tussag mesihileriň[1] garyndaşlarynyň täzelenen Mejlisiniň düzüminiň ilkinji maslahaty bolupdyr. Olar

1 Tutuş ýurtda köp sanly mesihiler tussag edilende, 1964-nji ýylda Garyndaşlar maslahaty döredildi. Bu gurama tussag edilenleriň aýallaryndan, ejelerinden we ýakyn garyndaşlaryndan ybaratdy. 1966-njy ýylda tussaglaryň täze tolkuny bilen baglanyşykly, Garyndaşlar maslahaty täzeden gurnaldy we tussag edilen mesihileriň aýallary we ejeleri bilen üsti dolduryldy.

özleriniň ýakynlaryna gaty gowy kömegi nädip etmelidigini bilelikde ara alyp maslahatlaşmak üçin ýygnanypdyrlar. Olar Hudaýa bolan ynamy üçin tussag edilenleriň hemmesiniň hasabatyny ýöretmek, olaryň maşgalalaryna kömek etmek, tussaglary dileg etme arkaly goldamak zerur diýen karara gelipdirler.

Enem öýe gaýdyp gelenden soň, bu gullugyň howplulygyna tussaglaryň aýallarynyň we ejeleriniň hemmesiniň anyk düşünendiklerini bize gürrüň berdi. Mundan başga-da, olar özleriniň mümkinçiliklerine paýhasly baha beripdirler: olaryň arasynda kanuny taýdan bilimi bolan ýekeje-de adam bolmandyr. Olar özleriniň öňlerinde hukugy gorama[2] — imany sebäpli yzarlanylýanlary goramak üçin ýüzlenme ýazma we ony döwlet guramalaryna ugratma meselesini-de goýupdyrlar. Ýöne Hudaýyň kömegi bilen Mukaddes Kitapdaky: „Ölüme äkidilýänleri halas edip, käşgä öldürilmäge höküm edilenleri alyp galsadyň!“ (Süleýmanyň pähimleri 24:11) sözlerden ruhlanyp, işe girişme kararyna gelipdirler.

Ilkinji nobatda garyndaşlar Maslahaty maglumat ýygnamaga we tussag mesihileriň sanawyny düzmäge girişipdir. Ol ýerde tussagyň familiýasy, ady, atasynyň ady, öý salgysy, jenaýat Kodeksiniň maddasy, azatlykdan mahrum edilme möhleti, tussaglykda saklanylýan ýeriniň salgysy ýazylypdyr. Sowet Soýuzy ýaly ummasyz ýurtda munuň ýaly maglumatlary ýygnamaklyk diýseň kyn bolupdyr, ýöne olara ýerli ýygnaklaryň agzalary kömek edipdirler.

Enem garyndaşlar Maslahatynyň agzasy bolup, yzarlamalar faktlaryny ýygnamaklyga, döwlete arza ýazmaga gatnaşyp, işe işjeň gatnaşdy. Tizara ony garyndaşlar Maslahatynyň başlygy saýladylar. Şeýdip, biziň öýümiz yzarlanýanlaryň hemmesi üçin gaçybatalga boldy. Gijelerine gapynyň jaňy basylýardy. Biz ony açanymyzda gapyda başga şäherde tutulan mesihiniň ejesi ýa-da aýaly bolýardy. Enem olary gije ýatmaga alyp galýardy, bolan

2 Garyndaşlar maslahaty şu üç adama tabşyryk berdi: Aleksandr Kozorezowa, Lidiýa Winse we Nina Ýahmenkowa hökümete ýazylan arzanyň aşagynda öz gollaryny goýmaly.

zatlary jikme-jik soraýardy, olar aglaýardylar we dileg edýärdiler, tutulanyň maşgalasynyň adyndan häkimiýete arza ýazýardylar. Türmede zat geçirjek bolanyňda näme alyp barmalydygy, sülçi sorag edende ýa-da sudda özüňi nähili alyp barmalydygy hakda degerli maslahatlary berýärdi.

Biziň öýümize Ukrainanyň hemme ýerlerinden, Merkezi Russiýadan, Belorussiýadan, hatda Sibirdenem adamlar gelýärdiler. Gelen adamlary iki-üç gün myhman almalydy, yzyna gitmek üçin petek satyn almaga kömek etmelidi, wokzala ugratmalydy. Köplenç on adama çenli beýleki şäherlerden gelen adamlar biziň öýümizde ýatýardylar. Biz birnäçe ýygnalýan krowat, düşek satyn aldyk, şolar hem ýetmezçilik eden wagtynda bolsa, myhmanlara öz krowadymyzy berip, ýerde ýatýardyk.

Enemiň ýanyna enelik hukugyndan mahrum edilen bir enäniň üç çagasy bilen geleni ýadyma düşýär. Enem derrew birneme wagtlyk çagalary öýünde saklamaga razy bolan mesihileri obadan tapdy. Olaryň ejelerine bolsa, häkimiýete we BMG-na töwella etme hat ýazmaga kömek etdi. Ýöne ezýet çekýän ene üçin durmuşynyň iň agyr döwründe goldaw hem degerli kömek tapmagy iň wajyp zat bolupdy.

Öýümiz mydama gözegçilik astyndady. Köplenç bu bildirilmän edilýärdi, ýöne käwagt polisiýa işgärleriniň ulagy biziň öýümiziň öňünde köçede nobatçylyk edýärdi. Şonda öýden çykanda gaty seresap bolmaly bolýardy. Öýde köp zat hakda sesli gürleşmeli däldigini biz bilýärdik (KGB-yň diňleýji enjam goýan bolmagy mümkin diýip çaklamaga esas bardy). Şonuň üçin ähli resmi gürrüňler kagyz üsti bilen edilýärdi-de, şobada ýok edilýärdi.

Biziň maşgalamyzda çagalaryň durmuşy irki çagalykdan berk tertibe tabyn edilýärdi — näme hakda sesli gürrüň etmeli däldigini ýatda saklamaly bolýardyk, öýde öý salgylary saklamazlygy endik edinmelidik (eger öý dökmeler wagtynda öý salgylary tapaýsalar, onda şol maşgalalaryňam öýleri dökülýärdi, şol sebäpden hem, öý salgylar ýat tutulýardy). Şahsy gündelik ýöretmegem, umuman, kagyza bir zat ýazmak howpludy. Bu zatlaryň hemmesini öý

dökmede äkidip bilýärdiler. Şahsy hatlar bilen maşgala suratlaryda konfiskasiýa edilip bilinýärdi[3].

Häkimiýet guramalary köp ýyllaryň dowamynda eneme tussag etjekdiklerini aýdyp haýbat atdylar, emma enem öz işinde galdy. Ýyllar geçdi, enem garrady, garyndaşlar Maslahatynyň ýygnaklaryna başga şäherlere gitmek, yzarlamalardan gaça durmak, arhiwi öý dökmelerden gizlemek gitdigiçe kynlaşýardy. Bir gezek Moskwadan nobatdaky syýahatdan gaýdyp gelende, ol özleriniň gabawa düşendiklerini gürrüň berdi:

> „Biz maslahatlaşmak üçin altynjy gatdaky bir jaýa ýygnanyşdyk. Biz 20-ä golaý adamdyk. Russiýadan, Uraldan, Belorussiýadan, Moldawiýadan, Sibirden we Orta Aziýadan aýal doganlarymyz gelipdiler.
>
> Agşam sagat ondy, maslahat dowam edip durdy. Uly otagdaky stoluň üstünde ýerlerden gelen dokumentler hem arzalar durdy. Birden gapynyň jaňy basyldy. Öý eýesi gapynyň gözjagazyndan seredip, biziň ýanymyza ylgap geldi-de: «Milisiýa!» — diýdi. Bu söz mydama titremäge, nähilidir bir çykalga tapmaga mejbur edýärdi. Liza Hrapowa dokumentleriň hemmesini garbap aldy-da, ýatylýan otaga ylgap gitdi. Gapynyň jaňy hem kakylmasy dowam etdi, şonuň üçin öý eýesi gapyny açmaly boldy. Gelen adamlar ýigrimiden köpräk bolup, içeri girdiler.
>
> Hemme zada Moskwanyň prokurorynyň orunbasary ýolbaşçylyk edýärdi. Ol özüni tanyşdyrdy, soň ýene iki adam — şol etrabyň milisiýasynyň başlygy hem-de KGB-ň dini işler boýunça wekili bilen tanyşdyrdy. Öňdäkileriň ikisi papaklaryny, paltolaryny çykardylar-da, diwanyň üstünde goýdular. KGB-ň wekili bolsa, hatda telpegini-de çykarmady!

---

3 Şonuň üçin özümize gymmatly bolan zatlary bölek-bölek edip, öýüniň dökülme mümkinçiligi az bolan dürli maşgalalara berýärdik. Ýöne käwagt olaram howpy duýup, maşgala arhiwimiziň öwezini dolup bolmajak böleklerini ýok edipdirler.

Ol şol bolşuna stoluň başynda oturdy-da: «Pasportlaryň hemmesini stoluň üstüne goýuň!» — diýip buýruk berdi. Biz pasportlarymyzy berdik. Olar biziň hemmämiziň dürli şäherlerdendigimizi gördüler (ýöne olar bu ýerde kimiň ýygnanyşanyny şeýle-de bilýärdiler, sebäbi bizi yzarlapdylar).

Prokuroryň orunbasary bize «Ekiş» diýen günbatar žurnalyny görkezdi. Onda biziň BMG-na ýazan arzamyz çap edilipdir. Ol bize üç ýyldan iş kesmegi söz beren bolsa-da, biziň bilen diýseň mylakatly gürleşdi. Soňunda ol: «Bu zatlaryň hemmesini goýuň! Size ýygnanyşmak nämä gerek? Öýli-öýüňize dargaň, ertir agşama çenli Moskwada ýekejäňizem galaýmaň!» — diýdi. Milisiýanyň başlygy akt düzüp, biziň maglumatlarymyzyň hemmesini alyp, pasportlarymyzy gaýdyp berjek boldy. Ýöne KGB-ň wekili pasportlaryň hemmesini süpürip alyp, portfeline saldy-da: «Ertir irden sagat 9-da milisiýa bararsyňyz-da, olary alarsyňyz!» — diýdi.

Bu zatlar ýarygijeden-de soňlara çenli dowam etdi. Ahyrsoňy olar gitdiler, biz bolsa, indi näme etmelidigi hakda pikirlendik. Başga öýlere gitmeli, ýöne Lizanyň ýatylýan otagda gizlän arhiwini nädip saklamaly? Bu gezek olar öý dökmedik bolsalar-da, olaryň irden gaýdyp gelip, öýi dökmejekdiklerine kepil geçip bolmaýardy. Biz uly gorky bilen takside dürli öýlere dargadyk, ertir irden bolsa, maslahaty dowam etmek üçin başga ýerde ýygnanyşdyk. Hudaýa şükür, hemme zat şowly boldy!“

Tussaglaryň mukdary artdy, şol sebäpden hem, garyndaşlar Maslahatynyň işiniň göwrümi-de giňeldi.

Biziň öýümizde ýaş mesihiler Lýusýa, Walýa we Lýuba dagy boldular, olar garyndaşlar Maslahatynyň kätipleri wezipelerini ýerine ýetirýärdiler. Olar bütin ýurtdaky tussag edilenleriň öýlerine baryp görýärdiler, yzarlamalar hakdaky maglumatlary ýygnaýardylar, häkimiýete telegrammalar we gyssagly habarlary goýberýärdiler.

Enem, şeýle hem, olara zenan gözi bilen köp çagaly maşgalalaryň mätäçliklerini — jaýyň üstünden ýagyş geçýärmi, çagalaryň ýyly eşikleri barmy, maşgala gyşa kartoşka we odun ätiýaçlygyny edinipmi, şulary görmekligi tabşyrýardy. Mätäçlik bolan ýagdaýynda garyndaşlar Maslahaty olara kömek etmäge çalyşýardy[4]. Roždestwoda çagalaryň kakasyz geçirýän baýramçylygyny azajygam bolsa bezemek üçin, olar tussag edilenleriň maşgalalaryna hozly, kişdeli, süýjüli sowgatlary iberýärdiler.

Tussag doganlar — biz bu zatlaryň hemmesine öwrenişdik,
ýurtda näçe tussagyň bardygynam bilýäris...
Ýöne kakasynyň ýoklugyna öwrenişmek
çagalara has kyn hem gussaly bolýar.

Tussaga maşgalada garaşýarlar hem ony ýatda saklaýarlar:
Ondan gymmat hem mähriban adam barmyka?
Dogry, çagalar kakalary bilen
diňe diwardaky portret boýunça tanyş.

Ýyl täze sudlar bilen geçirildi,
ýene çaga eginlerini gysýar-da,
kakasy bilen ýesirlik ýüküni çekýäni sebäpli,
ýürekde gussa ýene hököm sürýär.

---

4 Her maşgala her aýda iýmit we gündelik sowalga üçin, çagalaryň sanyna baglylykda, ýerli ýygnakdan kömek alýardy.

8

# ODUŇ BAŞYNDA

1967-nji ýylyň tomsunyň başlarynda ýekşenbe mekdebimizdäki mugallymlarymyz awgustda biziň üç günlük tebigata gezelenje gitjekdigimizi aýtdylar. Şol wagtlar mesihilik çagalar lagerleri düýbünden ýokdy, pionerlige geçmekden ýüz öwrenimiz sebäpli, pioner lagerleri-de biziň üçin däldi. Biz eýýäm 13–14 ýaşymyzdadyk. Ine-de, biz çadyr hem goşhalta bilen tebigata gezelenje taýýarlanýarys. Biz muny nähili arzuw edipdik! „Tokaýyň niresindedir bir ýerinde düşelge gurnup, otda kartoşka bişireris, derýa suwa düşeris, iň esasy zat hem, günuzyn bile bolýarys!“ — diýip göz öňüne getiripdik. Oduň başynda gije oturmak — tebigata gezelenjiň romantikasy...

Ahyrsoňy uzak garaşdyran gün gelip ýetdi. Biziň terbiýeçilerimiz Çernobylyň ýanyndaky tokaýda, Už derýasynyň boýunda ýer saýlapdylar. Kiýewiň awtowokzalyndan gatnaw awtobuslarynda gitdik. Çagalaryň sany 10 ýaşdan 15 ýaş aralygynda altmyş sanydy, olaryň hemmesinde-de gezelenç enjamlary hem goşhalta bardy. Biziň bilen on sany uly adam — ene-atalar we terbiýeçiler barýardy. Ululláryň bir bölegi çadyrlar hem iýmitler bilen irden ulaglarda gidipdiler. Biz barmaly ýerimize baryp ýetenimizde, çadyrlar eýýäm gurlupdy we gazanda bir zat bişip durdy.

Düşelge gurlan ýer örän owadandy, tokaý göni suwa çenli uzap gidýärdi. Bizi çadyrlara paýladylar. Ýolda hemmämiz gaty ajykdyk, şonuň üçin hemmeler agşamlyk naharyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Men gap-gaç ýuwmaly komanda düşdüm, şonuň

üçin hemmeler nahar iýip bolanlaryndan soň, biz çemçeleri, jamlary hem gazanlary toplap, olary kenara alyp bardyk. Ol ýerde hapa çanaklary çäge bilen ýuwduk, çeşmäniň içinde olary çaýkadyk. Agşam hemmämiz oduň başyna ýygnanyp gitara çalyp, kän aýdym aýtdyk. Tomus gijesiniň ümsümligi, ýokarymyzdaky ýyldyzly asman — bu zatlaryň hemmesi uly şäheriň ýagtyly köçelerine öwrenişen çagalar üçin şeýle adatdan daşary zatdy.

Ýatylandan soň, oduň başynda diňe dört sany nobatçy galdy. Olary gijäniň birinji ýarymy üçin saýladylar, soň ertire çenli ikinji çalşyk geldi. Men birinji dörtlüge düşmedim, şonuň üçin, oduň başynda galmagy şeýle islän bolsam-da, boýun bolup ýatmak üçin çadyra gitmeli boldum! Ýöne ömrüňdäki ilkinji gezelenjiň şeýle gijesinde, heý-de, ýatasyň gelermi? Lena ikimiz ýarym sagat dagy hümürdeşip, dostlarymyzyň näme edýänlerini, iň bolmanda, gözümiziň gyýtagy bilen görmek üçin çadyrdan çykmakçy bolduk.

Oduň başynda Saşa, Wowa, Lýuda hem Inna otyrdylar we başgalary oýarmajak bolup, ýuwaşjadan goşgy okaýardylar. Biz ol ýere baranymyzda olar bizi şatlykly pyşyrdy bilen garşy aldylar: „Biziň ýanymyza geliň!“ Lena ikirjiňlendi: „Eger terbiýeçilerimiziň biri oýanaýsa, bize temmi berilmezmi?“ Saşa: „Näme üçin berilsin? Nataşa ikiňiz ikinji çalşykda nobatçylyk etmeli, şonuň üçin siz öz ýeriňize irräk çykdyňyz!“ — diýip köşeşdirdi. Bizi yrmaga köp wagt gerek bolup durmady. Soň bizem oduň başynda oturyp, özümiziň gowy görýän goşgularymyzy okadyk.

Poeziýadan başga gürrüňlere geçenimizi duýmandyrys. Geljekki arzuwlar, durmuş ýoluny saýlama hakda ýürekdeş gürrüň edildi. Biz ýakyn dostlardyk. Bizi umumy pikirler — orkestr, Mukaddes Kitaby düşündirmek, sapaklar birikdirýärdi. 13–14 ýaşda durmuşda köp zada garaşýarsyň. Ykbalymyzyň nähili boljagyny öňden görmek isleýäris. Wowa: „Geliň, on ýyldan soň, ýigrimi ýyldan soň, edil şunuň ýaly edip, oduň başynda duşuşalyň! Umuman, durmuş bizi nirä oklasa-da, biri-birimizi ýitirmäliň“ — diýip teklip etdi.

„Garawul çalşygy“ golaýlap geldi, birinji dörtlük dynç almaga gitmelidi. Ýöne hiç kim ýatmak islemeýärdi, şonuň üçin ikinji

çalşygy oýaryp, ertire çenli oduň başynda bile oturma kararyna geldik. Wowa Wiktory, menem gyzlary turuzmaga gitdik. Witýa ilki hiç zada düşünip bilmedi. „Näme üçin biz beýle köplük?“ — diýip, ol ukuly gözlerini owkalap durşuna sorady. Saşa: „Şeýle bolsa ygtybarlyrak bolýanyna sen, näme, düşünmeýärsiňmi? Birden düşelgä nähilidir bir ykmandalar çozsa näme?“ — diýip degişdi. „Çüş-ş-ş“ — diýip, biz oňa duýdurdyk. — „Ululary oýararsyň, soň olar biziň hemmämizi ýatmaga goýbererler“.

Biz daň atýança gürleşip oturdyk. Sagat bäşlerde terbiýeçiler turdular-da, bizi ýatmaga goýberdiler. Hiç kim garşy çykmady, sebäbi bu wagt hemmämiziň gözlerimiz eýýäm ýumulyp barýardy. Biz derrew uka gitdik, ýöne iki sagatdan soň turduk. Şeýdip, tokaýdaky lagerde ýene bir gün başlandy. Biz çeşmäniň boýunda ýuwundyk. Ertirlik edindik. Ertirlikden soň, Mukaddes Kitap sapaklary we saz sapaklary geçdi, biz täze aýdymlary öwrendik. Soň günortanlyk naharyna çenli oýun we derýa suwa düşme wagty boldy. Günortanlyk naharyndan soň hemmeler otuň üstünde ornaşykly oturdy. Soň Maşa ilkinji „Ýerzemin“ mesihileriň durmuşy hakdaky kitaby bize sesli okap berdi. Kiçilerde bu wagt surat sapagy geçirildi.

Agşamlyk naharynda aşpezler süýtli tüwi bişirmekçi boldular, ýöne süýt ýokdy, çöregem az galypdy. Şonda iýmit getirmek üçin golaýdaky oba birnäçe adamy goýberme kararyna gelindi. Muňa biziň komandamyz, bäş adam gitmäge isleg bildirdi. Süýt üçin bedre, çörek üçin gap, pul alyp ýola düşdük. Ýöne şol agşam barybir süýtli tüwi iýip bilmedik. Biz tejribesiz bolanymyz üçin süýdi dürli adamlardan alyp, hemmesini birikdirdik. Biz sagymyň irki hem agşamky bolýandygyna, eger olary goşsaň, onda süýdüň kesiljekdigine akyl ýetirmändiris. Bu şeýle-de bolup, aşpezlerimizi diýseň gynandyrdy. Ýöne biz gaty gowy, täzeje bişirilen çörek alypdyk, şonuň bilen hem, günämiziň bir bölegini ýuwupdyk.

Agşamlyk naharyndan soň ýene ullakan ot ýakdyk-da, onuň töweregine ýygnandyk. Köp aýdym aýtdyk, goşgy aýtdyk, bile dileg etdik. Meniň üçin mydamalyk hakydamda galan ýiti täsir

dostluk eginlerini duýma duýgusy bolupdy, biz bilelikde özümizi gaty gowy duýýardyk, biziň hemmämiz ýakyn dostlar, bu hem, bütin ömrümize! Lýuda goşgy okap başlady:

Derýaň üstünde aýdymlarymyz göçgünli,
şatlykly hem çasly ýaňlandy!
Meň göwnüme ýaşajyk Aý hem,
derýa nurun saçyp, aýdym aýdýan ýaly boldy.

Lena: „Ýyldyzlara hem Aýa seret...“ — diýip pyşyrdady. Men başymy galdyrdym: gijeki asmanda ýyldyzlar aýdyň görnüp, ýaşajyk Aý hem, ýiti uçly orak ýaly bolup asylyp durdy. Lýuda bolsa, okamagy dowam etdirdi, tanyş setirler umumy keýpimizi şöhlelendirdi:

Şatlykly yhlaslara gurşalyp,
biz egin-egne berip durduk!
Şol pursatda dogany üçin dogan
asla gorkman öz janyny bererdi.

Hemmämiziň ýakan odumyz bolsa,
asuda gijede ýalynlap şadyýan ýandy.
Ýalyn bolsa, ýokary göge owsundy,
bizem bilýäs: şol ýerde biz ýaşarys!

Nobatdaky aýdym aýdylyp durka, Tanýanyň kakasy birden aýdymy böldi. Hemmeler haýran galdy: näme bolduka? Ol şu wagtjyk derýanyň boýuna baryp gelenini, ol ýerde iki sany gaýygyň bardygyny görenini düşündirdi. Olar kenaryň gyrasynda haýaljakdan ýüzüp, ot-çöpleriň içine fonar tutup, bir zat gözleýärdiler. Bu ony ünjä goýupdyr: mesihilik çagalar lageri hakda milisiýa habar bermek üçin bizi gözleýärmikäler? Seresap bolmak üçin ol indi aýdym aýtmazlygy, dileg edip, ýuwaşjadan çadyrlarymyza dargamagy teklip etdi. Bu gije nobatçylyk etmek üçin ulular galdy, biziň hemmämizi bolsa, ýatmaga goýberdiler.

Ertesi irden ýerimizden turduk. Täzelikler biynjalyk edijidi: gije nobatçylaryň ýanyna nätanyş adamlar gelip, munuň nähili lagerdigini sorapdyrlar, ellerinde hiç hili gurallary bolmasa-da, özlerini awçylar diýip atlandyrypdyrlar. Bu örän biynjaylyk etdi, şonuň üçin ulular ertirlik naharyndan soň derrew Kiýewe ugramaly diýen karara geldiler. Derrewjik çadyrlary söküp ýygnadyk, goşhaltalarymyza goşlarymyzy salyşdyrdyk. Şeýdip, ertir sagat onlarda ýola düşdük. Biz tokaýyň içi bilen ýöräp, Kiýewe gidýän awtobusuň saklanýan ýerine bardyk.

Biz entek ýola çykmankak, öňümizden birnäçe milisioner we ştat geýmindäki birnäçe adam çykdy. Olar öňümizde durup, biziň kimdigimizi, bu ýerde näme edýändigimizi soradylar. Biziň tebigata gezelenje gelendigimizi, indi hem, öýe gitmek üçin Kiýewe gidýän awtobusuň saklanýan duralgasyna barýandygymyzy aýdyp, ulular jogap berdiler. Häkimiýet wekilleri biziň saklanylýandygymyzy aýtdylar. Garşylyk görkezmek peýdasyzdy. Bizi ýola alyp çykdylar, ol ýerde eýýäm ullakan furgonly ulag garaşyp durdy.

Milisiýa işgärleri biziň goşlarymyzy ýükläp, özümiziňem furgona münmelidigimizi buýruk berdiler. Toparymyzyň ýolbaşçylary bizde yzymyza gitmek üçin Kiýewe çenli petegimiziň bardygyny düşündirmäge çalyşdylar, emma olary hiç kim diňlemedi. Milisiýa bizi howlukdyryp, furgonyň içine itdi. Furgonda oturar ýaly ýer ýokdy, şonuň üçin biz goşhaltalaryň we çadyrlaryň üstünde oturdyk. Ol ýer örän dardy. Bizi Çernobylyň milisiýa bölümine, iň golaýdaky etrap merkezine alyp gitdiler.

Biz ulagdakak, kiçi toparyň terbiýeçisi Nataşa Lýuda ikimize dünýäniň ýaradylyşy hakdaky çagalar toparynyň suratlaryny ýyrtyp bildirmän taşlamagymyz üçin derrewjik berdi. Bu tabşyrygyň nähili wajypdygyna biz düşünýärdik. Tebigata gezelenjiň jogapkärçiligi terbiýeçileriň üstlerine düşýärdi, şonuň üçin, eger gezelenjiň mesihilik maksadynyň bardygyna subutnama tapylsa, onda olary sud edip, türmä salmaklary mümkindi. Dini manyly çagalar toparynyň suratlary esasy subutnama bolup bilýärdi. Ýolda

suratlary taşlap bilmänimiz sebäpli, olary soňrak taşlarys diýen umyt bilen kurtkamyzyň aşagyna saldyk.

Milisiýa binasy uly däl eken, şoňa görä-de, bizi kerpiç haýat aýlanan howlynyň içine saldylar. Sorag etmek üçin birnäçe adamdan içeri alyp gitdiler, galanlary bolsa, ýerde goşhaltalaryny goýup, olaryň üstlerinde garaşyp oturdylar. Soraga äkidilenlere ýanlary bilen öz goşlaryny almagy buýurdylar. Olary barlandyklaryny bilenimizde, Lýuda ikimiz alada galdyk: suratlary näme etmeli? Milisiýanyň howlusynda hajathana bardy, şonuň üçin bizem bu ýeke-täk çykalga diýen karara geldik. Kagyzlary ýyrtyp, olary ulanylan kagyzlar oklanylýan bedrä atyp, olaryň bildirmeýändigine göz ýetirenimizden soň, özümiziňkileriň ýanyna gaýdyp geldik.

Bizi gaty ürç edip barladylar, hatda çadyrlary-da haltasyndan çykaryp öwrüp gördüler. Her bir goşhaltanyň içindäki zatlary silkişdirip gördüler. Hemmeleri, hatda iň kiçileri-de, ýeke-ýeke barladylar. Milisiýa aýallar hajathanasyna aýlanyp, ol ýerden çagalar toparynyň suratlarynyň böleklerini tapyp, olary otaga alyp geldi. Suratlary uzak wagtlap ýelmediler-de, bize şeýle diýdiler:

„Ine, siziň mesihilik lageri ekendigiňiziň subutnamasy!“ Bizi agşama çenli sakladylar-da, soň Kiýewe barýan awtobusa mündürdiler. Hemmeler öýlerine ýarygijeden soň bardylar. Biziň birinji gezelenjimiz şeýle tamamlandy. Ýolbaşçy hasaplanylan Maşanyň üstünden jenaýat işini gozgadylar, şonuň üçin ol tussag edilmeden gaça durjak bolup, başga şähere gitmeli boldy.

Bizi, ýetginjekleri, ýygnagy yzarlaýjylara bolan kyn duýgular gurşap aldy. Biz doly hukuksyzlyk şertlerinde ulaldyk: biziň gözümiziň öňünde mesihileriň asuda ýygnaklaryny dargadýardylar, biziň sylaýan ýakyn adamlarymyzy jenaýatçylar hökmünde tutup sud edýärdiler. Biz kiçiräkkäk, milisiýa papakly adamlar birden ýygnanyşykda peýda bolup, mesihileri urup, olary ulaga süýräp salyp başlanlarynda, örän gorkýardyk. Ýöne ulalanymyzda, adalatsyzlygyň islendik ýüze çykmasyna bolan garaýşymyz has ýiti hem agyryly bolýardy.

Çernobyldaky türmäniň howlusynda biz milisiýa işgärlerine bir zatlar subut etjek bolduk, olara sorag baryny ýagdyryp: „Mesihi maşgalalardaky çagalara nämäniň esasynda hemme zat gadagan edilýär? Bize näme sebäpden, hatda çadyrly hem goşhaltaly tebigata gitmegem bolmaýar?“ — diýdik. Biz gyzmalyk bilen öz hukugymyzy goradyk, şol sebäpden hem, milisiýa bilen jedeliň gyzan wagtynda, hatda gödek sözlerem aýdypdyrys. Bu ýekşenbe mekdebiniň mugallymlaryny biynjalyk etdi: olar yzarlaýjylara bolan garaýyşlar hakda gürrüňdeşlik geçiripdiler, Täze Ähtden öwrenmek üçin ýumuşlar we Mesihiň, resul Pawlusyň we ilkinji resullar ýygnagynyň Injiliň duşmanlaryna garaýyşlary hakda düzme ýazmagy-da beripdiler.

Ýygnagymyzyň ýolbaşçylarynyň biri bolan Kowalenko Ýefim Timofeýewiçiň Mesihiň haçda ölüp barýarka Özüni gynanlar üçin: „Atam, olary bagyşla, sebäbi näme edýänlerini özlerem bilenok!“ — diýip dileg edişi hakdaky wagzy hakydama ornapdy. Kakamyň garawullaryň, syýasy bölümiň ýolbaşçysynyň, lageriň başlygynyň edýän gazaply hereketleri, özüniň hem şol adamlara bolan garaýyşlary hakda beren gürrüňleri mende güýçli täsir galdyrypdy:

Yzarlaýjylar, men size gargamaýaryn-da,
agyr pursatda haçyň agramy astynda,
Mesihiň ýönekeý adamçylygy bilen
siziň üçin dileg edýärin we ak pata berýärin.

Men sözümde-de, işimde-de arassadyryn:
Men sizi ýagşylyga hem nura çagyrdym.
Siziň ýürekleriňizi öçmejek päkligiň,
söýginiň eýelemegini arzuw etdim.

Ýöne gowy çagyryşlary inkär edip,
Siz doly duşmançylyk bilen jogap berdiňiz.
Azar berijiler, men size gargamok,
ýöne ykbalyňyza gynanýaryn...

Winsleriň maşgalasy, 1956-njy ýyl. Nataşa ejesi, kakasy we enesi bilen.



Üç arka: Nataşa enesi Lidiýa Mihaýlowna we garry enesi Mariýa Abramowna bilen.





Nataşa ejesi bilen



Enesi Petýa bilen öz öýüniň howlusynda



1962-nji ýylyň tomsunda, tokaýda ýygnanyşyk başlan döwründe, enesi Nataşa we Petýa bilen.



Enesi "gyz agtyjagy" bilen



1963-nji ýylda biziň maşgalamyz, kakam türmede 15 gün oturyp gelenden soň.



Kakam lagerde
türme eşiginde



Ženýa, 1967-nji ýyl.



1968-nji ýylda Demirgazyk
Urala kakamyň yzyndan lagere
türmä gitmezimizden öň.



Biziň Soşenkodaky öýümiz.



Kiýew ybadathanasy. Tokaýdaky ýygnanyşyk. Ruhany Ýefim Timofeýewiç Kowalenko wagyz edýär.



Nataşa Inna
bilen, enesiniň
ýanyna türmä
duşuşyga barýar.



Liza skripka çalýar.



Biz seniň bilen bile ulaldyk,
ýürekde ýaşlyk aýdymy ýaňlanýar,
mähelläniň sesine siňip gitdiler,
çagalyk ýyllary yza dolap bolmaýar.



Biziň gezelenjimiz



Wera Şuportýak, azatlykdan soň ilkinji günleri. 1968-nji ýylyň noýabry.




Ženýa birinji synpda



Maşa, çagalar ýekşenbe mekdebindäki mugallymamyz.



Nataşa Lýuba Kosaçewiç bilen, edebiýatlary paýlap gowşurýan döwründe, 1978-nji ýyl.



Biziň orkestrimiz



Biziň öýümizde geçýän tussaglaryň garyndaşlar
Maslahatynyň mejlisi, 1979-njy ýyl.



ОТ МАРКА, 9

солью осолится.
50 Соль — добрая вещь;
но, ежели соль не солона
будет, чем вы ее поправи-
те? Имейте в себе соль, и
мир имейте между собою.

ГЛАВА 10

Отправившись оттуда,
приходит в пределы Иу-
дейские за Иорданскою
стороною. Опять собира-
ется к Нему народ; и, по
обычаю Своему, Он опять
учил их.

112

ОТ МАРКА, 10

2 Подошли фарисеи и
спросили, искушая Его:
позволительно ли разво-
диться мужу с женою?
3 Он сказал им в ответ:
что заповедал вам Мои-
сей?
4 Они сказали: Моисей
позволил писать развод-
ное письмо и разводиться.
5 Иисус сказал им в от-
вет: по жестокосердию
вашему он написал вам
сию заповедь;
6 В начале же создания,
Бог мужчину и женщину

113

Markyň Hoş Habaryndan göçürme, kakam muny türmä gizlin alyp geçdi. Hakyky ölçegi beýan edilen; kitaby gizlemek aňsat bolýardy.



Kakam Şura bilen, "Tabaga" türme lagerinde duşuşykda.





Nýu-Ýorkdaky ilkinji güni,
azatlygyň ilkinji pursatlary...
Ýyllar boýy... Belki, ýyllara çekjek
ajy aýralygyň tagamyn duýýan...



Nýu-Ýorkdaky pres-konferensiýa, 1979-njy ýylyň 28-nji apreli, azatlyga çykandan soň ertesi.



Ženýa



Şura



Öýde soňky günler. 1979-njy ýylyň iýuny. Petýa Şura, Irina we Eldar bilen.



Kakam maşgalasy bilen duşan ilkinji pursatynda Hudaýa dileg edýär.



G.P. Wins Ak öýde Prezident R. Reýgan
bilen duşuşyk wagtynda, 1982-nji ýyl.



Uzak garaşylan duşuşyk: kakam enem we Şura bilen.
Wermont, ABŞ, 1979-njy ýylyň 14-nji iýuny.

G.P. Wins aýaly bilen Çikagoda, 1985-nji ýylyň tomus aýy.



Şura we Petýa Wins, 1988-nji ýyl.





Winsleriň maşgalasy Elkartede, ABŞ, 1981-nji ýyl.



Nataşa Wins,
2002-nji ýylyň mart aýy.

# 9

# ŞYPALLARYŇ ÜSTÜNDE PYÝADA ÝÖRÄP

1967-nji ýylyň oktýabr aýynda enem ikimiz „Anýuşa“ türmesine kakam bilen duşuşmak üçin gitdik. Kakamy ol ýere „Çepeçanki“ türmesinden tomusda geçiripdiler. Moskwadan gelýän otly Uralyň Kizel şäherçesine giç agşam bardy. Biz daň atýança wokzalda oturdyk-da, ilkinji awtobus bilen Taliý obasyna gitdik. Taliýden demirgazyk tarapda geçip bolmaýan tokaý ýatyrdy. Ol ýerden türmä çenli ýol ýokdy. Ol türmä diňe kiçijik motowozda baryp bolýardy.

Taliý obasy uly däldi, onuň bary-ýogy birnäçe köçesi bardy. Ownujak ýagyş ýagyp durdy, hapa zerarly daş düşelmedik ýollardan geçip bolmaýardy. Ýagyşdan ýaňa çygjaryp duran pes äpişgeli agaç jaýlar içiňi gysdyrýardy. Köçelerdäki adamlar Kiýewdäki adamlardan düýpgöter tapawutlanýardylar. Erkeklerem, aýallaram kirza ädiklidiler, güpbülidiler. Aýallaryň kellelerinde ýyly dörtburç çyzykly ýaglyklar, erkekleriň kellelerinde bolsa, telpek bardy. Olaryň ýüzleri mylakatly däldi, gaharlydy. Beýle tukatlyk ýiti içgysgynçlygy döredýärdi. Çaltrak öýe gitmek isleýärdim. Ol ýerde biz gaýtmazymyzdan öň Gün kaştanlara tylla şöhlesini saçyp durdy, agşamlaryna bolsa, fonarlaryň we şöhle saçýan äpişgeleriň ýagtysy Kreşatigi şöhlelendirip durdy.

Bu ýerde ýüregi ýyladýan ýeke-täk pikir — bu öňde kakam bilen duşuşygyň durandygydy. Belki-de, şol duşuşyk şu gün bolar! Motowozyň stansiýasyna nädip barmalydygyny soramak üçin çaýhana girdik. Bize onuň obanyň gutaran ýerindedigini düşündirdiler. Ahyrsoňy agaçdan ýasalan garaşylýan ýeri tapdyk —

şol hem „stansiýady“. Ol ýerde bäş sany adam ýagyşdan gizlenip durdy. Enem motowozyň gün tertibini nädip bilip bolýandygyny soranda, oňa hiç hili gün tertibiniň ýokdugyny, oňa ýöne bir garaşyp oturmalydygyny, käwagt bir-iki sagat, käwagt hem, bir gije-gündiz garaşmaly bolýandygyny düşündirdiler.

Biz ol kümede ýarym gün garaşdyk. Biziň goşumyz kändi. Kakama olaryň hemmesini geçirip berip bileris diýen umyt bilen walenki, ýyly egin-eşik alyp barýardyk. Uralda gyş gazaply bolýardy. Oňa geçirmek üçin doňuz ýagyny, şöhlat, konserwa, şeýle hem, çörek, peýnir, alma alyp barýardyk. Eger garawuldaky garawullar rugsat etseler, duşuşyk wagtynda ony naharlamak isledik. Özümiziňem bir hepdelik goşlarymyz. Şeýdibem, çemodan, goşhalta we ullakan sumka boldy.

Motowoz gelende bolsa, biz goşlarymyzy açyk ýerine ýükledik. Men bolsa oňa zordan mündüm, enemi bolsa, biziň bilen bile garaşyp oturan erkekler mündürdi. Biz taýganyň içi bilen bir sagatdan-da köpräk ýöredik. Sowuk şemal öwsüp durdy, ýagyş ýüzümize urulýardy. Biz gaty üşedik. Ahyrsoňy biz taýganyň içinde ýerleşýän „Anýuşa“ obasyna ýetdik. Ol ýerde biz daşyna beýik haýat aýlanan lageri, garawul esgerler üçin salnan iki-üç kümäni, ofiserleriň maşgalalary bilen ýaşaýan birnäçe öýüni gördük.

Anýuşada diňe enem ikimiz düşdük. Ýolagçylaryň biri goşlarymyzy ýere düşürmäge kömek etdi, soň motowoz gitdi. Biz bolsa, ýagyşdan bukular ýaly, nähilidir bir pena taparmykak diýip, töweregimize seredip ýeke galdyk. Soň biz depejigiň üstünde, bizden birnäçe aňyrrakda daş düşelen ýerde duran agaç öýjagazy gördük. Biz gapyny kakdyk, ýöne jogap bolmady. Gapy ýapyk däl eken, şonuň üçin, bu lagere duşuşyga gelen garyndaşlaryň garaşýan ýeridir öýdip, biz içeri girdik.

Öýjagaz bir otagdan ybarat bolan peçli jaýdy. Diwaryň ýanynda birnäçe oturylýan ýer bilen kirli düşekli demir krowat, ortada bolsa, uzyn stol bardy. Pejiň içinde odun ýanyp duran eken, içeri gury hem ýylydy. Men ezilen paltomy çykaryp, guratmak üçin serip goýdum. Enem meni goşlaryň ýanynda goýup, özi biziň haçan

duşuşyk alyp biljekdigimizi bilmäge gitdi. Ol bir sagatdan soň örän gynanyp gaýdyp geldi. Lageriň başlygy Winsde düzgüni bozmanyň bardygyna — ondan Mukaddes Kitabyň aýatlary ýazylan depderiň tapylandygyna esaslanyp, duşuşyk bermekden boýun towlapdyr.

Enem duşuşmaga rugsat bermegini sorap haýyş edipdir we bu ýere Ukrainadan üç günüň dowamynda gelendigimizi gürrüň beripdir. Emma lageriň başlygy hiç hili eglişik etmän, onuň bilen örän gödek gürleşipdir. Indi biz näme etmeli we nireden kömek soramaly? Dileg edip, hemme zady Hudaýyň eline berenden soň, biz öýjagazda ýatma, ertir irdenem, lageriň başlygynyň ýanyna ýene barma kararyna geldik: belki, oňa çenlä ol ýumşar-da, duşuşmaga rugsat berer.

Garaňky düşüp başlady. Taýgadan tussaglaryň toparlary gelip başlady: olar tokaýda agaç ýykma işinden gaýdyp geýärdiler. Her bir topary awtomatly we itli garawullar alyp gelýärdiler. Biz kakamy görme umydy bilen gapynyň agzyna çykdyk. Ýöne ony görmek başartmady, sebäbi tussaglaryň hemmesi birmeňzeş güpbüdediler we tussaglaryň telpeklerindediler, olar umumy bir reňksiz topbak ýaly bolup durdular. Soňky topar lageriň beýik haýadynyň aňyrsynda gaýyp bolýança, biz bir sagatdan köpräk gapynyň agzynda seredip durduk.

Agşam öýjagaza peji barlamak we oňa odun atmak üçin nobatçy geldi. Ol garawul eşigini geýen 19 ýaşlaryndaky tussag[1] oglandy. Enem iýmitden käbir zatlary oňa hödür etdi, ol hem, höwes bilen aldy. Görüp otursak, ol kakam bilen bir kümede bolýan eken we ony gowy tanaýan eken. Biz kakama birazajyk iýmit äkidip bermegini we biziň gelenimizi, ýöne bize duşuşyk bermeýändiklerini oňa aýtmagy haýyş etdik. Oglan razy boldy.

Biz inçejik krowatda ýatdyk, başymyzyň aşagyna geýimlerimizi goýduk, üstümize bolsa, guran paltony ýapdyk. Krowat şeýle bir inçedi welin, hatda bir gapdalyňa agdarylybam bolmaýardy. Gije biziň üstümize potolokdan tagtabiti düşüp başlady. Şonuň üçin biz

1 Ol lagerde ýaşaýardy, ýöne işi boýunça zonanyň çäklerinden çykyp bilýärdi.

oýaly-ukuly ýatdyk. Ertesi ir turduk-da, ýene tussaglary lageriň derwezesinden çykaryp, taýga işe äkidýänçäler, gapyda durduk.

Ertir irden sagat 9-da enem ýene başlygyň kabulhanasyna gitdi. Ol derrew gaýdyp geldi. Bu gezek başlyk onuň bilen azajyk gowrak gürleşipdir, ýöne barybir duşuşyk bermändir-de, bu meseläni diňe müdirlikden çözüp bolýandygyny aýdypdyr. Indi Taliýe gaýdyp gitmek gerekdi. Goşlary näme etmeli? Ýene ýanymyz bilen süýräp gitmelimi? Bu ýerde gözegçisiz goýup gitseň, gaýdyp gelýänçän onuň abat durjagyna kepil ýokdy. Eger müdirligiň başlygy gol çekmese, onda gaýdyp geljegimizem belli däldi.

Bu zatlaryň soňunda enemiň radikulidi gozgady (öl eşikli motowozda gelenimizde, ol sowuklan bolsa gerek). Ol zordan ýöreýärdi. Diýmek, hemme zady ýeke özüm götermeli bolýardym. Biz öýjagazda goşlarymyzyň bir bölegini, iň zerurlaryny bolsa, ýanymyz bilen alyp gitmegi makul bildik. Şeýle bolanda-da, goşhaltamyz hem uly sumkamyz doldy. Galan zatlarymyzy salan çemodanymyzy krowadyň aşagyna süýşürdik-de, motowoza garaşmaga çykdyk. Bagtymyza ýagyş diňipdi, hatda bulutlaryň arasyndan güneşem jyklaýardy.

Ol ýerde bizden başga-da iki ofiser motowoza garaşyp durdy. Olar bir sagatdan gowrak wagtlap duranlaryndan soň, pyýada ýoluň çatrygyna gitmekçi boldular. Ol ýerde motowozlaryň esasy magistraly bardy we köpräk gatnaýardy hem-de islendik ýol ulagy Taliýä çenli alyp gidýärdi. „Bu ýerden çatryga çenli bäş kilometr dagy bar. Motowozyň ýolundan gowusy düşmeli däl, töwerek batgalykdyr“ — diýip, olaryň biri duýdurdy. Soň olar şpallaryň üsti bilen çatryk tarapa ýöräp gitdiler.

Ýöne bize, ol kyrk ýaşly sagdyn adamlara bolşy ýaly, ýolda düşmek aňsat bolmady. Ilki men eneme daýanyp ýöremegi üçin, berk taýak tapyp berdim. Soň ol maňa goşhaltany egnime asmaga kömek etdi, ýerde ýene ullakan sumka-da durdy. Enem maňa gaýgy bilen seretdi: „Sen bu zatlary nädip şpalyň üsti bilen göterip gitjek? Sen entek ýaňy on dört ýaşyňda ahyry, güýjüň entek çaga güýji ahyry. Bilemok, çatryga ýetermikäk...?“ Ýöne

başga alajymyz ýokdy, şonuň üçin dileg edip, şpallaryň üsti bilen haýaljakdan ýöräp başladyk.

Biz bir sagada golaý ýöränimizden soň, birden arkamyzda motowozyň signaly ýaňlandy. Biz gyra çekildik-de, sürüji saklar ýaly, elimizi güýjümizde baryny edip buladyk. Ýöne onuň özem eýýäm tizligini peseldipdi. Görsek, motowoz Taliýä çenli barýan eken. Onuň platformalaryna agaç ýüklenilipdi, şonuň üçin sürüji bize öz ýanyna münmegi teklip etdi. Biz Rebbiň şeýle duýdansyz ulag berenine gaty begendik. Taliýde men wokzalyň agaç kümesinde goşlaryň ýanynda galdym, enem bolsa, taýagyna daýanyp, lagerleriň müdirligini gözlemäge gitdi. Müdirligiň başlygynyň eneme nebsi agryp, duşuşyk üçin rugsatnama gol çekipdir. Ol begenip, meniň garaşyp duran ýerimdäki kümäniň ýanyna geldi, soň biz, yzymyza gider ýaly motowozyň çalt gelmegi üçin dileg etdik.

Ýene lageriň derwezesiniň öňüne baranymyzda, eýýäm garaňky düşüp başlapdy. Duşuşyga müdirligiň ýolbaşçysynyň özüniň gol çekeni sebäpli, bizi haýal etmezden wahta saldylar, barladylar we duşuşylýan otaga alyp bardylar. Stoluň başynda nobatçy ofiser otyrdy. Ol mylakatly salamlaşdy-da, duşuşan wagtymyzda özüniň biziň ýanymyzda boljakdygyny düşündirdi. Garawul kakamy alyp geldi. Ol ýadaw, horlanan ýaly bolup görünýärdi, ýöne gözlerinde şatlyk bardy: bize barybir duşuşyk beripdiler!

Ofiser gürrüňimizde lagerdäki saklanyş şertleri hakda gürleşmeli däldigimizi duýdurdy. Enem şobada ogluny naharlamagyň bolýanmydygyny sorady: sumkada birazajyk öýüň naharyndan bardy. Umumy duşuşygyň düzgünine görä muňa rugsat berilmeýärdi, ýöne ofiser kadadan çykma görnüşinde rugsat berdi. Iki sagat derrew geçip gitdi. Kakam köp zat — öýdäki täzelikler, elbetde, dostlary, ýygnak hakda bilmek isleýärdi. Gynansak-da, ýat adamyň ýanynda hemme zat hakda gürrüň edip bolmaýardy: ofiser bizi ýekeje minut hem ýeke galdyrmady.

Ol birden şeýle çalt duşuşyk wagtynyň gutarandygyny — hoşlaşmaly wagtyň gelendigini aýtdy. Enem aglady. Bize bile dileg etmäge rugsat berdiler, soň kakamy zona alyp gitdiler. Biz

ertire çenli garaşyp, yzymyza köp günlük ýola düşdük. Moskwa barýan otluda enem duşuşyk wagtynda aýdyp ýetişmedik zatlary hakda hat ýazdy:

„Gadyrdan Georgiý, saňa özümiň enelik ak patamy ýollaýaryn!

Seniň ýanyňa barmaklyk ýüzbe-ýüz görüşme hem gürleşme şatlygy bilen bilelikde meniň ýüregimde agyr yz galdyrdy. Şol ýaş günäli jenaýatkärleriň görnüşleri kalbymy olara bolan nebsagyryjylykdan dolduryar. Adamy Öz keşbinde Ýaradana bu zatlaryň hemmesini görmeklik has-da kyndyr diýip pikir edýärin. Ýüregimde Meshiň: «Olara iýer ýaly zat beriň!» — diýen sözleri ýaňlanýar. Gazapdan ýaňa gyşaran ýüzleriň hoş sözden ýaňa ynsan ýüzüne meňzänini ömrümde köp gördüm. Günäli haýwan keşbindäki adamy galkyndyrmak — nähili uly wezipe.

Şonuň ýalylaryň içinde gije-gündiz bolmagyň saňa nähili kyndygyny bilýärin, şonuň üçin ýüregim çuň gaýgyda. Indi senem «erbetlere degişli edildiň». Enäniň gaýgysynyň çuňlugyny kim ölçäp biler? Ýöne Hudaý biziň ýolumyzy bilýär. Reb:

«„Çünki Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl,
siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl“.
Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa,
Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan,
Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden şonuň ýaly beýikdir» — diýýär.

Şuňa ynanmaklyk kalbymy rahatlandyrýar.
Seniň ejeň“.

Kakamdan jogap esli wagtdan soň, ýagny noýabryň ahyrynda geldi. Ol enemi täze goşgy bilen begendirdi:

Gijäň garaňkysy ýaýrar ýaly,
ýürekdeş söz aýtmak üçin,
men seni gujaklamak isleýän.
mähirli gözleriňe seretmek isleýän.

Seniň enelik ýüregiňi
gaýdyp barmak bilen,
Imany ugrunda ejir çeken Kakam üçin,
bileje aglap köşeşdirmek isleýärin.

... Ýollaryň hemmesini syrgyn örtdi,
azatlygam diňe gijelerine düýşe girýär.
Diňe iman öňküsi ýaly,
ýyllar geçdigiçe Hudaýda berkeýär!

# 10

# GANDALLARDAKY IMAN

1966-njy ýylda biziň Kiýewdäki ýygnagymyzdan diňe kakam tussag edilmedi. Şol ýyl on bir adam: ruhy çopanyň kömekçisi Wasiliý Nikolaýewiç Žurilo, wagyzçy Pawel Owerçuk, Wasiliý Kirilko, Nikolaý Weliçko, Wasiliý Kozaçuk, Iwan Koptilo, Stanislaw Lunçenko, Grigoriý Meged we 70 ýaşly Andreý Timofeýewiç Keçik dagy tussag edildi. Ýekşenbe mekdebiň mugallymlarynyň biri bolan Wera Şuportýagy-da tussag etdiler. Wera ýaňy 19 ýaşyndady.

Tussaglaryň köp çagaly maşgalalaryna ýygnak her aýda kömek edýärdi. Her gezek maşgala nobatdaky duşuşyga baryp gelenden soň, onuň aýalyndan adamsynyň özüni nähili duýýanyny, onda nähili mätäçlikleriň bardygyny gürrüň bermegini, ýygnaga näme aýtmagy tabşyranyny soraýardylar. Şondan soň onuň üçin hem-de beýleki tussaglar üçin aýratyn dileg edýärdiler. Ýygnanyşykdan soň köpler: „Kakaň nähili? Ondan hat gelýärmi? Ol hakda nämeler eşitdiňiz?“ diýen ýaly soraglar bilen ýanymyza gelýärdiler. Dostlarymyzyň gatnaşygy ýüregimizi ýyladýardy: biz özümizi hasratymyz içinde ýeke duýmaýardyk, ýygnak biziň uly maşgalamyzdy.

1968-nji ýylyň noýabr aýynda iki ýarym ýyl oturanyndan soň, Wera Şuporýak mordowiýa lagerlerinden azatlyga çykdy. Onuň gaýdyp gelmegi bütin ýygnak üçin baýramçylyk boldy. Şu ýyllaryň dowamynda ejesine goldaw berendikleri, aladasyny edendikleri hem-de dileg edendikleri üçin ol ýygnaga minnetdarlyk bildirdi (Weranyň ejesinden başga ýakyny ýokdy). Weranyň azatlyga çykany mynasybetli ýaşlar aýratyn dabara agşamyny gurady.

Biz eýýäm 15–16 ýaşymyzdadyk, Weranyň tutulanyndakysyndan azajyk ýaşdyk, şonuň üçin indi biz onuň lagerdäki durmuşy, 19 ýaşda türmä düşende, nähili duýgulary duýany hakda soramak isledik. Bu ýaşlar agşamy köp wagtlap hakydamyzda galdy.

Werany 1966-njy ýylyň 17-nji maýynda, mesihileriň döwlet işgärleri bilen duşuşmak üçin Moskwa gelen[1] delegasiýasyny dargadanlarynda tussag etdiler. Wera: „Biz Kiýewden birnäçe adam bolup gitdik. 16-njy maýda otly Moskwa bardy. Wokzalda dürli şäherlerden gelen delegatlary dostlarymyz garşy aldylar-da, SSKP MK kabulhanasyna ugratdylar. Ol ýerde ýarym sagadyň içinde biz 400 adam bolduk. Biziň ýanymyza kabulhananyň başlygy Stroganow çykdy-da, bize Brežnew bilen duşuşmaga ýol bermejekdiklerini aýtdy.

Maňa iň başda wakalaryň gidişini ýazmagy haýyş etdiler, şonuň üçin men bloknotda gysgajyk ýazgy edip başladym. Ertesi gün delegasiýany KGB-iň işgärleri zalymlyk bilen uranlaryndan we hemmämiz tutulanymyzdan[2] soň, meniň bloknotymy tapdylar. Meni barlan KGB işgäri: «Ine, başga subutnama geregem däl! Ýyl bermek üçin ýeterlik» — diýdi. Şeýdibem, meni kamera alyp gitdiler.

Biz kamerada alty sanydyk, hemmämizem delegasiýa gatnaşyjylardyk. Biz bile dileg etdik, geçen iki günüň täsirlerini paýlaşdyk. Ertesi gün üçüsini boşatdylar. Kamerada diňe men Mariýa

1 60-njy ýyllarda bütin ýurtda yzarlamalar güýçlendi, şol sebäpden hem, 16-njy maýda Moskwa baryp, SSKP MK çykmaklary üçin her ýygnak birnäçe adam goýberdi. Olar ýurduň baştutany bilen duşuşmagy haýyş etdiler. Delegasiýanyň maksady L. I. Brežnewe mesihileriň yzarlanylýany hakdaky köp sanly faktlary bermekdi we yzarlamalaryň maksada gönükdirilen häsiýetiniň barmydygyny ýa-da ýerli häkimiýetiň başyna gitmesimidigini anyklamakdy. Delegasiýa, şeýle hem, dini edebiýatyň alynýandygy, ýygnanyşyklary dargadýandyklary, tussag edilmeler hakdaky faktlary hem-de mesihilere başga azar bermeleri derňemek üçin döwlet komissiýasyny düzmegi haýyş etjekdi.

2 Delegasiýanyň duran meýdanyna awtobuslary alyp bardylar-da, milisiýa işgärleri we nobatçy gullukçylar hemmeleri awtobuslara süýräp saldylar we zalymlyk bilen olary urdular.

Ýakimenko we Lidiýa Goworun galdyk. 21-nji maýda meni birinji soraga çagyrdylar-da, meniň derňew astyndadygymy aýtdylar“.

Biz demimizi alman diýen ýaly diňledik. Wiktor:

„Wera, kamera düşeniňde nähili duýgy duýduň? Näme hakda pikir etdiň we ýadyňa näme düşdi?“ diýip sorady.

Wera ýylgyrdy: „Aý, dostlar, eger ähli jikme-jiklikleri aýtjak bolsak, onda ertire çenli-de oturarys! Şonuň üçin men gysgajyk, diňe esasy zat hakda aýtjak bolaryn. Ilkinji günlerde täsirler, elbetde, köp boldy. Garawul meni soraga alyp barýar. Bu zatlaryň hemmesi meniň üçin täze zatdy, men entek düzgünleri-de bilemokdym. Görüp otursak, Lefortowoda hemme zat şeýle berk eken. Garawul tatardy, kiçijikdi hem gaharjaňdy. Ine-de, ol meni türmäniň koridory bilen alyp barýar. Men bolsa, gapylaryň biriniň deşiginden seretjek boldum (men delegasiýamyzdaky dostlarymyzyň dürli kameralarda oturanyny bilýärdim). Garawul maňa: «Edýäniň näme? Nirededigiňe düşüneňokmy?» — diýip, gaty erbet gygyrdy. Men gorkdum-da, bu ýerde näme etmegiň bolýanyny, nämäniň bolmaýanyny entek bilmeýänimi aýdyp, özümi akladym. Men türmede urulmadan diýseň gorkýardym. Meni ömrümde hiç kim urmandy, şoňa görä-de, muny göz öňüne getirmegem juda gorkunçdy.

Derňewler wagtynda men kamerada köplenç ýeke boldum, käwagt ýanyma adam getirýärdiler. Türme könedi, diwarlar galyňdy, atmosfera ezijidi. Ýöne bu maňa onçakly täsir edibem durmady. Men Lefortowoda baryp patyşa döwründen bäri ajaýyp kitaphananyň saklanylyp galandygy, onda özümiziň we daşary ýurt nusgawy edebiýatynyň bardygy, sowet döwründe täzeden işlenilmedik köne kitaplaryň barydygy hakda köp okapdym. Biziň kameramyza hepdede bir gezek kitaplaryň sanawyny getirýärdiler, şonda kitap saýlap bilýärdiň. Şol derňew döwründe men köp gymmatly zatlary bildim. Bir söz bilen aýtsam, ýekelik meni gynamady. Men diňe ejemi örän gaýgy etdim, sebäbi onuň meni nähili gaýgy edýänini bilýärdim.

Sud awgustda boldy, meni delegasiýa habarçy hökmünde gatnaşmakda, ýazgy etmekde, umuman, göze ilginç işjeňlik

görkezmekde aýypladylar. Olar bu zatlaryň hemmesini dini kultlar baradaky kanuny bozmaklyga syrykdyrdylar-da, iki ýarym ýyla höküm etdiler. Sudda ejem bardy, oňa habar bermäge ýetişipdirler. Iki joram, Maşa bilen Lena-da bardy.

Umuman, türme gowy durmuş mekdebi. Ýöne bu zatlary söz bilen aýdyp bolmaýar, diňe başdan geçirip görmeli. Ol ýer, edil başga dünýä ýaly, hemme zada — adam janyna, durmuş gymmatlyklaryna başgaça garalýar. Eger men ozal nusgawy sazy gowy gören bolsam, lagerde ony diňlänimde, kalbym bilen dynç alýardym. Ol ýerde çalt ulalýarsyň, has batyrrak bolýarsyň. Meni türmä salanlarynda, 19 ýaşymdadym, ýöne ol ýerde birazrajyk wagtlap bolanymdan soň, özümi has tejribeliräk, durmuşy gowrak bilýän adam duýdum".

Inna: „Wera, lagerde iň kyn zat näme boldy?" — diýip sorady.

Wera birneme dymdy-da, soň oýa batyp: „Dürli pursatlar boldy, ýöne ony ýatlamak hökmanmy? Ýogsa-da, bir wakany gürrüň berjek. Türme durmuşyndaky iň eýmenç zat — bu, elbetde, etap etmekdi".

Türmeçileriň wagonlary, göçüş wagtynda saklanylýan kameralary we başga zatlar. Ine-de, etap wagtynda bizi, mordowýa lagerleriniň adaty çetine, Potma göçüşe alyp bardylar. Meniň bilen Orýoldan Lýusýa barýardy. Olam delegasiýanyň içindedi. Oňa iş kesip, meniň giden lagerime iberdiler.

Otlynyň ýanynda etapy „gargajyklar" garşy aldylar, bizi göçüşde saklanylýan türmä alyp bardylar. Potmadaky türme könedi, gaty erbet hapady, kameralar hyryn-dykyndy. Lýusýa ikimize edil meýdan edilýän bedräniň ýanyndan ýer ýetdi. Eýýäm giçdi, soň biz dileg edip, ýerimizde ýatdyk. Ol ýerde bir aýal bolsa, ol eýýäm gartaşandy, küýküdi, geplenip, kameradaky biziň burçumyzyň ýanynda öňe-yza ýöräp, bütin ömrüni gürrüň berýär. Ol eýýäm 14-nji gezek otyrdy: azatlyga çykýar, ýerleşip bilmeýär-de, nämedir bir zat ogurlap, ýene türmä düşýär.

Men, belki, bu ýagdaý, etapyň dartgynlylygy sebäpli bolmagy mümkin, ýatanymda bokurdagymda tegegiň bardygyny duýdum-da, aglaman zordan saklandym. Men Lýusýany gynandyrmaz ýaly,

özüme aglamaga ýol bermerin. Görüp otursam, Lýusýanyňam ýagdaýy şeýle. Men saklanyp bilmän, ilki bolup aglap başladym. Şol wagt Lýusýa-da saklanmagyny bes etdi. Men bir sagat dagy köşeşip bilmedim, bu nerwiň ýan bermesi ýaly bir zat boldy.

Töweregimdäki aýallar alada galdylar: „Şunuň ýaly kameralara şeýle ýaş gyzlary salýarlar! Näme üçin — Hudaýa ynanýanlary üçin, bu nähili jenaýatmyşyn! Köşeşiň, gyzlar. Lagerde gynanmarsyňyz“. Lýusýa ikimiz biri-birimize Mukaddes Ýazgydaky: „Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir“ (Ýermeýa 29:11), „Ýüregiňiz gysmasyn. Hudaýa iman ediň, Maňa iman ediň. Atamyň öýünde mesgenler köpdür...“ (Ýohan 14:1–2) — diýen sözleri ýatlatdylar.

Hemme tarapdan Weranyň üstüne soraglar ýagdy, ýöne gürrüňdeşlik şeýle-de uzaga çekipdi, şol sebäpden hem dargamaga çen bolupdy. Wera ýene bir soraga, Saşanyň beren soragyna jogap bermäge razy boldy: „Wera, lagerdäki durmuşyň durşuna kynçylykdygy, diňe adaty tukat günlerdigi dogrumy? Sen nähili hem bolsa, bir gowy, şahyrana bir zady ýada salyp bilýärsiňmi?“

Wera ýylgyrdy: „Gowy zatlar köp bolupdy. Ýöne bir aýazly gün ýadymda aýratyn galdy. Şonda ýatmaly wagtdan soň esgerler içeri girip, hemmelere derrewjik geýinmegi we howla çykmagy buýruk berdiler. Görsek, kömürli wagonlar gelipdir, olary ertire çenli gyssagly düşürmek gerekdi. Aýallar garşylyk görkezip başladylar, indem birden — garaşylmadyk gijeki çalşyk! Ýöne tussagyň özüne erki ýokdy, şonuň üçin biz tabyn bolmaga mejburdyk.

Iş gaty agyrdy, howa gaty erbet aýazlydy, kömrüň gyralary doňupdy, olary eliň bilen ýolup almalydy. Şeýdip, biz birnäçe sagat işledik. Irde-giçde hemme zadyň soňy gelýär, kömri düşürme-de tamamlandy. Daňa golaý işçi gününiň öň ýanynda dynç almak üçin bizi jaýymyza goýberdiler. Ellerim, arkam lorsuldaýardy. Men ýokarky krowada çykyp, ýorgana dolandym. Meniň ýassygym äpişgäniň ýanyndady, äpişgäniň aňyrsynda bolsa, agaç bilen fonar bardy. Meniň gözüm äpişgä tarapa uzalyp duran, gyrawa örtülen

şahajyga düşdi. Maňa hatda şolam aýna degýän ýaly bolup göründi. Meniň üçin bu, edil Hudaýyň ýylgyrmasy ýaly bolup göründi. Men Onuň ýakynlygyny, aladasyny duýup, ertir turma wagtyna çenli asuda ýatypdyryn".

Men şol agşam Wera sorag bermedim-de, aňyrky burçda oturdym hem-de onuň diýenlerini kalbymda gopýan duýgular bilen deňeşdirdim. Men kyn döwri başdan geçirýärdim: mende mesihilik ynamymyň hakykylygyna şübhe döredi. Mundan iki ýyl öň biziň mekdebimize uniwersiteti ýaňyja gutaran komsomol bolan bir mugallym geldi. Ýedinji synpda „sektantyň" okaýanyny beýleki mugallymlardan eşidip, ol meni täzeden terbiýelemekde güýjüni synap görmek isledi. Ony biziň synp ýolbaşçymyz edip bellediler.

Täze mugallymyň saýlan usullary ozalky ulanylan usullardan tapawutlanýardy. Şelýa Abramowna hiç haçan meni synpyň öňünde gülki edip goýmaýardy we kemsitmäge çalyşmaýardy. Her hili ýol bilen dostlukly täsir döretmek üçin ol uly arakesmeler wagtynda, haýsydyr bir otaga çagyrman, meniň bilen koridordaky äpişgäniň öňünde gürleşýärdi.

Meniň edebiýat sapagyny gowy görýänimi, şonuň üçin okamagy gaty gowy görýänimi bilende, ol meniň bilen kitaplar, ýazyjylar, Paustowskiniň, Aleksandr Griniň, Ekzýuperiniň eserlerindäki gowy görýän gahrymanlarym hakda gürleşýärdi. Onuň pikirini diňlemeklik, öz pikirimi aýtmaklyk, nämedir bir zatda ylalaşmak, nämedir bir zatda jedelleşmek maňa gyzyklydy. Onuň edepliligi meni diýseň haýran galdyrdy. Ol din, Hudaýa bolan ynam hakdaky meselelere degip geçmeýärdi (beýleki mugallymlar meniň bilen gürleşenlerinde, diňe şular hakda gürleşýärdiler).

Ýuwaş-ýuwaşdan Şelýa Abramowna maňa ýakyn adam boldy. Men onuň pikirini gymmat hasapladym. Biziň arakesmelerde edýän gürrüňlerimiz meniň üçin wajyp bolup başlady. Ol muny duýan bolmaga çemeli, şonuň üçin aýgytly hereket edip başlady-

da, bir gezek Woýniçiň kitabyndaky Owod bilen Montelli ruhana bolan garaýyşym hakda gürrüňe başlady. Men bu kitaby şol wagtlar gaty gyzygyp okapdym. Owodyň batyrlygyna hem öz ideýalaryna wepalylygyna haýran galýardym, Montanellä bolsa, diňe nebsim agyrýardy, aýratynam, kulminasion nokadynda, ondan oglunyň ölüme hököm edilmesine gol çekmegini talap edenlerinde gynanypdym. Şelýa Abramowna birden Montanelli ruhanyny aýyplap, diniň zyýany hakda açyk gürläp başlady.

Netijede men içimi hümledip, ondan gaça durup başladym. Ýöne Şelýa Abramowna tutanýerlilik bilen gyzyklanma bildirdi, şeýdibem, biziň gürrüňdeşliklerimiz dowam etdi. Ol Mukaddes Kitabyň bireýýäm könelendigine, onuň ýalňyşdan doludygyna, munuň ylmy taýdan subut edilendigine gaýta-gaýta deliller getirdi. „Düşün, Nataşa, mesihilik — bu gowşak, durnuksyz adamlaryň ynanýan zady. Beýle ynama diňe öz mertebesini duýma duýgusyndan mahrum bolanlar, ykbalyň urgulary bilen göreşmäge güýji ýetmeýänler ymtylýar. Şonuň ýaly adamlar durmuşy kynçylyklaryň hemmesini Hudaýyň üstüne atmak isleýärler, Hudaý olar üçin, aýaksyzyň daýanýan pişegi ýaly bir diregdir!“ — diýip, ol aýtdy.

Ol başga-da deliller getirdi: „Pikirlenip bir gör, eger dinden el çekmeseň, onda saňa nähili geljek garaşýar? Sen ýokary bilim alyp bilermiň? Şübhelenýärin! Ejeň, kakaň şeýle garaýyşlary bilen olaryň sowet ýokary okuw mekdepleriniň diplomyny almaklary — bu goýberilen uly ýalňyşlykdyr! Häzir onuň ýaly zat bolmaýar! Sen özüňi gyzykly döredijilikli hünär alma mümkinçiliginden mahrum edýärsiň! Nämäniň hatyrasyna ömrüňi kül etjek bolýarsyň?!“

Men bu zatlaryň hemmesi hakda köp pikir etdim. Içki taýdan ikä bölünme boldy: kalbymda Şelýa Abramowna bilen ylalaşýan bolsam-da, gürrüňdeşlikler wagtynda mesihileri, mesihiligiň ideýalaryny goradym. Azatlykdan adalatsyz mahrum edilip, Demirgazyk Uraldaky lagere goýberilen kakam maňa örän gymmatlydy. Häkimiýet wekilleri öýi döken wagtynda gizlenilen Injili tapanda, biziň ýygnaklarymyzy dargadanda eden heşelleli sesleri hakydamda ýaňlanyp durdy. Mesihilere edýän hüjümlerinde

mugallym bilen açyk ylalaşmaklygyň bizi yzarlaýanlaryň tarapyna geçip, ýakynlaryma özümiňem daş atýanymy aňladýanyna düşünýärdim, ýöne men beýle edip biljek däldim.

Ýöne başga bir tarapdan, meni mesihilik ýoluny saýlama kararyndan saklaýan sebäpler degerli sebäp ýaly bolup görünýärdi. Men edebiýat sapagyny gowy görýärdim. Biziň öz sapagyny gyzyklandyryp geçirýän mugallymymyz bardy. Larisa Isaakowna bize pikirlenmegi, çeper eserleri seljermegi öwretdi, düzme üçin asyl nusga temalary berýärdi. Köp ýyllap meniň bilen bir partada oturan Tanýa Sawenkowa-da edebiýaty gowy görýärdi. Ol Medeniýet institutynyň daşary ýurt edebiýatynyň terjimeçileri fakultetine okuwa girmekçi bolýardy[3]. Tanýa bu hünäriň öz öňünde açjak gyzykly mümkinçilikleri hakda gürrüň berýärdi.

Bu zatlaryň hemmesi meni diýseň özüne çekdi, ýöne men ýygnak agzasy bolsam, onda mekdepden soň okama mümkinçiliginiň meniň üçin ýapyk bolýanyny bilýärdim. Meniň ejem bilen kakam mesihi bolsalar-da, ýokary bilim alyp bilipdiler, ýöne bu uruşdan soň, ýurda hünärmenler gerek bolanda bolupdy. Indi başga döwürdi: men, hatda instituta okuwa girenden soň hem, eger komsomola girmäge razy bolmasalar, ýaşlaryň institutdan çykarylanyny bilýärdim. Bu zatlaryň hemmesi hakda pikir edenimde, men geljek babatdaky arzuwlarymy pida etmäge taýýar däl diýen karara geldim. Bu maňa aşa ýokary pida ýaly bolup göründi.

3 Biz mekdepde çuňlaşdyrylan iňlis dilini öwrenmek bilen okaýardyk.

# 11

# AZATLYGA ÇYKYŞ

1969-njy täze ýyl — kakamyň azatlyga çykan ýyly ýetip geldi. Onuň möhleti 19-njy maýda tamamlandy. Men eýýäm 9-njy synpda, Petýa 6-njy, Liza birinji synpda okaýardyk. Kiçijik Ženýa bolsa, dört ýaşap barýardy. Kakam özüniň goşgy bilen ýazan täze ýyl hatynda kiçi gyzjagazyny gutlady:

Täze ýylyň bilen, körpeje.
Ženýajyk — dostjagazym!
Azajyk sabyr et, gyzym:
Kakaňam möhletin dynar...

Maýyň bahar güneşjigi
güller baryny açanda,
sen şonda kakaň jany
şatlyk aýdymy bilen garşy al!

Enem kakama ýazan hatlarynyň birinde onuň öýe gaýdyp geljek wagtynyň soňky aýlarynda biziň maşgalamyzyň nähili ýaşaýanyny suratlandyrdy.

"1969-njy ýylyň 15-nji fewraly. Biziň howamyz birgeňsi. Gyş örän sowuk hem garly. Birhili howa tutuksy. Eýýäm ýazyň ysy gelmeli wagty geldi, ýöne entegem gar ýagýar, ýel öwüsýär... Biziň hemmämiz seniň üçin dileg edýäris,

çagalar saňa garaşýarlar. Hemmeden beter, mydama bolşy ýaly, Ženýa garaşýar. Ol ullakan boldy, eýýäm dört ýaşap barýar. Owadanja hem diýseň azarsyz, özbaşdak. Onuň bilen galmak hezil: uzakly gün jedirdeýär, gözjagazlary oýnaklaýar we mydama şadyýan. Ondan şatlyk akymy joşup çykýar. Käte ol birden: «Näme, entek kakam gelenokmy? Ine, bäş minutdan soň ol gelýär, hemmäňiz sagadyňyza seredip oturyň!» — diýýär. Käte-de, ertirlerine seniň öz düýşüne gireniňi gürrüň berýär. Duşuşyk wagtynda seni ýeňenini ýatlamagy ol hemme zatdan-da gowy görýär.

Saňa haty hemmesi ýatandan soň ýazýaryn. Goý, Hudaý saňa ak pata bersin, berk dur, mert bol. Pesahyň 13-nji aprelde bolýanyny saňa aýdýaryn. Düýn saňa iýmitli sowgat goýberdik. Dostlaryň hemmesi saňa salam aýdýarlar.

Berk ogşaýaryn, ejeň.“

Demirgazyk Urala ahyrsoňy ýaz gelende kakam guşlaryň Günortadan gaýdyp gelişlerini we höwürtgelerini gurmaga başlaýyşlaryny synlap, Liza bilen Ženýa şeýle hat ýazdy:

Elsiz hem paltasyz
guşjagaza öý gurmak aňsat däl!
Ezber kiçijik çal guşjagaz
çüňki bilen öýjagaz gurýar.
Ony näzijek otdan doldurýar,
ýelek, ýüňjagaz düşeýär.
Soň guş sallançagynyň ýanynda
şadyýan jürküldiler ýaňlanýar.
Gyzym! Eger sen ýazda
ot düşelen, içinde näzijek ýumurtgany
gyzdyryp ümsümjek guş oturan
höwürtgejigi görseň,
yza çekil! Oňa degme!
Guşuň bagtyna

gaýgy-hasrat gatma.
Durmuşy ata watanyň guşjagazlarynyň
we haýwanjyklarynyň gadryny bilip, gorap söý.
Guşlaryň sesi — ýeriň gelşigidir,
Hudaýyň pahimli ýaradyşydyr!

Ejem kakamy garşy almak üçin Urala gitdi. Ol onuň „azat“ eşiklerini, öýe gaýtjak puluny hem alyp gitdi. Üç ýyl tussaglygyň dowamynda kakamda kiçiräjik türme arhiwi peýda bolupdyr. Ol arhiw maşgalamyzdan hem dostlardan baran hatlardan, onuň täze goşgularyndan, Mukaddes Kitabyň aýatlarynyň üstündäki oýlanmalardan, kitaplardan we žurnallardan göçürilip ýazylan parçalar ýazylan gündelik görnüşindäki birnäçe depderden ybaratdy. Ol öz ýazgylaryny azatlyga alyp çykmak isleýärdi hem munuň üçin köp dileg etdi, sebäbi azatlyga çykan güni girelgede özüni düýpli barlap, ýazgylary alyp galmaklarynyň mümkindigini bilýärdi.

Ejem Anýuşa, kakamyň çykmazynyň bir gün öňünden, 18-nji maýda bardy. Garawul goýlan tussagyň üsti bilen ol garaşylýan öýjagazda gijesini geçirjegini, ony garşy almak üçin sagat 9-da derwezäniň öňüne barjagyny ýazyp goýberýär (kakamy ertir sagat 9-da, ýolbaşçylar işe gelenden soň, goýberjekdiklerini aýdypdyrlar). Haty okandan soň kakam öz gorkusynyň esaslydygyna düşünipdir: çykmazyndan öň ony ýolbaşçynyň özi barlaýar.

Şonda onda meýilnama peýda bolýar. Aslynda möhlet gije-gündiziň wagty gutaranda, ýarygije, gutarýar. Ol gije goşlaryny ýygnap, 12-den soňky ilkinji minutlarda wahtadan çykma kararyna gelipdir. Ol ýerde hem, nobatçy ofiseri täze gije-gündize geçende özüniň azat adam bolýandygyny, şol sebäpden hem, azatlyga derrew çykmak isleýändigini ynandyrmaga synanyşmalydy. Şol gije ol ýatyp bilmeýär-de, ýatan ýerinde öz arhiwini goramagyny Hudaýdan sorap dileg edýär. Ýarygije ol şahsy goşlarynyň kiçijik düwünçegini alyp, wahta barýar. Onuň ýüregi çalt urýar: onuň meýilnamasy başa bararmyka?

Wahtadaky garawul esgere kakam nobatçy ofiseri görmek isleýändigini aýdýar. Görse, şol gije kakamy gaty gowy görýän, onuň bilen Hudaý hakda birnäçe gezek gürrüň eden ofiser nobatçy eken. Kakam oňa: „Ýoldaş başlyk, bäş minut mundan ozal meniň möhletim gutardy. Men edil şu wagt azatlyga çykmak isleýärin!“ — diýýär. Ofiser höwes bilen oňa: „Bolýar, Wins! Häzir siziň şahsy jiltiňizi barlarys“ — diýýär. Ol tekjeden gerek bukjany alyp, maglumatlary barlaýar-da ýylgyrýar: „Hawa, bu şeýle. Azatlygyň bilen gutlaýaryn!“ Ol kakamyň elini gysyp, azatlyga çykandygy hakdaky haty gowşurýar hem-de lageriň derwezesine çenli ugradýar.

Derweze açylýar, kakamam garaňkyň içine gidýär. Ilkinji minutlarda ol nirä barýanyny bilmän ýöreýär, lagerden daşraga gitse bolýar! Ol Hudaýyň kömegi bilen saklap galmagy başaran gymmatly ýazgylaryny gursagyna gysýar. Kem-kemden onuň gözleri garaňka öwrenişýär, şol sebäpden hem, ejemiň gijesini geçirmek üçin galan öýjagazyna tarap ýöreýär. Ol gapyny kakanda, başda ejem gorkýar, ýöne kakamdygyny bilip begenýär-de, çyrany ýakýar, soň çäýnegi gyzdyrmak üçin goýýar. Kakam daň atmazdan öň boşamagyň özüne nähili başardandygyny gürrüň berýär. Olar dileg edýärler-de, ilkinji motowoz bilen gitmek üçin goşlaryny ýygnap başlaýarlar.

Olar Taliýden Kiýewe telegramma berýärler: „Boşady, öýe barýarys“. Olar bir hepdeden soň geldiler (Ýolda Kizeldäki we Permdäki ýygnaklara baryp geçipdirler). Öýde hemmämiz duşuşanymyza begendik. Kakam tokaýdaky birinji ýygnanyşykda wagyz etdi. Ýygnanyşykdan soň dostlarymyz sumkalaryndan hurşly çöreklerini, öý piroglaryny, termosdaky çaýlaryny çykaryp, bu zatlaryň hemmesini ýazylan gazetleriň üstüne goýdular, şeýdip, ýygnak nahary başlandy[1].

Kakamdan başdan geçirenlerini gürrüň bermegini haýyş etdiler. Ýygnanyşygyň bu bölegi birnäçe sagada çekdi.

1 Biziň Kiýewdäki ýygnagymyzda bu adat bolupdy. Ýyly howada, eger ýagyş ýa-da milisiýa bolmasa, mydama şeýle ýygnak nahary bolýardy.

Kakamyň gaýdyp gelmegi bilen öýdäki durmuş täze akym bilen akyp başlady. Duşuşyklara gitmeklik, hatlara garaşmaklyk, ony mydama alada etmeklik yzda galdy. Çagalaram işjeňleşdiler: kakam ahyrsoňy öýe geldi! Ol olar bilen oýnady, dürli wakalary gürrüň berdi. Haýwanat bagyna uzakly gün edilen gezelenç hakyky waka boldy. Kakamyň gaýdyp gelenine Petýa has-da begendi. Ol eýýäm 13 ýaşyndady. Ol kakama örän ysnyşýardy. Kakam maşgalasy bilen aýrylyşmaly bolanda, men 10, Petýa 7 ýaşymyzdadyk, biz entek çagadyk. Alty ýyl geçip, kakam öýe geldi, şonuň üçin indi oňa ulalan çagalary bilen ýakyn ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak, biziň nähili ýaşaýanymyza, nämä gyzyklanýanymyza düşünmek gerekdi.

Bir gezek agşam kakam menden:

— Sen 10-njy synpa geçdiň, bir ýyldan soň mekdebi tamamlaýarsyň — soň näme? Okuwa girmegiň pikirini edýärsiňmi? Sen mydama medisinany gowy görýärdiň — diýdi.

— Hatda näme diýjegimem bilemok. Elbetde, medisina göwnüme ýaraýar, ýöne iňlis dilini-de ýitirmek islemeýärin — ony men ýöne ýere on ýyllap okamadym-a. Edebiýaty terjime etmek bilen meşgullanmak isleýärin, medeniýet institutynda şeýle fakultet bar.

— Hawa, ýöne seni mesihi hökmünde bu ugurda işlemäge goýmazlar. Ýokary bilim almaga-da ýol berjekleri gümana.

— Kaka, men bu hakda seniň bilen gürleşmegi örän isleýärdim, ýöne belli karara gelip bilemokdym. Seniň öýdäki ilkinji günleriňi gamlandyrmak islemedim...

— Sen näme diýjek bolýarsyň, Nataşa? Açyk gürle. Men seniň kakaň, men seni gowy görýärin, şoňa görä-de, kalbyňda näme bardygyny bilmek meniň üçin örän wajyp.

— Kaka, men seni haýran galma ýagdaýyna düşürmek islämok, ýöne mesihilik ýoly — bu seniň, ejemiň hem enemiň ýoly. Men ynamly däl... düşünýärsiňmi, mesihiligiň hakykydygyna mende kän şübhe bar. Mundan başga-da, özümi mümkinçilikden, gyzykly döredijilik hünärinden mahrum etmek gerekmi? Mesihiler üçin biziň ýurdumyzda ähli ýollaryň ýapykdygyny özüň bilýärsiň.

— Nataşa, seniň geljekki käriň hakdaky mesele, elbetde, wajyp, ýöne ol seniň Hudaý bilen gatnaşyklaryň babatdaky mesele ýaly wajyp däl. Gyzym, näme seni beýle şübhelere alyp geldi?

— Meniň mekdebimde bir mugallym bar, men ony diýseň sylaýaryn. Onuň bilen geçirilen gürrüňdeşlikler meni köp zat hakda pikirlenmäge, mesihi maşgalada terbiýelenip, iman diýip ynanýan zadyma täzeden baha bermäge mejbur etdi. Mysal üçin, Şelýa Abramownanyň Mukaddes Kitabyň könelendigi, onda ýalňyşlaryň köpdügi hakdaky delillerini hiç zat bilen inkär edip bilmeýärin. Umuman, mesihilik gowşaklaryň, ykbalyň urgusy bilen göreşip bilmeýänleriň ynamy.

Men şeýle-de köp zat aýdanyma düşünip saklandym. Öz pikirlerimiň kakamy gaty gorkuzaryndan gorkdum (şonuň üçin şu wagta çenli muny hiç kimiň ýanynda boýun almandym). Ýöne onuň muňa garaýşy örän asudady, ol maňa höwes bilen şeýle teklip etdi:

— Bolýar, gel düşüneli, bu, dogrudanam, şeýlemikä. Seniň çagalykdan bäri gowy tanaýan mesihileriňde öz garaýyşlaryny goramaga, ateistik döwletde akymyň garşysyna gitmäge batyrlygy bar. Munuň üçin ençeme adamlary köp artykmaçlyklardan, kä halatlarda-da, azatlykdan, hatda janlaryndanam mahrum edýärler. Islendik baha bilen Hudaýa wepaly bolmaklyga sen ejizleriň ynamy diýýärsiňmi?

Men hiç hili garşy çykyp bilmedim. Ýöne mende başga-da wajyp soraglar bardy. Kakam olaryň hemmesini diňlemäge we olara düşünmäge maňa kömek etmäge taýýardy.

— Aýdaly, mesihilige dogrudanam gowşaklaryň ynamy diýip bolmaýar. Ýöne, kaka, aýt, sen näme üçin ynanýarsyň? Seni enem terbiýeledi, şol sebäpden hem, ýüzugra öz ene-ataň ynamyny kabul etdiňmi? Adamlaryň köpüsi üçin imanyň mifdigi, ertekidigi saňa barybirmi? Näme sebäpden Mesih seniň üçin durmuşdaky iň wajyp zat bolup durýar? Näme, mesihiler başgalaryň — mysal üçin, ýazyjylaryň, alymlaryň hemmesinden akyllymy?

— Nataşa, men Hudaýyň bardygyna çuň ynanýaryn! Älemiň Ýaradyjysy bar. Muny ylmy delilleriň köpüsi-de tassyklaýar. Ýöne

häzir gel başga zat hakda gürrüň edeli. Seni Isa Mesihiň şahsyýetinde meniň üçin nämäniň gymmatdygy gyzyklandyrýarmy? Örän köp zat, gyzym. Türmede oturan ýyllarymda, ölümiň göni gözlerime seredip duran iň agyr pursatlarymda, biziň gutulyşymyzyň Isa nähili gymmatly baha düşendigini aýratyn ýitilik bilen duýdum. Tokaýda agaç çapylýan meýdandaky surnukdyryjy işden soň, garawul bizi gara bürelen taýganyň üsti bilen alyp gelýärdi. Şonda indiki ädimi ätmäge güýç galmaýardy. Hemme zadyň üstesine-de, mende ikitaraplaýyn gryža bardy, onuň agyrylary çydardan agyrdy. Şonda ýüregimden diňe: „Rebbim, kömek et! Ýykylmaz ýaly güýç ber!“ — diýen nalaly dileg çykýardy. Şonuň ýaly pursatlarda men hyýalymda Golgota barýan ýolda haçyň agramy astynda ýykylýan Isany görýärdim. Onuň bizi halas etmek üçin görkezen gahrymançylygynyň agyrlygyna entek hiç haçan şeýle güýç bilen akyl ýetirmändim. Gyzym, düşün, Reb meniň üçin janymdan-da gymmatdyr!

Türmede we lagerde ýene nämäniň juda agyr geçirilýänini bilýärsiňmi? Mydama, her gün, her aý, gije-gündiziň dowamyndaky 24 sagatda sen adamlaryň içinde bolýarsyň. Öz pikirleriň, duýgularyň bilen ýekelikde ýekeje pursat hem galmak mümkin däl. Lageriň otagynda birnäçe onlarça adamlar bolýar. Olar hapa gürleýärler, kart oýnaýarlar, uruşýarlar, yzyny üzmän çilim çekýärler. Şunuň ýaly pursatlarda, aýratynam, kalbyňda agyrlyk barka ýa-da syrkawkaň, bu zatlaryň hemmesinden gizlenmek isleýärsiň.

Şunuň ýaly pursatlarda men: „Hatda ýaraly haýwanlaram, aýratynam, ölümiň öň ýanynda, özleriniň görgüsini başgalaryň gözlerinden gizlemek üçin tokaýyň jümmüşine siňip gidýärler“ — diýip pikir edýärdim. Adam has-da şeýle bolmagyny isleýär. Ölümiň öň ýanyndaky gynanmalary wagtynda özüni duşmançylykly mähellä göz edip, Golgota haçynda goýanlarynda, Isanyň ezýetleriniň çuňlugynyň nähili bolandygy lagerde maňa has-da düşnükli boldy. Ölüm mydama ejirli bolýar. Öljek bolýan adama ýakynlarynyň aladasy hem seretmesi zerur bolýar, aýratynam, gowşamak, agyrydan ýaňa iňňildiňi ýa-da gygyrmagy basmazlyk üçin başga perwaýsyz gözleriň bolmazlygy esasy zatdyr.

Mesih bolsa, ölümiň öň ýanyndaky pursatda Öz ýüzünde ezýetiň alamatynyň islendik peýda bolmasyna, Onuň bedeniniň janserek ýagdaýyna ýiti nazar bilen seredip duran mähellä gülki boldy. „Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, haçdan düş-dä! Başgalary halas edýärdiň, Özüňi halas edip bileňokmy?!“ — diýilýän teýeneli sözler Ony nähili ýaralaýardy. Ölümiň öň ýanyndaky ejirlerde ol adamlara bolan duýgudaşlyk içinde: „Atam, olary bagyşla, sebäbi näme edýänlerini özleri-de bilenok!“ — diýibem bildi. Şol Isany men gowy görýärin, gyzym, şol Isa men gulluk edýärin.

Kakamyň sözleriniň üstünde köp pikirlendim. Biz onuň bilen meni gyzyklandyrýan tema hakda ýygy-ýygydan gürleşýärdik, ol meniň üçin mydama wagt tapýardy. Onuň lagerden gelenine bir ýyla golaý wagt geçdi. 1970-nji ýylyň ýazydy. Men onunjy synpy tamamladym. Soňky ekzamenleriň wagty ýetip gelýärdi. Şübheler, durmuşyň manysyny gözlemäniň gynaýjy döwri dowam edýärdi. Şol wagtky agşamlaryň birinde şu setirler peýda boldy:

Men näme üçindir şeýle bimaza,
men gaýgyny asla ýeňip bilemok.
Dowamly pikirlerden doly gijeler
meniň soraglaryma jogap bermedi.

Olar şeýle köp, özlerem gynaýjy hem kyn bolup,
çaltrak çözülmegini talap edýärler...
Ýöne olara jogap bermek mümkin däl!
Şeýdip, güýçden gaçyp, başym sallaýan.

Hudaý, Saňa ynam bilen ýüzlenýän:
Goý, kalbymda Hakykat dabaralansyn!
Şeýdip, imansyzlykda ýykylmadan gora,
hatda pikirimde-de şeýle bolmasyn.

Şol wagt men ene-ata berk ynam bilen ynanylýan çagalygyň, ýönekeý çaga ynamynyň eýýäm yzda galyp, ulalma döwrüniň

gelenine diýseň gynandym. Ýakynlarymyň saýlan mesihilik ýoly göni ýagdaýda meniňki bolup bilmedi. Içki gözlegleriň eziji döwründe men özümi alada goýýan soraglara özbaşdak jogap tapmaly bolupdym.

Soňky birnäçe ýylyň dowamynda maý baýramçylyklary Harkowdaky ullakan ýaşlar ýygnanyşygynyň adaty günlerine öwrülipdi. Şol ýazda biziň kiýewli ýaşlarymyzdan oňa gitmäge otuz adam ýygnandy. Kakam menden: „Senem gidäýseň nädýär?“ — diýip sorady. Men razy boldum. Bu gezelençde meni ýaşlar ýygnagynyň özi däl-de, otluda dostlaryň bilen syýahat etmegiň romantikasy, daň atýança gürleşmeler, täze täsirleriň dürlüligi özüne çekipdi.

Harkow bizi ýazyň güneşli ertiri bilen garşy aldy. Wokzalda bize mundan soň nirä gitmelidigini düşündirdiler. Soň biz elektriçka münüp, Ryžow stansiýasyna bardyk. Ol ýerde tokaýyň içine birazajyk ýöränimizden soň, ullakan açyk meýdana çykdyk, şol ýere eýýäm köp ýaşlar ýygnanyşypdy. Sagat onda ýygnanyşyk başlandy. Ýaşlar hory aýdym aýtdy, orkestr saz çaldy, garaz, baýramçylyk duýgusy boldy.

„Isa Mesih seniň üçin kim bolup durýar?“ diýen temadaky wagyz meniň ünsümi özüne çekdi. Wagyzçy: „Mesih, belki, seniň üçin ýöne bir ahlak düzgünleriniň beýik mugallymydyr? Belki-de, ýerde ýaşan adamlaryň iň meşhurydyr? Ýöne Ol gökdäki şöhratyny munuň üçin goýup, ýere gelmedi. Isa her birimiziň şahsy Halasgärimiz bolmak üçin haçda öldi. Ol sendäki günä ýüküni aýryp, bu gün seniň iň gowy Dostuň bolmak üçin geldi!“ — diýdi.

Ýüregimde alyp barýan göreş turdy: men Rebbiň hut özüme ýüzlenýänine, Onuň menden günä azabyny aýyrmak isleýänine we Özüniň halas edilenler maşgalasyna kabul etmek isleýänine düşünýärdim. Kakamyň Isanyň biziň gutulyşymyzy nähili gymmatly baha bilen amala aşyrandygy hakdaky sözleri ýadyma düşdi. Içimdäki zatlaryň hemmesi Hudaýa tarap atygsaýardy, mesihiligiň

hakykylygyna bolan şübhe güýçsüz hem manysyz bolup görünýärdi. Men içimden: „Reb, meni bagyşla we menden günä ýüküni aýyr! Meniň durmuşyma gir, men Seniňki bolmak isleýärin“ — diýip dileg edip başladym.

Men ýüzümden ýaşyň syryganyny duýmandyryn. Ýüregim Rebbe degişlilik duýgusyndan ýaňa şatlykdan doldy! Göge degişliligimiň dabarasyndan doldum! Diňe şonda men toba etmeklige çagyrylýanyny bildim. Köpler öňe çykdylar. Menem çykdym-da, dyza çöküp, indi Onuň çagasydygym üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Men gözlerimi açanymda ýanymda kiýewli dostlarym Lýudanyň, Lenanyň, Wasýanyň, Şuranyň, Waleriýiň, Lýubanyň duranyny gördüm. Biz biri-birimizi çagalykdan bäri tanaýardyk, bile ulalypdyk, indi bolsa, ýüreklerimizi bir günde Rebbe berdik.

Toba öwrenişmek mümkinmi?
Töweregiň nurly ýüzlerden doly...
Yranmajak düşünje bar ýürekde:
Isa — meniň iň gowy Dostum!

Ýerde aýdym aýdýarlar, gökde aýdym aýdýarlar.
Ýeňiş senasyny aýdýarlar: janlar halas boldy!
Öňki ýoluň nähili bolan bolsa-da,
Bakyýete ilkinji ädim ädildi!

Tokaýdaky ýygnanyşyk gutardy. Biziň gijeki otlymyza çenli birnäçe sagat bardy, şonuň üçin bizi Minutka stansiýasynyň ýanyndaky dostlarymyzyň öýüne çagyrdylar. Ol ýerde mesihi şahyr Wasiliý Maksimowiç Beliçenkonyň maşgalasy ýaşaýardy. Gapyda bizi olaryň kiçijik gyzjagazy üç ýaşlyja Dinajyk garşy aldy. Biz otaga girenimizde, bize garaşylmadyk sowgat garaşyp durdy. Ol ýerde öý eýesinden başga-da, harkowly şahyrlar Waleriý Çerewaýew bilen Pawel Lýaşko bardy. Olar özleriniň täze goşgularyny okap bermäge razy boldular, şeýdibem, ýadymyzda galan Harkowdaky şol gün biziň üçin poeziýa agşamy bolup gutardy.

Ýöne wokzala howlukmak gerekdi. Biziň ýerlerimiz bir wagondady, şonuň üçin biz geçen günüň täsirlerini giçlere çenli paýlaşdyk. Ertir irden otly Kiýewe baryp ýetdi. Metro entek ýapykdy, ýöne eýýäm ilkinji tramwaýlar ýöräp ýördi. Biz hoşlaşdyk-da, her kim öz ugruna gitdi. Men kakama, ejeme we eneme indi Hudaýda rahatlyga eýe bolanymy — Isanyň meniň şahsy Halasgärim bolanyny aýtmaga gürrüň bermäge juda howlugýardym!

Men gapymyzyň jaňyny basanymda, entek örän irdi. Kakam gapyny açdy, ol eýýäm turupdy. Men göni gapyda ony gujakladym: „Kakajan, indi men mesihi!“ Onuň gözlerine ýaş aýlandy: „Nataşa, şu günlerde men seniň üçin şeýle dilegler etdim!“

# 12

# BOŞAP GALAN ÖÝ

1970-nji ýylyň awgustynyň ahyrlarynda biziň gapymyzy milisioner kakdy. Ol ertir kakamyň prokuratura soraga barmalydygy hakdaky haty berdi. Biz ony şol ýerde tussag etmekleriniň mümkindigine düşünýärdik. Agşam ol ýygnagymyzyň wagyzçylary bilen duşuşdy, şonda olar, edil 1963-nji ýyldakysy ýaly, kakamyň Kiýewden gitmelidigi, soň „gizlin ýagdaýda“ bolup, yzarlanylýan ýygnaklaryň arasynda gulluk alyp barmalydygy hakdaky karara gelipdirler. Ol öýe gelmän, dostlarynyň öýünde gije ýatyp, ertir irden Kiýewden gidipdir.

Şol tomusda, kakam öýde bolmasa-da, maşgalanyň durmuşy adaty akymy bilen dowam etdi: Petýa bilen Liza mekdebe gatnady, enem tussaglaryň garyndaşlary Maslahatynda işjeň zähmet çekdi, ejem öýdäki işde işledi (ol tor dokaýardy), men taslama institutyna nusga edijiniň okuwçysy bolup ýerleşdim. 27-nji noýabrda meniň 18 ýaşym doldy. Durmuş hysyrdydan doludy: orkestr, Mukaddes Kitaby öwrenme sapaklary, obalardaky kiçi ýygnaklara ýekşenbe günleri gitmeler.

Birinji dekabrda gün adatdakysy ýaly başlandy: men işe gitdim, Petýa bilen Liza mekdebe gitdiler, enem bolsa, bäş ýaşly Ženýa bilen öýde galdy. Ejem birnäçe günlük kakam bilen duşuşyga gitdi. Agşamara ilkinji gar ýagdy. Meniň iş günüm altyda gutardy, soň men taslama institutdaky işdeşlerimiň köpsanly akymyna goşulyp, köpgatly binadan çykdym. Köçelerde eýýäm fonarlar ýakylypdy,

hemmeler ilkinji gara begendiler. Çagalar sankilerde typýardylar, oglanjyklar garyň üstünde göreş tutýardylar. Ine-de, gyş geldi.

Sişenbe günleri ýygnagymyzyň ýaşlary Mukaddes Kitaby öwrenmek üçin ýygnanyşýardylar. Bu agşamlar dürli Mukaddes Kitap temalaryny ara alyp maslahatlaşylyp, joşgunly geçýärdi. Işden soň men derrew şol agşam ýygnanyşjak ýerimiz bolan ýere, ýagny Liliýanyň öýüne gitdim. Biz ýigrimä golaý adam bolup ýygnanyşdyk, tema-da gyzyklydy. Biz gyzygyp gidipdiris-de, sapagyň adatdakysyndan uzaga çekeninem duýmandyrys. Ýygnanyşygy dileg etme bilen tamamlap, goňşularyň ünsüni çekmejek bolup, jaýdan birnäçe adamdan çykyp başladyk. Lena ikimiziň ýolumyz birdi. Metrodan soň trolleýbus kyrk minut ýöreýärdi, şonuň üçin bizde gürleşmäge ýeterlik wagt boljakdy. Lena iki duralga menden öň düşdi, men bolsa soňky duralga çenli gitdim.

Trolleýbusdan biziň öýümize çenli, seýilgähiň deňinden ýöräniňde, on minutlyk ýoldy. Men çalt ýöräp gitdim. Eger öýe giç gelsem, enem gaýgy edýärdi. Bu gün bolsa, ilkinji gar sebäpli ulaglar adatdakysyndan haýal ýöredi, şol sebäpden hem, men örän gijä galdym. Biziň köçämiz şäheriň gyrasyndady, şoňa görä-de, giç agşamlaryna mydama adamsyz bolýardy. Seýilgähiň deňinden geçip barýarkam, uzakdan biziň gapymyzyň öňünde ulaglaryň duranyny gördüm. Bu adaty zat däldi. „Ýene öý dökmemikä?“ diýip, men howsala bilen pikir etdim-de, çalt ýöredim. Meniň howsalam dogry bolup çykdy: biziň öýümiziň deňinde iki sany milisiýa ulagy durdy, gapynyň agzynda bir milisioner nobatçylyk edip durdy. Ol meni saklajak boldy:

„Nirä barýarsyňyz? Kimiň ýanyna?“ Men: „Öýüme! Men bu ýerde ýaşaýaryn“ — diýdim-de, onuň deňinden göni geçip gitdim.

Garly aýazly howa bolsa-da, içerik girilýän gapy giňden açyk durdy. Gapynyň agzynda ýene bir milisioner durdy. Olam: „Dur! Nirä barýarsyň?“ — diýdi. Meniň howsalam artdy: bu adaty öý dökmä meňzeş däldi. Men koridordan myhmanhana geçip, ştat geýmindäki we iki-üç milisioneriň üýşüp duran ýerine bardym. Ol

ýerde goh bolup durdy. Ahyrsoňy men enemi gördüm: ol näme üçindir paltolydy. Enem men tarapa ylgady:

— Seniň ýetişip geleniň gowy boldy! Meni sensiz alyp giderler diýip, gaty alada etdim.

— Alyp gidýärler? Nirä?

— Nataşa, meni tussag etdiler! Ejeň bolsa ýok, ol ertir gelýär. Seret, çagalara näme boldy? — diýip, ol diwanyň üstünde gaty horkuldap ýatan bäş ýaşly Ženýany görkezdi. Onuň ýanynda Liza otyrdy, olam aglaýardy. Petýa stoluň ýanynda durdy.

Ştat geýmindäki adam (başlyk bolsa gerek — ol beýlekilere buýruk berdi) enemi howlukdyryp başlady: „Çaltrak, çaltrak! Hoşlaşmagy bes ediň! Indi ýöräliň!“ Enem şeýle kiçijik, aljyraýan ýaly bolup göründi. Men birden bar jogapkärçiligiň öz üstüme düşýänini duýdum. Men olaryň ýolbaşçysyna ýüzlendim:

— Siz ony nirä alyp gitjek bolýarsyňyz? Enemiň ýüregi agyrýar! Ýolda ýüreginden tutmagy mümkin. Ony nirä alyp barýandyklaryny bilmek üçin men onuň bilen bile gitjek.

Ol beýlekiler bilen maslahatlaşyp, gödeklik bilen:

— Bolýar, KPZ-e çenli gidip bilersiň. Ýöne gije özüň yzyňa gaýdarsyň. Hany, boldy! Gideliň! — diýip jogap berdi.

Enem:

— Men gitmänkäm çagalar bilen dileg etmek isleýärin — diýdi.

— Ine, indi bu ýerde dileg etjek bolýarsyňyz! Diňe şu ýetmän durdy!

Men saklanyp bilmedim:

— Onuň bilen beýle gürleşmäge nädip het edip bilýärsiňiz? Entek enem öz öýünde hojaýyn!

Enem ikimiz otagyň ortasynda durduk. Petýa, Liza hem Ženýa biziň ýanymyza geldi. Häkimiýet wekilleriniň rugsat bererine garaşman, men öňde duran synaglarda enemi goramagyny diläp, Rebbe dileg etdim. Bu zatlar ol wekillere örän ýaramady, ýöne hiç kim biziň sözümizi bölmedi. Soň enem çagalaryň hersini gujaklap dileg etdi. Şondan soň ony alyp gitdiler. Ol ulaga çenli

meniň elimden tutup bardy. Köçede milisiýa ulagynyň yzynda „Tiz kömek“ durdy (KGB-ň işgärleri enemiň ýüreginiň agyrýanyny bilip, taýýar bolmakçy bolan bolsalar gerek).

Biz milisiýa ulagynyň ýanyna bardyk. Men eneme ulaga münmäge kömek etdim-de, yzyndan özüm münjek boldum. Ýöne soňky pursatda ol çagalara seredip, meni saklady: „Ýok, Nataşa, sen meniň bilen gitmersiň — seret!“ Çagalar garyň üstünde paltosyz, çepekli we ýeňiljek geýimli durdular. Petýa elinde itini tutup durdy. „Sen olar bilen galmalysyň!“ — diýip, enem gaýtalady. Men ony gujakladym-da, ulagdan böküp düşdüm. Ulaglar gitdiler, biz bolsa, olary gözümiz bilen ugradyp, garly ýolda durduk. Soň haýaljakdan boşap galan öýe girdik.

# 13

# ENEMIŇ SUD EDILIŞI

Ýagýar, ilkinji gar ýagýar,
Ýere ýuwaşjadan hem süýpünjik düşýär,
Öýde bolsa, kakamam, enemem ýok,
içimi döküp aglamagy diýseň isleýän...

Hakydamda bolsa, edil garyň ýüzünde ýaly,
paýyş sözleň akymy hem gaharly ýüzler dur,
hem ýüregiňe düşýän gümmürdi sesi,
hem „Milisiýa“ diýlip ýazgyly ulag dur.

Ýagýar, ilkinji gar ýagýar,
öýleňem, geçip barýanlaňam üstlerine...
Ene, iň bolmanda azajyk
saňa meňzemegi men isleýän!

Tussag edenlerinden soň enemi Lukýanow türmesine saldylar. Derňew üç aýlap gitdi, biz onuň bilen hiç hili gatnaşykda bolup bilmedik. Onuň işini sülçi Beh alyp bardy. Suddan soň biz duşuşanymyzda, enem gije ony alyp gidenlerinden soň, bolan zatlary gürrüň berdi: „Biz türmä gije sagat 12-den soň geldik. «Tiz kömek» ýol boýy yzymyzdan ýöredi, men ony milisiýa ulagyndan düşenimde-de gördüm. Soň tussaglygy resmileşdirip başladylar, barmaklarymyň yzlaryny aldylar, surata düşürdiler... Bu dowamly iş.

Soň kamera alyp bardylar. Garawul ullakan açar bilen gapyny açdy. Men girdim, töweregime seretdim: kamera boş eken, potolokda çyra ýanyp durdy, diwaryň aşagynda demir krowat bardy, hiç hili düşek hem ýassyk ýok eken. Men dileg etdim-de, şol durşuma, paltomy çykarman dynç almak üçin ýatdym. Ertesi irden meni sorag etmäga alyp gitdiler. Prokuraturanyň işgäri dogumlyja, gowuja geýnip içeri girdi, men bolsa, ukusyz gijeden soň, ýygyrt bolup duran paltoly otyryn. Meniň kime meňzeýänimi göz öňüne getirýärin! Şeýdip, meniň türme sergezdançylygym başlandy...".

Sud martyň başlarynda başlandy. Adatça bolşy ýaly, suduň gününi hem boljak ýerini maşgaladan ymykly gizleýärdiler. Ejem nädip hem bolsa bir ýol bilen suduň bolup duranyny bilipdir. Ol men rugsat alyp, gyssagly bararym ýaly, şobada maňa jaň etdi. Enem özüni garawul suduň zalyna alyp baranda, ol ýerde ýekeje-de tanyş ýüz görmän, özüne duşmançylykly garaýşy bolan adamlary görende gaýgylanandygyny, birinji arakesmeden soň, ejem ikimiz baranymyzda nähili begenendigini soň gürrüň berdi.

Enemi garyndaşlar Maslahatynyň hukuk goraýjy işini etmekde, aýratynam, jeza beriji faktlar barada häkimiýete berlen habarlaryň aşagyna gol çekmekde aýypladylar. Suduň başynda enem garyndaşlar Maslahatynyň başlygy bolany üçin goýberilen dokumentleriň hemmesiniň jogapkärçiligini öz üstüne alýandygyny aýtdy we garyndaşlar Maslahatynyň beýleki agzalaryny suda çekmezligi haýyş etdi, sebäbi olaryň köpüsi köp çagaly enelerdi.

Enemi USSR-ň Jenaýat kodeksiniň 138 we 187-nji maddalary boýunça sud etdiler. Aýyplaýjy jemlemede häkimiýete ýazylan arzalardan alnan takyk dört fakta seredildi. Prokuror esasy basyşy faktlaryň hemmesiniň oýlanylyp tapylandygyna we garyndaşlar Maslahatynyň arzalarynyň hemmesiniň töhmetçi häsiýetiniň bardygyna etdi. Enem şobada gürrüňi edilen jebir çekenleri şaýat hökmünde suda çagyrmagy teklip etdi.

Ýöne kazy munuň hökman däldigini, sülçiniň taýýarlan materiallarynyň obýektiw taýdan seretmäge ýeterlikdigini aýtmak

bilen jogap berdi. Şaýatlary sorag etmeklik başlandy. Olaryň arasynda ejir çekenleriň ýekejesi-de ýokdy. Şaýatlar şulardylar:

- lager administrasiýasynyň wekilleri. Olar belli bir tussagyň urlandygy, duşuşykdan mahrum edilendigi we lagerde her hili azar berlendigi hakda gürrüň edilende boldular;

- ýygnanyşyklary dargatmaga gatnaşan milisiýa işgärleri. Olar häkimiýete berlen haýsydyr bir şäherde ýygnanyşygyň aýratyn zalymlyk bilen dargadylandygy hakdaky arza hakda gürrüň edilende boldular;

- şäher administrasiýasynyň wekilleri. Olar pensionerleriň ýygnanyşyga barany üçin aýlyk pensiýasyndan ýokary möçberdäki jerime salnandygy hakda gürrüň edilende boldular.

Şaýatlar özleriniň adamçylyksyz hereketlerine aýgytly garşy çykdylar. Olary diňländen soň kazy döwlete ýazylan arzalaryň töhmetçilik häsiýeti bar, sebäbi tussaglaryň garyndaşlar Maslahatynyň beýan eden faktlaryny şaýatlar tassyklamadylar diýen netijä geldi. Şol sebäpden hem, şol arzalaryň aşagyna gol çeken Lidiýa Mihaýlowna Wins sowet döwlet hem jemgyýetçilik gurluşyna töhmet atmakda günäkär.

Enem şaýatlary beýdip saýlamaklygyň bolgusyzlygyna kazynyň ünsüni çekdi: suda ejir çekenleri, garyndaşlar Maslahatynyň ýazan adamkärçiliksiz daralma hakda ýazylanlary däl-de, azar berenleriň özlerini, mesihileriň üstlerinden gülenleri çagyrypdylar. Elbetde, bu adamlar özlerini gorap, faktlaryň hemmesine garşy çykdylar.

Prokuror Dolinskiý onuň sözüni böldi: „Sud edilýän Wins, suda şaýat hökmünde kimiň çagyrylmalydygyny siz çözmeýärsiňiz!“ Kazy prokuroryň sözüni tassyklady: „Oturyň, Wins! Soňunda size goranma sözi berilýär, ana, şonda öz garşy çykmalaryňyzy aýdarsyňyz“. Şeýdip, sud günleriniň hemmesiniň dowamynda ony

gürlemäge goýmadylar. Enem özüni abraý bilen alyp bardy: hatda kazy onuň sözüni ýarymyndan bölende-de, onuň bilen jedelleşmän, özüniň sud edilýäniň oturýan ýerinde asuda oturdy.

Ikinji gün suduň binasynyň öňünde eýýäm onlarça mesihiler durdy, ýöne zala hiç kimi goýbermediler diýen ýalydy. Zal goýberme haty bilen girýän KGB işgärlerinden doludy. Suda ejem ikimizden başga birnäçe adamy, şol sanda, enemiň tussaglaryň garyndaşlary Maslahatyndaky işdeşleri Zinaida Wilçinskaýa bilen Serafima Ýudinsewa bardy. Olara suduň boljagyny jaň edip aýdypdyrlar, şol sebäpden hem, olar gijeki otluda irden Kiýewe gelipdirler: olaryň biri Brestdendi, beýlekisi bolsa, Gorkidendi.

Prokuror Dolinskiniň aýyplaýjy sözi zalym hem rehimsiz boldy. Ol sud edilýän Winsi bäş ýyl azatlykdan mahrum etmegi talap etdi. Jemleýji sözünde enem islendik möhletiň özi üçin ölüme höküm ýaly boljakdygyny, agyryly ýüregi bilen bir ýyllyk türme tussaglygyna döz gelmegiň gümanadygyny aýtdy. Ýöne şobada-da öz saýlawyna — imany üçin azar berilýänleri goramak üçin sesini gataldanyna ökünmeýändigini aýtdy. Kazy ony üç ýyl azatlykdan mahrum etmeklige höküm etdi.

Zinaida Wilçinskaýa özüniň sud hakdaky täsirlerini şeýle suratlandyrýar: „Onuň sud edilýän adamdygy duýulmady. Lidiýa Mihaýlowna özüni abraý bilen saklady, pähimli hem edepli jogap berdi. Ol özüni goramady-da, biziň ýurdumyzdaky ähli işleri gorady. Höküm yglan edileninden soň Nadýa, Nataşa we Sima oňa gül — gwozdika, podsnežnikleri we fialka okladylar. Nadýa: «Eje, bu siziň batyrlygyňyz üçin!» — diýip gygyrdy. Onuň çemeni pytrady welin, fialkalar Lidiýa Mihaýlownanyň egninde owadan bolup durdy. Men sud edilýänleriň oturgyjyna hemmelerden golaý otyrdym, şol sebäpden hem, höküm yglan edileninden soň, beýle etmek gadagan bolsa-da, oňa tarap ýöredim-de, göni eline fialka çemenini berdim. Men diňe: «Siz sud wagtynda berkje durduňyz!» diýmäge ýetişdim. Soň meni garawul itekledi.

Bizi suduň zalyndan çykardylar, Lidiýa Mihaýlowna bolsa, garawul bilen zalda galdy. Daşarda köp dostlarymyz bardy.

Milisiýa bizi suduň girelgesinden itdi, ýöne uzaga kowmady. Biz türmä äkidilýän ulagy getirenlerini, ony hem girelgäniň ýanyna alyp baranlaryny gördük. Onuň elinde gül bardy. Ýaşlar aýdym aýdyp başladylar. Lidiýa Mihaýlowna bize elini bulady. Soň men onuň ulaga münjek bolýanyny, ýöne juda ýokary bolany sebäpli münüp bilmeýänini gördüm. Mundan başga-da, ol birnäçe aýlap türmede bolany üçin gowşapdy. Garawul ýanynda durdy, iki esger onuň ellerinden tutup, ulaga mündirdi“.

Suddan soň enemi Harkowdaky aýallar türmesine goýberdiler. Ondan täze baran ýerinden birinji hat gelen badyna, men işden zähmet rugsadynyň hasabyna iki gün rugsat alyp, duşuşyk alaryn we iýmit hem geýim geçirerin diýen umyt bilen Harkowa gitdim. Joram Inna meniň bilen gitmäge razy boldy.

Men örän begendim: nätanyş ýere içi eneme bermeli zatdan doly agyr sumkalar bilen ýeke gitmek kyn boljakdy.

Biziň çaklaýşymyz ýaly, lageri tapmak beýle bir aňsat bolmady: salgyda köçe görkezilmän, diňe poçta gutusy bardy. Wokzaldaky sorag-jogap bölüminde munuň ýaly pudaklaryň maglumatlaryny bilmeýändiklerini aýtdylar. Şonda biz Sowuk depedäki Ýakimenkonyň maşgalasyna barmagy makul bildik: belki, lageri nädip tapmalydygyny olar aýdar. Agyr sumkalarymyzy biz wokzaldan tramwaýa süýräp äkitdik, soň awtobusa mündik. Men Inna meniň bilen bile gaýdany üçin minnetdardym!

Ahyrsoňy, köp gözleglerden soň, lagere baryp ýetdik. Ol şäheriň çetinde, aeroportyň golaýynda ýerleşýän eken. Bize derrew duşuşyk berdiler. Innanyňam garyndaş däldigine garamazdan, ony-da saldylar. Enem duşuşyk otagyna gelende horlanandy, ýüzem solgundy. Ol lageriň dörtburç çyzykly köýnegindedi, kellesinde düzgün bolşy ýaly, ak ýaglygy bardy.

Ol biziň baranymyza juda begendi! Özi gaýdaly bäri öýde näme bolandygyny jikme-jik sorady. Özüni onçakly gowy duýmaýandygyny, ýygy-ýygydan, aýratynam, gijelerine ýüreginden tutýanyny aýtdy. Men ondan işleýänmidigini soradym. Enem munuň işçi lagerdigini, hemmeleriň işlemelidigini düşündirdi. Ýogsam, ony maýyplar

lagerine geçirýärler. Ol ýer hakda erbet gürrüňler edilýärdi, onuň şertleri-de gaty erbetdi. Şol sebäpden hem, şu ýerde galmak üçin güýjünde baryny edip işleýärdi. Bizden özüne zerur bolan, aýratynam ýürek dermanlary getirenmidigimizi sorady.

Duşuşygyň iki sagady derrew geçip gitdi. Inna ikimiz Harkowdan gaýgyly gaýtdyk, sebäbi tussaglykda şeýle ýarawsyz ýürek bilen üç ýyly geçirmegiň eneme kyn boljakdygyna düşünýärdik. Kiýewe gelenimizden soň, biz hemme zady ýygnaga gürrüň berdik. Soň enemiň saglyk ýagdaýyny suratlandyryp, ony azatlyga çykarmagy haýyş edip, döwlete arza goýberme kararyna gelindi. Esasy zat onuň bikanun aýyplanandygyna häkimiýet wekilleriniň ünsüni çekmekdi. Arza ýygnagymyzyň iki ýüzden gowrak agzasy gol çekdi.

1971-nji ýylyň iýunynda men suwda çokundyryldym. Şol ýekşenbe güni, Kiýewiň çetindäki Çaýka kölünde otuz adam suwda çokundyryldy. Esasan hem, olar ýaşlardylar, meniň bile ulalan dostlarymdylar. Biziň suwda çokundyrylmamyz bütin ýygnak üçin baýramçylyk boldy. Diňe bu günki şatlygy kakamyňam, enemiňem meniň bilen bile paýlaşyp bilmejekdikleri gynandyrýardy.

Şol gün ertir men ir oýandym-da, äpişgeden seretdim. Gün eýýäm dogupdy, çalaja ýagyş ýagdy, ýöne gökde bulut ýokdy — diýmek, howa gowulaşýar. Men ilkinji şäher transporty bilen köle gitdim. Biz bile dileg etjek we özümiz üçin ýatda galyjy bolan günüň başlananyny bellejek bolup, dostlarymyz bilen ýygnanyşyk başlanmazyndan bir sagat öň duşuşmagy öňünden gürleşdik. Hemmeler diýen ýaly ir gelip bildi. Duralgada duşuşyp, biz bile tokaýa gitdik: ýagyş eýýäm ýagyp bolupdy, terje otjagazlar bize tarap uzaşyp durdy. Biz Günüň şöhlesine baýramçylyk ruhunda öwşün atyp duran köle bardyk.

Göni suwuň ýanynda diýen ýaly, biz dyza çökdük, soň her kim gysgajyk dileg etdi. Soň gezekli-gezegine Mukaddes Kitapdan öz gowy görýän aýatlarymyzy we olaryň nähili ýagdaýlar bilen

baglanyşyklydygyny aýdyp başladyk. Şol ýekşenbe ertirinde biz biri-birimiz bilen iň gizlin syrlarymyzy paýlaşdyk. Suwda çokundyrylmanyň öň ýanyndaky şol gysgajyk gürrüňdeşlik hemmämiziň ýadymyzda hemişelik galdy.

Tizara beýleki mesihilerem gelip başladylar. Olaryň köpüsi, suwda çokundyrylmadan soň bizi gutlamak üçin gülli geldiler. Iki sany çadyr gurdular. Biz geýimlerimizi çalşyp çykdyk-da, suwuň ýanyna bardyk. Kenarda eýýäm bütin ýygnak, 400 adam durdy. Ruhy çopanyň kömekçisi Mukaddes Kitapdan soňky ugrukdyrmany okady we dileg etdi, soň biz bir-birden suwa girip başladyk.

Kölüň üstünde dabaraly sözler ýaňlandy:

— Isa Mesihiň Hudaýyň Ogludygyna ynanýarsyňmy?

— Ynanýaryn!

— Imanyň boýunça seni Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen çokundyrýaryn. Omyn.

Kenarda hor ýuwaşja aýdym aýtdy:

Şol akym meniň beýik, mukaddes syrymyň
sessizje şaýady boldy.
Şonda arassa ýagty tolkunlar
meniň kellämiň üstünden geçdi.

Ýene çalaja ýagtyly ýagyş ýagdy. Men suwdan çykanymda, bir garryja aýal: „Bu gowy zat! Bu ak pata ýagşydyr!“ — diýdi. Biz çadyrda geýimlerimizi çalyşdyk, soň ýygnanyşyk başlandy. Biz ömrümizde ilkinji gezek çörek döwme çäresine gatnaşdyk. Soňunda bizi gutladylar, gül sowgat berdiler. Agşam ýaşlar ýygnanyşygyna ýüze golaý adam ýygnandy. Bu ýerde bize eýýäm deň-duşlarymyz aýdymlarda hem goşgularda ýatda galyjy isleglerini aýtdylar. Şol agşam Rebbe doly bagyş edilme hakdaky pikir has-da aýdyň ýaňlandy.

Hudaý senden janly, bütinleý
bagyş edilmä garaşýar.
Soň mynasyp däle, emelsize
söýgi bilen gulluk berýär.

Ol ýygnaklaryň arasyndan geçip,
Mukaddes ýumuş bilen ruhlandyrýar.
Ýöne Onuň gözleriniň ünsüni
özüňi bagyş edip çekip bilýäň.

Suwda çokundyrylmadan soň men ýygnak gullugyndaky ornumy görkezmegini Rebden sorap, çyndan dileg edip başladym. Meniň pikirlerim ýaşlaryň köpüsinde bolşy ýaly, ýygnagyň durmuşy (ýygnanyşyklara, Mukaddes Kitap düşündirilişlerine gatnaşmak, orkestr, obalara gitme) bilen berk baglanyşykly bolsa-da, Hudaýda meniň üçin aýratyn zähmet ýeriniň bardygyna, şol gulluk üçinem özümiň jogapkärçilik çekmelidigime düşünýärdim. Men bu barada ruhy çopanyň kömekçisi bilen gürleşdim, soň maňa çagalar bilen işleşmegi, bir çagalar toparynyň mugallymyna kömek etmegi tabşyrdylar. Şol ýyllarda Harkowda ýekşenbe mekdepleriniň işgärleriniň seminarlary yzygiderli geçirilýärdi, menem şoňa gitdim.

1971-nji ýylyň tomsunda meniň geljekki okuwym hakdaky mesele çözüldi. Kakam medisina liseýine okuwa girmegi teklip etdi. Munuň institut däldigini hasaba alyp, KGB muňa goşulmaz, menem ony tamamlap, hünär alyp bilerin diýip umyt etdik. Men giriş synaglaryny tabşyryp, sentýabrdan okuwa başladym. Meniň bilen bile ýygnakdaky joram Lýuba-da girdi, şedýip, biz bir topara düşdük. Men medisinany, aýratynam, keselhanalarda usuly sapaklar başlananda gowy görýärdim.

1971-nji ýylyň 10-njy dekabrynda biziň maşgalamyzda ýene bir şatlykly waka boldy, ýene bir jigim boldy, oňa Aleksandr diýip at dakdyk. Biz lagere eneme Şuranyň doglany hakda hat ýazdyk, ol örän begendi we özüniň täze, eýýäm bäşinji agtygyna Hudaýyň aýratyn ak pata bermegini sorap köp dileg etdi.

## 14

# KYN SAPAK

1971-nji ýylyň noýabrynda enemiň howatyr edýän zady boldy — ony başga lagere, garrylar hem maýyplar üçin niýetlenen birnäçe jaýjagaz goýlan ýere geçirdiler. Ondan bu habar ýazylan haty alan badymyza, men ilkinji dynç güni ol ýere gitmekçi boldum. Inna ýene meniň bilen gitmäge isleg bildirdi. Otly Dneprodzeržinskä irden bardy. Aýallar lageriniň nirede ýerleşýänini, ol ýere nähili ulagyň gidýänini bilmeklige iki sagat dagy wagt gitdi.

Lager şäheriň çetinde ýerleşýän eken. Biz tramwaýdan düşen badymyza, enemiň näme sebäpden bu ýere düşmekden şeýle gorkany düşnükli boldy. Lager şäher zibilhanasynyň ýanynda ýerleşýärdi. Beýleki tarapynda himkombinat bardy. Ol ýerde ondan-da köpräk turba göge ýetip durdy: olaryň käbirlerinden çal, käbirlerinden hem, hapa sary ýa-da gyzylymtyl tüsse çykýardy. Soň enem maňa lagere tarap ýel öwsen wagtynda turbalaryň tüssesiniň özleriniň üstüne gelýänini, yssy tomus günlerinde ýarawsyz ýüregi bilen göni manysynda bulaýanyny gürrüň berdi.

Ýaşaýyş şertleri bu ýerde Harkowdakydan has erbetdi: hajathana territoriýanyň uzak burçundady, şahsy geýimleriňi ýuwmagam kyndy, guradara-da ýer ýokdy, iýmit örän ujypsyzjady. Enemiň tutgaýly ýürek agyrysy bardy. Oňa zerur bolan dermanlar lukman otagynda ýokdy, şonuň üçin ilkinji gezek baranymda, lukmançylyk bölüminiň ýolbaşçysynyň üsti bilen eneme ýürek dermanlaryny geçirmäge synanyşdym. Harby geýimdäki lukman aýal meniň bilen örän gödek gürleşdi hem dermany almakdan çürt-kesik boýun towlady.

Enem üçin iň kyn zat, aýratynam güýzde hem gyşda, gijelerine hajathana gitmeklik bolupdy: ol turup geýnip, howla çykmaly, soň hem, bütin lageriň içinden geçip, hajathana barmaly bolýardy. Agaç butgajyklarda jaýryklar bardy, ondan sowuk şemal çekip durdy, şeýdibem, ol peşew haltasynyň sowuklamasy bilen syrkawlady. Gijeleri ol ukusyz hem gaty gynanyp geçiripdir, sebäbi ýygy-ýygydan turmaly bolupdyr. Gündiz bolsa, ol işlemeýän bolsa-da, otagdaky düşekde gyşarmaga-da rugsat edilmändir. Şoňa görä-de, uzakly gün, agşam ýatylýança, düşeginde oturmaly bolupdyr, soň ýene ukusyz gije gelipdir.

Täze lagerde Harkowda bolmadyk ýene bir kynçylyk bar eken. Enemden hat geldi:

> „Meniň mähriban maşgalam, gadyrdan çagalarym!
> Men çuň gaýgy bilen size habar berýärin. Düýn agşam, 28-nji dekabrda, operatiw bölüm tarapyndan maňa, meniň size ýazan hatlarymda we siziň maňa ýazan hatlaryňyzda: Hudaý, Isa Mesih diýen sözler, «Hudaý seni saklasyn», «Hudaý saňa ak pata bersin», «seni Mesihiň Roždestwosy bilen gutlaýaryn» ýa-da başga dini mazmunly jümleler ulanylsa, onda şolar ýaly hatlaryň maňa berilmejekdigi, mendenem size ugradylmajakdygy habar berildi (muny habar bermäge rugsat aldym). Şol esasda hem, Lizajygyň ýazan Roždestwo otkrytkasyny we hatyny maňa bermediler.
> Siziň eneňiz,
> 1971-nji ýylyň 29-njy dekabry“[1].

Ýöne täze lagerde eneme garaşylmadyk şatlyk garaşyp duran eken. Garawuldaky esgerler täze gelen tussaglary kluba salyp

1 Enem bilen lagerdekä ýazyşan hatlarymyzdan galan ýekejesi. Galan hatlaryň hemmesi, şeýle hem, biziň oňa ýazan hatlarymyz enemiň azatlyga çykanyna köp wagt geçmänkä barlanylanda elimizden alyndy. Barlag duýdansyz ýagdaýda boldy, biz taýýarlanyp hem-de hatlary gizläp ýetişmedik. Diňe şu hat saklanylyp galdy, sebäbi ol alnan badyna derrew tussaglaryň garyndaşlarynyň Maslahatynyň býulleteninde çap edildi.

barlapdyrlar we olaryň birnäçe günläp bu ýerde „karantinde“ boljagyny aýdypdyrlar. Olaryň etapy bilen on adam gelipdir. Eýýäm wagt giç eken, agşamlyk naharyň wagty geçipdir, şol sebäpden hem, täze gelenlere aşhanadan galan sowuk çorbany bir pitide getirip beripdirler we bar galan zadyň şoldygyny, hatda çöregiňem gutaranyny aýdypdyrlar. Olar çorba iýip otyrkalar, kluba otuz ýaşlaryndaky bir aýal giripdir. Ol enemi gujaklap: „Lidiýa Mihaýlowna, salam! Meniň adym Wera. Men sizi birnäçe ýyl mundan ozal Harkowdaky aýallar ýygnagynda görüpdim. Men mesihi, meni çagalar işini alyp baranym üçin tussag etdiler“ — diýipdir.

Olar aýrylmaz joralar bolupdyrlar. Wera eneme edil gyzy ýaly bolup seredipdir, elinden gelen kömegini edipdir, enem ýaramadyk wagtynda, oňa seredipdir. Olar bile dileg etmek üçin gizlin ýer tapypdyrlar, biri-birini Mukaddes Kitapdaky ýatdan bilýän aýatlaryny aýdyp ruhlandyrypdyrlar. Ýöne administrasiýa olaryň duşuşygyna päsgel berip başlapdyr. Wera bolsa, eger garrylaryň bölüminde görseler, onda karsere saljakdyklaryny aýdyp haýbat atypdyrlar. Enem ýagdaýdan çykalga tapypdyr. Ol ir ertir bilen, brigadalary işe alyp gidilýän wagtda öz bolýan ýerinden çykyp, olaryň alnyp gidilýän ýolunyň ýanynda gezelenç edipdir. Weranyň deňine baranda, ol Mukaddes Ýazgydan aýady ýa-da iki-üç sany göwünlik beriji sözi çalt aýdypdyr. Wera onuň deňinden geçip barýarka ýylgyrypdyr, şeýdip, olar ogrynça gürleşipdirler.

Harkow lagerinde bolşy ýaly, men Dneprodzeržinskä-de her duşuşyga barmaga çalyşýardym. Onuň saglygy örän peselipdi. Ol azatlyga çykjak wagtyna çenli ýaşajakdygyna bolan umydyny ýitiripdi. Ejem öýde täze doglan Şurik bilen galýardy, men bolsa jigilerim bilen enemi görmäge gidýärdim. Wera azatlyga çykanyndan soň ol özüniň ejizligini has-da ýiti duýdy. Türmedäki soňky ýyly, Weranyň kömegi hem ahlak goldawy bolmansoň, enem üçin juda agyr boldy.

Duşuşyga ýylda dört gezek rugsat berilýärdi. Olaryň ikisi şahsy duşuşykdy. Şonda biz onuň bilen bir-iki gün bile bolup bilýärdik, bu her alty aýdan berilýärdi. Olaryň arasynda bolsa, umumy duşuşyk,

ýagny iki-üç sagatlyk gysga duşuşyk bolýardy. Enemiň saglyk ýagdaýyny bileni sebäpli, kakam menden ýekeje duşuşygy-da sypdyrmazlygy haýyş edýärdi. Onuň özi enemiň ýanyna baryp bilmeýärdi, sebäbi tussaglykdan gizlenip ýördi.

Şahsy duşuşyga biz eneme, öýüň naharyny bişirip bermek üçin Kiýewden azyk önümlerini alyp barýardyk hem-de şeýdip, enemi azajyk hem bolsa güýje getirýärdik. Enemi mydama daşdaky durmuş gyzyklandyrýardy — ýygnak nähili ýaşaýar, biz garyndaşlar Maslahatynyň agzalaryndan kimdir birini gördükmi, olaryň ýagdaýlary nähili? Ol kakam hakda hemme zady bilmek isleýärdi — ondan näme habar bar, onuň saglygy nähili. Her gezek onuň entek azatlykdadygyny eşideninde begenýärdi. Biz agşamlyk edinip bolanymyzdan soň çagalar oňa mekdep durmuşyndan gyzykly wakalary, kiçijik Şura hakdaky gülkünç zatlary gürrüň berýärdiler. Enemem nähilidir bir gülkünç zatlary, köplenç öz çagalygyndan gürrüň berýärdi. Lagerdäki durmuş hakda ol çagalaryň ýanynda az gürrüň edýärdi — bular agyr gürrüňler, çaga gulaklary üçin däl.

Liza bilen Ženýa ýatandan soň, biz onuň bilen kyn zatlar — onuň ýagdaýlary, saglygy hakda gürrüň edýärdik. Ol bolýan ýerindäki ýagdaýyň juda erbetdigini, hemmesiniň garrylardygyny, esasan hem, adam öldürenlerdigini gürrüň berýärdi. Örän gaty ýürekler, Hudaý hakda hiç zat eşitmek islemeýärler. Uzakly gün dawalar, sögünçler eşidilýär. Radiony bar sesine goýýarlar, eger birazajyk ýuwaşatmagy haýyş edäýseň, jogap hökmünde diňe gödek sögünç eşidýärsiň.

Enem ýürek tutgulary, peşew haltasynyň sowuklamasy hakda gürrüň berende aglady. Ol saglyk bölüminiň daşýürek başlygyna kömek sorap ýüzlenende: „Tussag Wins, siz näme bize ýüz tutýarsyňyz? Goý size, eger bar bolsa, Hudaýyňyz kömek etsin! Baryň ýeriňize gidiň, mende siziň bilen eder ýaly gürrüňim ýok!“ — diýip, onuň üstünden gülşi hakda gürrüň berdi. Enem meniň öňümde hor, reňki solgun bolup oturdy, ony demgysma heläk edýärdi. Meniň ýüregim gyýym-gyýym boldy: men oňa nähili kömek edip bilerin? Men birnäçe gezek derman getirip, saglyk

bölüminiň başlygyndan olary eneme bermegini haýyş etdim, emma ol, edil enem bilen gürleşişi ýaly, gödek gürleşdi.

Enem dileg etmegi teklip etdi, soň biz dyza çökdük, şonda gursagymdan hossarlyk etmegini sorap, Rebbe nalaly dileg joşup çykdy. Dileg edip bolanymyzdan soň, men ýaşlyk durmuşymyz hakda gowuja bir zat gürrüň berip başladym. Enem janlanan ýaly bolup, sorag berip başlady — ol meniň ähli dostlarymy çagalygymyzdan bäri tanaýardy. Bir gezek gijeki gürrüňdeşligimden soň ol: „Bilýärsiňmi, Nataşa. Rebde meni köşeşdirmäge aýratyn usul bar. Indi ýöremäge asla güýç galmadyk wagtynda, men bir düýş görýärin, ol käwagt gaýtalanyp durýar. Mydama men şondan soň bagt duýgusy bilen oýanýaryn!

Düýşüme ir baharda ýaňy gary aýrylan gara toprak girýär. Ol öl, ýumşak, suwa ezilen. Birdenem, ilkinji ýaşyl — terje, suwluja, ýaşajyk maýsajyklar peýda bolýar. Meni şonda şeýle bagt gurşap alýar — durmuş dowam edýär! Oýananymda men ýakynlygy, hemme zatda kömek edýäni üçin Oňa minnetdarlyk bildirýärin. Soň ýadyma: «Rebbiň merhemeti bilen biz ýitip gitmedik, sebäbi Onuň rehimi gutarmady, ol her ertir täzelenýär; Seniň wepaň beýikdir!» şeýle hem: «şu wagtky görgüler bize aýan boljak geljekki şöhrat bilen deňeşdirer ýaly däl» (Rimliler 8:18)“ diýen aýatlar düşýär.

1972-nji ýylyň ahyrynda medisina liseýinde meniň günüm kynlaşyp başlady. Okuwyň gutarmagyna bary-ýogy birnäçe aý galypdy. Ýazda biziň toparymyz döwlet tejribesini geçmelidi, soň döwlet synaglary bolýar, şeýdibem, biz şepagat uýalary bolýarys! Kynçylyklar „Bilim“ jemgyýetinden ýörite çagyrylan lektor ateistik tema boýunça leksiýa okandan soň başlandy. Ilki ol umuman diniň zyýany hakda gürrüň etdi-de, tiz wagtdan şahsyýetlere ýetip, meniň kakamyň we beýleki kiýewli wagyzçylaryň atlaryny tutdy. Ol olary ýamanlady, olara „antisowetçiler“ diýdi. Faktlary ýoýup, sektantlaryň wagşylygynyň „eýmenç wakalaryny“ gürrüň berdi.

Leksiýanyň ahyrynda ol kimde soragyň bardygyny sorady. Men elimi galdyryp, onuň ýoýulan görnüşde gürrüň beren faktlaryny takyklaşdyryp başladym. Men gürrüňiň meniň kakam we gowy tanaýan adamlarym hakda barýanyny aýtdym. Lektor meniň sözümi böldi:

— Men sen hakda-da köp eşitdim! Sen entek mekdepdekäňem, özüňi barypýatan sektant hökmünde görkezdiň! Otur, men seniň soragyňa jogap bermeýärin!

Meniň toparymdaky gyzlar tolgundylar:

— Siz näme üçin ony gürlemäge goýaňyzok? Bu zatlar onuň kakasy hakda ahyry: hemme zadyň nähili bolanyny ol gowy bilýär ahyry!

Liseýiň müdiri zaly ýuwaş bolmaga çagyrdy, lektora gyzykly hem peýdaly leksiýasy üçin minnetdarlyk bildirdi we hemmeleriň okuw otaglaryna dargamalydygyny aýtdy. Gyzlar meniň daşyma üýşdüler:

— Nataşa, aslynda bu zatlaryň nähili bolanyny gürrüň bersene! Biz Lýuba ikiňiziň Hudaýa ynanýanyňyzy bildik, ýöne munuň ýaly eýmençligi entek eşitmändik.

Ertesi gün meni müdiriň otagyna çagyrdylar. Ol ýerde liseýimiziň okuw müdiri-de bardy. Sorag etme başlandy: „Seniň kakaň nirede? Adyl suddan gizlenýärmi? Eneňem otyrmy? Maşgala bolaýşyny! Biz saňa diplom bereris öýdýärsiňmi? Ýatda sakla: din bilen medisina bir ýere sygýan däldir!“ Müdiriň ýanyna çagyrmalar gaýtalandy, ýöne okuwyma päsgel bermediler. Şonuň üçin men, belki hemme zat geçer diýip umyt edýärin, medisina liseýi — bu institut däl ahyry.

Enemiň ýanyna duşuşyga gitmeli wagt ýetip geldi. Men hemişe bolşy ýaly, maşgala ýagdaýym boýunça iki gün sapaklarymdan rugsat bermegini sorap, administrasiýa arza ýazdym. Adatça maňa rugsat berýärdiler. Ýöne bu gezek okuw müdiri arza gol çekmekden ýüz öwürdi.

— Näme ýagdaý ýüze çykdy? — diýip, ol sorady.

— Enem Dneprodzeržinskde tussaglykda otyr, ol örän ýarawsyz. Men onuň bilen duşuşyga gitmeli we azyk önümlerini hem derman alyp barmaly.

— Sen hiç ýere-de gitmeýärsiň! Men gol çekmeýärin!

Men haýyş edip başladym, lagerde enemiň gününiň kyndygyny, onuň biziň bilen duşuşyga nähili garaşýanyny gürrüň berdim. Emma okuw müdiri yrylmazlygyna galdy: „Ýok, munuň üçin men seni okuwdan boşatjak däl!“ Men çykgynsyz güne düşdüm: näme etmeli? Men duşuşyga gitmän biljek däldim: enem üçin bu gaty agyr ýagdaý bolardy, ýöne nädip okuwdan sebäpsiz galjak? Men şol gün okuwdan öýe baranymda, öýde ejemiň jorasy bar eken. Meniň gürrüňimi diňländen soň ol: „Meniň bir şepagat uýasy tanşym bar, ol saňa iki günlük okuwdan galar ýaly kepilnama ýazyp berer“ — diýdi. Bu iň gowy çykalga bolmasa-da, başga ýol ýok diýip, men muňa razy boldum.

Duşuşyk gowy geçdi. Men enemi artykmaç gynandyrmajak bolup, oňa okuwymdaky kynçylyklar hakda hiç zat aýtmadym. Men Kiýewe baranymdan soň, maňa eýýäm kepilnama garaşyp durdy. Ertesi gün men okuwa baryp, administratiw bölüme kepilnamamy berdim. Iki günden soň, meni okuw müdiriniň ýanyna çagyrdylar. Onuň elinde meniň kepilnamam bardy. Okuw müdiri: „Diýmek, ýasama kepilnama ulanýarys-da? Gaty gowy! Ýene mesihimişin! Diňe şunuň üçin hem seni liseýden çykaryp bilýänimizi sen bilýärsiňmi?“ Men sesimi çykarmadym, özümi aklara zadym ýokdy.

Ýene bir hepde geçdi, men diýseň gaýgy etdim. Ahyrsoňy okuw müdiri biziň toparymyzyň ýygnagyny yglan etdi. Ol uzyn günäkärleýji çykyşy etdi-de, ahyrynda liseýiň pedagogiki kollektiwiniň meni okuwdan çykarma kararyna gelenini aýtdy. Toparymyzyň gyzlary garşy çykdylar:

— Eýsem, şonuň üçin okuwdan çykarýarlarmy? Näme başgaça edip bolanokmy; talyp töleginden kesip, käýinç berip bolar-a. Ol gowy okaýar ahyry! Döwlet synaglaryna-da üç aý galdy!

Okuw müdirine munuň ýaly tarap alynmasy ýaramady, şoňa görä-de, ol olaryň sözlerini gödeklik bilen böldi:

— Bu mesele yza öwrülmesiz çözüldi! Nataşa eýýäm okuwdan çykaryldy.

Men agladym. Men hemmeleriň, iň esasy hem, Hudaýyň öňünde utandym. Men, dogrudanam, günäkärdim, şol sebäpden hem, öz hereketimiň tölegini tölemeli bolupdym. Gyzlar meniň daşymy gurşap aldylar: „Nataşa, biz müdiriň ýanyna bararys, seniň üçin haýyş ederis. Kepilnamaň nämejikmişin — köpler şeýle edýärler-ä“. Olar müdiriň ýanyna gider ýaly, birnäçe wekil saýladylar. Ýöne müdir olary diňlemegem islemedi-de, okuw müdiriniň aýdanlaryny gaýtalady: „Mesele gutarnykly çözüldi!“

Men ýasly halda öýe gaýdyp geldim. Bir tarapdan men kepilnamanyň ýöne bir bahanadygyny, esasy sebäbiň müdiriň: „Biz saňa diplom bereris öýdýärsiňmi? Ýatda sakla: din bilen medisina bir ýere sygýan däldir!“ — diýen sözlerindedigine gowy düşünýärdim. Başga bir tarapdan hem, özümi okuwdan çykararlary ýaly degerli bahanany olaryň ellerine özüm berdim. Indi näme — mundan beýläk nähili ýaşamaly? Mende başga hünär ýokdy, şepagat uýasy käri maňa diýseň ýaraýardy, ine-de, men ondan mahrum boldum...

Öýde maňa täzelik garaşýardy: kakam — Kiýewde, Dibuninleriň öýünde, ol meniň bilen duşuşmak isleýär. Garaňky düşenden soň Liza ikimiz, edil gezelenje çykan ýaly, öýden çykdyk, ýarym sagada golaý goňşy köçelerde aýlandyk-da, yzymyzdan hiç kimiň yzarlamaýandygyna göz ýetirip, kakamyň baran öýüne gitdik. Bizi bir otaga alyp bardylar. Ol Lizany, soň meni gujaklady. Men agladym. Kakam meniň liseýdäki kynçylyklarym hakda bilýän eken, emma okuwdan çykarylanym hakda bilmeýän eken. Men oňa hemme zady — „Bilim“ jemgyýetinden gelen lektor, müdir bilen edilen gürrüňler we onuň din bilen medisinanyň bir ýere sygmaýanyny aýdanyny, soň hem, enemiň ýanyna gidip, petige düşenimi gürrüň berdim. Toparymdaky gyzlaryň: „Kepilnamaň nämejikmişin — köpler şeýle edýärler-ä“ — diýen sözlerini gaýtaladym.

Kakam şeýle diýdi:

— Nataşa, seniň nahili ejir çekýäniňe men düşünýärin, şonuň üçin göwnüňi artykmaç agyrtmak islemeýärin. Ýöne seniň ýagdaýyňa men nähili baha berýärin. Elbetde, seni mesihi hökmünde, şeýle hem, şeýle maşgala degişli bolanyň üçin okuwdan çykardylar. Ýöne

şol kepilnama bilen sen olaryň eline özüňe garşy güýçli ýarag beripsiň, olaram ony ulandylar. Bu işiň bir tarapy. Indi bolsa, gel, seniň hereketiňe, şol kepilnama gaýdyp geleli. Bu sen tarapdan edilen dogruçyl hereket däl. Liseýdäki gyzlaryň: „Hemmelerem şeýle edýärler“ diýmekleri saňa aklama bolup hyzmat edip bilmeýär. Sen mesihiniň beýik adyny göterýärsiň, şol at hem, seni köp zada borçly edýär.

Kalbymdaky wyždanyň sesi eden hereketimi gürrüňsiz ýazgarýan bolsa-da, men özümi aklamagy dowam etdirdim:

— Kaka, mesihilerem şeýle edýärler-ä!

— Başgalaryň ýol bererlikli hasaplaýan zady bilen öz hereketiňi aklap bolmaýar. Goý, bu ýagdaý saňa bütin ömrüňe sapak bolup hyzmat etsin. Hudaýyň seni şeýle berklik bilen saklaýanyny, hiç zady gözden salmaýanyny Onuň aýratyn rehimi diýip hasaplaýaryn. Şony gymmat saý, gyzym! Mesihiniň özüne hemme zada rugsat berilýär diýip hasap etmegi onuň üçin iň gorkunç zatdyr. Gullukçy hökmünde men şundan durmuşymdaky hemme zatdan-da beter gorkýaryn.

# 15

# MOSKWANYŇ ÜÝŞMEK SUWLY ÝERLERI BILEN

Ýakynlarynyň dilegleri bilen enem lager möhletine döz gelip bildi. 1973-nji ýylyň 1-nji dekabry gelip ýetdi. Ejem Petýa, Saşa Leşenko we Zinaida Wilçinskaýa bilen enemi garşy almak üçin lagere gitdi. Lageriň gapysynda ony, ondan bir ýyl öň azatlyga çykan, harkowly Wera-da garşy alypdyr. Öýde biz duşuşyga taýýarlyk gördük, köp dostlarymyz üýşdi. Hemmeleri görmeklik, ýene özüniň oňaýlyja kiçijik ýatýan otagynda ýatmaklyk, maşgalanyň aladasyny duýmaklyk enem üçin gymmatlydy. Ýöne onuň şatlygy ogluny görüp bilmeýäni sebäpli gaýga öwrüldi. Kakama bütinsoýuz gözlegi yglan edildi, biziň öýümiz gözegçilik astyndady, şol sebäpden hem, öýe gelmegi oňa arzuw etmegem bolmaýardy.

Enem Roždestwodan üç hepde öň boşady. Onuň barlygy bilen baýramçylyk has ýagtyly boldy, bu biziň üçin aýratyn şatlykly boldy. Ol öý şertlerinde kem-kemden güýjüne geldi. Özi ýokka doglan iki ýaşlyja Şura bilen tanyşmaklyk enem üçin gyzykly boldy. Ol azatlykdaky her gününe begendi. Lagerdäki durmuşdan nähili sapaklary alanyny ýygy-ýygydan gürrüň berdi:

„Biziň lagerimiziň gapdalynda köp gatly jaýlar ýokary galyp durdy. Gijelerine men äpişgelerden ýagtynyň görnüşini synlamagy gowy görýärdim. Nirededir bir ýerde adaty durmuşyň gidip duranyny, adamlaryň işden gelip, naharlanmaga oturýanyny, bütin maşgalanyň bir stoluň başyna ýygnanýanyny göz öňüne getirmek maňa kyn bolýardy. Şonda men: «Meniňem daşary çykyp, islän ýerime gidip biljek günlerim gelermikä? Ýa-da gündiz

düşegimde — ýadan wagtym ýa-da gyşarmak islän halatym ýatyp bilermikäm?» — diýip pikir edýärdim. Men Hudaýyň bize azatlykda berýän artykmaçlyklarynyň gadyryny bilmegi öwrendim. Serediň, biziň stolymyzda nähili bolçulyk — ak çörek, süýt bar. Men lagerde birje bulgur süýt içmegi aýlap arzuw edýärdim, men açlyk düýşlerini görýärdim.

Möhletimiň gutarmagyna bir ýyl galanda, meni möhletinden öň çykarma boýunça komissiýa çagyrdylar. Ýöne adam garry hem syrkaw bolsa-da, ony ýöne ýere çykarmaýarlar. Olar maňa lageriň gazetine Hudaýdan göwnümiň geçendigi, indi Oňa ynanmaýandygym hakda makala ýazmagy teklip etdiler. Şeýle eden bolsam, olar meni öýe goýberjekdiler. Men olara: «Men barybir tizara ölýärin, eger ömrümiň ahyrynda beýle zat ýazsam, utanç bolar!» — diýdim. Olar: «Beýle bolsa, möhletiňiziň ahyryna çenli oturarsyňyz!» — diýdiler. Men olardan şundan başga zada garaşmandygymy aýdyp, yza öwrüldim-de otagdan çykyp gaýtdym. Şeýdip, men möhletimiň soňuna çenli oturdym we rehimleri, janymy gorany üçin Rebbe tükeniksiz minnetdar. Mundan başga-da, men ol ýerde ertirki günüň aladasyny etmezligi, hemme zady Hudaýyň eline tabşyrmagy öwrendim“.

Täze 1974-nji ýylyň gelmegi bilen meniň işimde-de kynçylyklar başlandy. Men keselhananyň çagalar bölüminde owkalaýjy bolup işleýärdim. Bizde süňki inçekesel bolan çagalar ýatýardylar. Ýanwarda baş lukman meni öz otagyna çagyrdy. Ol ýerde partkomdan we ýerli komitetden adamlar otyrdylar. Men içeri giren badyma baş lukman meniň jenaýatçy maşgaladandygymy, kakamyň tussaglykdan gizlenip ýörendigini, özümiňem sektantdygymy, şol sebäpden hem, ol ýerde işläp bilmejekdigimi aýdyp gygyryp başlady.

Ýene liseýden çykarylanymdaky ýaly, din bilen medisinanyň bir ýere sygmaýandygyny eşitdim. Söhbetdeşlik iki sagada golaý dowam etdi. Ahyrynda baş lukman maňa öz islegim boýunça işden çykmagy teklip etdi. Men işiň öz göwnüme ýaraýandygy, şoňa görä-de, işden gitme niýetimiň ýokdugyny aýdyp garşy çykdym. Ol maňa haýbat atyp başlady: „Sen entek ökünersiň! Biz seni madda

boýunça işden çykararys!“ Şeýdip, bir aý geçenden soň, çagalar bölümde owkalaýjy bilen şepagat uýasy ýetmezçilik edýän bolsa-da, meni ştatyň kemeldilmegi boýunça işden çykardylar.

Işden çykarylandygymy bilende, kakam maňa başga iş tapylýança iki-üç aýlyk öýden gitmegi we „Mesihi“ neşirýatynyň proýektleriniň birinde kömek etmegi teklip etdi. Men şatlyk bilen razy boldum. Onuň işgäri uly seresaplylyk bilen meni kakamyň şol wagt bolýan şäherine alyp gitdi. Biz mähir bilen duşuşdyk. Ol maňa özümiň gatnaşjak proýektim hakda gürrüň berdi.

„Mesihi“ neşirýaty ukrain dilindäki senalaryň toplumyny çapa taýýarlaýardy. Şu maksat bilen birnäçe hepdelik Demirgazyk Ukraina gitmek we şol ýerde ýygnak dirižýorlary bilen toplumy düzmegiň üstünde işlemek zerurdy. Bu iş tabşyrylan neşirýat işgärine kömek gerekdi.

Meniň işim kömekçiniň etmeli işlerini öz üstüme alyp, Katýany toplumyň üstünde işlemekden boşatmakdy. Birnäçe şäherlerden ýygnak dirižýorlary her hepdede bütin günlük gelýärdi, şonda Katýa olar bilen işlände, men hemmeler üçin nahar taýýarlaýardym, saçagy taýýarlaýardym, gap-gaç ýuwýardym. Adaty günlerde bolsa, toplum üçin saýlanylan senalary täzeden çap etmäge kömekleşýärdim.

Martyň başlarynda iş bilen Katýa Moskwa gitmek gerek boldy, şonda ol meni-de ýany bilen alyp gitdi. Biziň baran ýerimizdäki jaýda men kakam bilen duşuşdym. Ol meni görüp begendi, soň iki günlük öz ýanyna alyp gitdi. Ertesi gün ol ýolugruna Moskwada düşläp geçmeli bolan bir ruhy çopan kömekçisi bilen duşuşmalydy. Biz duşuşyga baranymyzda, öňden bilinmedik eglenilme boldy, şeýdip, biz 3–4 sagat garaşmaly bolduk. Bize duşuşyga garaşyp, köçelerde ýöne bir aýlanyp ýörmekden başga alaç galmady.

Ol gün howa bulutlydy, şemallydy, temperatura noldan ýokary bolsa-da, entek gar doly eremändi. Biz birnäçe sagatlap suw üýşmeleri ýygnanan ýanýodalardan ýöredik. Bir awtobus duralgasyndan beýlekisine ýöredik, özümizi biynjalyk edýän zatlar hakda köp gürrüň etdik. Kakam özüne öňde türmäniň garaşýanyna anyk düşünýärdi — bu irde-giçde bolmaly hakykatdy.

Biz maşgalamyzyň geljegi, ejem, enem, kiçi çagalar hakda gürrüň etdik. Buz ýaly sowuk şemalda üşäp ýylanmak, bir käse kofe içmek üçin ýerli uly dükana girdik. Soň ýene köçelerde ýöredik hem gürleşdik. Kakam şol döwürde başdan geçiren kynçylyklary hakda gürrüň berdi. Ol birnäçe gezek durmuşdaky iň esasy zadyň — hoşhabar düzgünlerine wepaly bolmakdygy hakdaky pikire gaýdyp geldi. Soňuna çenli Hudaýa bolan wepalylygy saklap, ejir çekeniň ölümini kabul eden kakasy Pýotr Ýakowlewiçi ýatlady.

Şu söhbetdeşlikden mende onuň çuň içki dünýäsini we Reb bilen uly ýakynlygyny duýmaklyk galdy; kakamyň tutulmagynyň hakykatdan gutulgysyzdygyna düşünýän bolsam-da, onuň geljegi baradaky gorkular köşeşdi. Ertesi gün biz aýrylyşdyk. Katýa ikimize Demirgazyk Ukraina baryp, toplumyň üstündäki işi gutarmak gerekdi, kakam bolsa, birnäçe günden soň, Urala we Sibire gitmelidi. Otluda men pikirimde Moskwadaky soňky günüme gaýdyp geldim. Soň hemme zady şeýle gurnandygy, öňünden bilinmedik eglenilmäni, martyň üýşmek suwly köçelerinden ýöremekligi hem kakam bilen meniň üçin şeýle wajyp bolan gürrüňdeşligi taýýarlany üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Men eger onuň tutulanyny eşidäýsem, onda şu gürrüňleri ýada salyp ruhdan düşmejekdigimi duýdum.

Üç hepdeden soň, apreliň başlarynda, Katýa ikimiz toplumyň üstündäki işimizi gutaryp, senalary çapa taýýarlamak üçin çaphana bermek üçin Moskwa gitdik. Kakam takmynan şu günlerde Sibirden gaýdyp gelmelidi. Işe ýerleşmek üçin Kiýewe gaýdyp barmazymdan öň ýene bir gezek duşuşmagy biz gürleşipdik.

Biziň otlymyz Moskwa agşam geldi. Ýolagçylar eýýäm paltolydylar, geçelgeler çemodanlardan doludy. Aýnany ýagyş kakýardy, äpişgäniň aňyrsynda bolsa, ýagyşly howa bardy. Hemişe bolşy ýaly, saparyň ahyrynda wokzaldan göze ilmän gitmek başardarmyka diýip gaýgy edýärsiň. Pikiriňde ýörejek ýoluňy aýlaýarsyň: birnäçe duralgany trolleýbusda geçmeli, soň metro, awtobus, soň biz barmaly ýerimize barýarys.

Belki, kakam ol ýerde eýýäm Katýa ikimize garaşyp oturandyr. Ýene howsalaly pikir: yzarlama astyna düşmesek bolýar! Wokzal,

aýratynam, uly şäherlerde iň howply ýer bolýar, ol ýerde adatça güýçli yzarlaýarlar. Hemme zat öňden pikirlenilen we hasaba alnan bolsa-da, ýüregiňde birahatlyk bolýar. Pikirimde dileg edýärin: „Reb, bizi diňe Sen gorap bilýänsiň. Sen Öz Sözüňde biziň «girişimizi, çykyşymyzy gorajakdygyňa» söz berdiň. Seniň güýjüňe ynanýaryn!“

Otly perrona ýetip barýar. Wagonyň içinde başagaýlyk, hemmeler çykalga ylgajak bolýar. Katýa ikimiz perrona çykdyk-da, wokzalyň binasynyň içinden geçip, trolleýbus duralgasyna barýarys. Biz barmaly jaýymyza gowuja bardyk. Basgançakdan ýokary galdyk, Katýa gapynyň jaňyny basdy. Bize gapyny açdylar, bizem derrewjik içeri girdik. Diňe gapy ýapylanyndan soň, salamlaşmak we öý eýesini gujaklamak mümkin bolýar.

Ol ýylgyrdy:

— Hudaýa şükür, gowy geldiňiz! Açmy, ýadadyňyzmy?

— Ýok, Maşa daýza, hemme zat gowy. Kakam sizdemi?

— Ýok, entek gelmedi. Bu ýerde oňa eýýäm üç adam garaşyp otyr. Gündiz Dmitriý Wasilýewiç gelip gitdi. Petrowiç bäşden gijä galmajakdygyna söz beripdi. Siz çykarynyň-da, geçiberiň! Geler, birnäçe günlük eglenendir, beýle ýagdaý öňem bolupdy.

Biz otaga geçdik, ol ýerde üç sany aýal dogan otyrdy. Olar daşymyza üýşdüler; „Nataşa, Katýa! Nähili geldiňiz? Georgiý Petrowiç gelmelidi, ýöne näme üçindir ol gelenok“. Maşa daýza içeri girdi: „Geliň, dileg edeliň. Ýolda gorany üçin Hudaýa minnetdarlyk bildireliň“. Dileg edip bolandan soň, ol bizi aşhana nahara çagyrdy.

Bu öýdäki maşgalanyň durmuşy adaty däldi. Bir tarapdan, hemmeler edil başga maşgalada ýaly: çagalar irden mekdebe, kakalary işe gidýär. Ýöne köplenç jaň basylýar, gapyny öý bikesi açýar, soň içerik adamlar girýär, olary tördäki otaga alyp gitmeli we diňe ýuwaşja gürleşmeli. Olaryň şol jaýdadygyny ýat adamlaryň hijisine aýtmaly däl. Hudaýyň zähmetkeşleriniň syryny diňe bu maşgala bilýär we saklaýar. Maşgaladaky çagalar, hatda iň kiçileri-de, ýagdaýyň çynlakaýdygyna düşünýärler.

Katýa ikimiz ol ýerde gije ýatdyk. Ir ertir bilen bizi gapynyň jaňy oýardy. Katýa maňa: „Ine-de, Georgiý Petrowiç geldi!“ — diýip

pyşyrdady. Otaga neşirýatyň bir işgäri bilen Maşa daýza girdi. Ol işgär aýal kakam bilen bir zadyň gürrüňini etmäge gelipdir. Kakam bolsa entegem gelenok. Howsala artdy, ýöne gaýgyly duýgulara ýan bermek islemedik. Öňem giden köp ýerlerinden gaýdyp gelşi ýaly, bu gezegem geljegine ynanmak isleýärdik. Ýöne bir adaty egleniş: belki, bir ýere baranda, gyssagly başga ýene bir ýere gitme zerurlygy çykandyr.

Gündiz Dmitriý Wasilýeweiç Wiktor bilen geldi. Ýagdaýlary ara alyp maslahatlaşanlaryndan soň, bir zat etmeli wagt geldi diýen netijä geldiler. Hemme zadyň gowumydygyny bilmek üçin Wiktory Çelýabinskä iberdiler. Biziň üçin bolsa, ýene näbellilik günleri geçmän başlady. Biz bilelikde köp dileg etdik, umumy howsala bizi ýakynlaşdyrdy. Şol hasratly garaşmalar günlerinde kakam bilen bolan soňky duşuşykdaky her bir söz, her bir ownujak jikme-jiklik meniň ýadyma düşdi. Şol günden soň bary-ýogy üç hepdäniň geçenine ynanmak kyndy.

Şonda kakam maňa: „Ah, gyzym, şu gün ikimiziň gürleşip oturyşymyz ýaly, kakam bilen iň bolmanda ýekeje güni geçirmek üçin şeýle köp zat bererdim! Gürleşip, gürleşip, gürleşip... Men ýetginjekkäm ony has-da küýsäpdim. Men kakamyň maslahatlaryna şeýle mätäç bolupdym, oňa gaty köp sorag bermek isleýärdim! Ýöne ol eýýäm ýer ýüzünde ýokdy. Sen 21 ýaşyňda, Nataşa, sen mesihi gyz, şonuň üçin öz kakaň ýüregini bilýärsiň. Eger ýene tussag ediläýsem, hatda ömür tanapym üzüläýse-de, kakaňyzy tanap ulalan ýyllaryňyzy siziň, çagalaryň eliňizden hiç kim alyp bilmeýär“ — diýdi.

Üç günden soň Wiktor Çelýabinskide kakamyň doganlar bilen duşuşandygy, 30-njy martda ony Nowosibirskä ugradandyklary baradaky habar bilen gaýdyp geldi. Birnäçe günden soň çelýabinskili mesihileriň öýlerinde „Winsiň işi boýunça Kiýewiň prokuraturasynyň sanksiýasy bilen“ barlag bolupdyr. Nowosibirskä barýan ýolda ony tutandyklaryna hiç hili şübhe galmady. Bu habary eşidenimizden soň, biz dyza çökdük, soň dostlarymyzyň hemmesi bilen bilelikde Hudaýyň ony goramagy, oňa aýratyn rehim etmegini

sorap dileg etdik. Kakamyň tutulanyny onuň soňky ýyllarda gullugyň ähli howplaryny bile paýlaşan ýakyn işdeşleriniň arasynda bilmegim meniň üçin gymmatly zatdy. Bu gün kakam tutuldy, ertir bolsa olaryň islendik biri türmä düşüp bilerdi. Men kakamyň tutulmagynyň olaryň ýüreklerinde-de, edil meniňki ýaly hasraty döredýänini duýdum.

Wiktor kakamyň tutulanyny maşgalamyza habar bermek üçin Çelýabinskiden kimdir birini ugradandyklaryny aýdan bolsa-da, men Kiýewe howlukdym. Men öýe Pesahyň ikinji güni bardym. Lukýanow türmesine kakama eýýäm iýmit geçirip beripdirler. Liza maňa ajaýyp täzelik aýtdy: şenbe güni giç agşam, Pesahyň öň ýanynda, ýygnagymyzyň ýaşlaryndan ýigrimä golaý adam türmäniň ýanyna baryp, kakam üçin „Mesih ölümden direldi“ diýen aýdymy aýdypdyrlar. Olar keselhananyň territoriýasyna barypdyrlar. Türmäniň diwary şol ýerden geçýärdi. Onuň kamerasynyň nirededigini hiç kim bilmeýärdi, şonuň üçin onuň eşitjegine-de ynamly bolmandyrlar[1]. Dostlarymyz diňe bir aýdym aýdyp ýetişipdirler, soň derrew garawullar ylgap çykypdyrlar welin, olar hem, gaçmaly bolupdyrlar.

Soň kakam şol Pesahyň öň ýanyndaky agşam hakda şeýle gürrüň berdi: „Biz kamerada dört adamdyk. Eýýäm giç agşam bolupdy. Birden men ukynyň arasynda aýdym sesini eşitdim:

«Mesih ölümden direldi!» Entek doly oýanmamsoň, men eýýäm ýerden alnypdyryn, indi men gökde, indi türmede ýok, ezýetlerem diýip pikir etdim. Ýüregimi adaty bolmadyk şatlyk doldurdy. Aýdym gitdigiçe gaty eşidildi. Men doly oýananymda, ýaş sesleriň aýdym aýdýanyna düşündim.

Pesah aýdymynyň sesleri türmäniň açyk äpişgesinden böwsülip girdi. Kameramyzdaky beýlekilerem oýandylar-da, hiç zada düşünmän: «Diňläň! Diňläň!» diýişdiler. Goňşy kameradakylar biziň diwarymyzy kakdylar, bütin türmede galagopluk boldy. Ýöne şol wagt garawullaryň itleri üýrdi, garawullaryň sesleri eşidildi, şeýdip,

1 Lukýanow türmesi baryp, patyşa döwründen bäri hereket edip, gaty könedi we giden kwartaly eýeleýärdi.

aýdym sesi kesildi. Men imandaky dostlarymyň şeýle garaşylmadyk usul bilen maňa pesah salamyny berme kararyna gelendiklerine düşündim. Men haýran galdym: olar meniň kameramyň äpişgesiniň nirededigini nädip bildikäler? Olar edil äpişgäniň aşagynda aýdym aýdan ýaly duýgy boldy.

Kakamyň tutulmagy bilen baglanyşykly bolan howsala maşgalamyzyň üstüne indi, hereket etmek zerurdy. Enemiň kömegi bilen biz, tussag edilen kakamyzyň ykbalyny alada eden çagalar, döwlete ýüzlenme ýazdyk.

MOSKWA, KREML. A. N. KOSYGINE, MOSKWA, KREML, N. B. PODGORNA. Nusga: HHBM

Nusgada: Tussaglaryň garyndaşlar Maslahaty.

Biziň kakamyz, Wins Georgiý Petrowiç SSSR Konstitusiýasy we adam hukuklary baradaky Halkara aktlary bozup, dini garaýyşlary we Ýygnakdaky işi üçin bikanun tussag edildi.

Soňky on üç ýylyň dowamynda kakamyz mydama hukuk goraýjy guramalar tarapyndan yzarlamalara duçar edildi. 1966-njy ýyldan 1969-njy ýyla çenli azatlykdan marhum edilme möhletinde boldy. Şondan soň ol saglygyny ýitirip gaýdyp geldi.

Täzeden tussag edilme onuň jany üçin howsala düşmäge esas berýär. Biz kakamyzyň atamyz, dini garaýyşlary üçin tussag edilen we lagerlerde gynanylan, öleninden soň hem aklanylan Wins Pýotr Ýakowlewiç ýaly, ölenden soň aklanylmagyny islemeýäris.

Biziň maşgalamyza eýýäm köp ýyllardan bäri azar berlip gelinýär. Enemiz Wins Lidiýa Mihaýlowna, kakamyz, şeýle hem, beýleki repressiýa edilen mesihiler üçin töwellaçylyk edeni sebäpli, 1970-nji ýyldan 1973-nji ýyla çenli azatlykdan mahrum edildi. Ejemiz Wins Nadežda Iwanowna 1962-nji ýylda işden boşadyldy-da, köp ýyllaryň dowamynda hiç ýere işe ýerleşip bilmedi. Häzir ol öz hünäri boýunça işlemeýär.

Repressiýalar bize-de, ýagny çagalara-da, täsirini ýetirýär. Nataşa Wins 1974-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda işden bikanun boşadyldy. Şondan öňki söhbetdeşlikde (Kiýew şäherindäki 17-nji keselhananyň) baş lukmany Hrýapka ony işden çykarmaga bahana tapjakdygyny, sebäbi din bilen medisinanyň bir ýere sygmaýanyny aýtdy. Pýotr Winsi bolsa, 10-njy synpy tamamlanyndan soň hiç ýere işe alanoklar.

Biziň maşgalamyza edilýän bu zatlaryň hemmesi köpçülikleýin gyrmanyň alamatlaryny görkezmeklik bolup durýar. Kakamyzyň häzirki tussaglygy ýol bererlikli zat däl. Onuň saglyk ýagdaýy agyr diýip çaklamaga bizde doly esas bar. Onuň jany we mundan beýläk tussaglykda bolmagynyň bar jogapkärçiligi hut Siziň üstüňize düşýär.

Eger kakamyz azatlyga çykman, türmede oňa janyna howp salyjy çäreler görülse, onda bütin maşgalamyzyň onuň bilen bile ejir çekme kararyndan doludygyny bildirýäris, muny Size hem bütin dünýäniň mesihilerine duýdurýarys.

1974-nji ýylyň 18-nji apreli.

Wins Nataşa, 21ýaş.

Wins Pýotr, 18 ýaş.

Wins Liza, 13 ýaş.

Wins Ženýa, 9 ýaş.

Biziň salgymyz: 252114, Kiýew şäheri, Soşenko köçesi 11-B“.

Ýöne biz döwlete ýazan bu arzamyza, beýleki köp arzalarymyza jogap almaýşymyz ýaly jogap almadyk.

# 16

# NORWEGIÝALY AKLAWÇY

Kakamy Kiýewiň türmesine Nowosibirskden apreliň başlarynda getirdiler. Onuň tussag edilenine ýedi aý geçip, eýýäm oktýabryň ahyry bolupdy, ýöne bizde ondan hiç hili habar ýokdy. Öýde hemme zat öz nobaty bilen gidip durdy: men keselhana laborant bolup işe ýerleşdim, ejem biriniň öýünde işlemegini dowam etdirdi, Liza bilen Žeňýa bolsa, mekdebe gidýärdiler, kiçijik Şura bolsa, üç ýaşap barýardy. Petýa mekdebi gutaranyndan soňra okuwa girjek boldy, emma ony kabul etmediler. Ol okuwy gutarmanka, KGB-ň bir işgäri onuň bilen gürleşip, kakasy hakda gürrüň bermegi, öz gezeginde hem, onuň uniwersitete okuwa girmegine kömek etmegi teklip edýär. Petýa hem KGB bilen iş salyşmakdan çürt-kesik boýun towlaýar.

Enemiň azatlyga çykanyna bir ýyla gola wagt geçdi, onuň saglygy eslije gowulaşdy. Soň ol ýene tussaglaryň garyndaşlarynyň Maslahatynda işjeň zähmet çekdi. Enem kakamy diýseň alada edýärdi. Onuň özi türmeleri hem lagerleri başdan geçireni sebäpli, häzir kakamyň nähili duýgyny duýýanyny göz öňüne getirip bilýärdi. Kakamyň sülçüsi dört ýyl mundan ozal enem tutulanda bolan sülçüdi. Derňew bölüminiň başlygy: „Winsler maşgalasynda maşgala sülçüsi bar, ejesinden ogluna geçýär!“ — diýip degişipdem. Oktýabryň ahyrlarynda giç agşam gapynyň jaňy basyldy. Biz gapyny açdyk: görsek gapyda milisioner dur. Ol ýekedi — diýmek, öý dökme däl. Milisioner irden sagat 9-da bizi sülçi Behiň çagyrýandygy hakdaky habarnamany berdi. Biz

ünjä galdyk: kakama bir zat bolaýdymyka? Biziň soraglarymyza milisioner özüniňem hiç zat bilmeýändigini, diňe habarnamany bermegi tabşyrandyklaryny aýtmak bilen jogap berdi.

Ertesi gün ejem, enem, men we Petýa sülçiniň otagyna bardyk. Beh derrew:

— Sizden iki adam häzir meniň bilen Georgiý Petrowiç bilen duşuşmaga gidýär. Lukýanow türmesine baryberiň, men sizi gapyda garşy alaryn — diýdi.

Biz düşünmän biri-birimize seredişdik: adatça suda çenli tussag bilen duşuşyk berilmeýärdi. Enem:

— Näme üçin beýle edilýär? Georgiý syrkawmy? — diýip sorady.

— Ýok. Derňew gutardy, iş suda geçirildi, şonuň üçin goragçy hakdaky mesele çözülýär. Georgiý Petrowiç sud prosesine gatnaşmaga haýsy aklawçyny çagyrmalydygyny çözmek üçin bu meseläni maşgalasy bilen maslahatlaşmak isleýär.

Biz örän geň galdyk: adatça mesihiler sudda goragçydan boýun towlaýardylar, sebäbi SSSR-de aklawçylar ateistlerdi, şol sebäpden hem, şonuň aly aklawçylar seni goramaýarlar-da, gaýtam prokuror bilen bile aýyplamaga gatnaşýar. Kakam özüniň 1966-njy ýyldaky sudunda aklawçydan boýun towlapdy. Indi bolsa, onuň bilen aklawçy hakdaky meseläni çözmek üçin bize nobatdan daşary duşuşyk berýärler — muňa nähili düşünmeli?

Biz prokuraturanyň jaýyndan çykyp, Lukýanow türmesine gitdik. Ýolda duşuşmaga ejem bilen enem gidýär, Petýa ikimiz bolsa, daşarda garaşarys diýen karara geldik. Beh eýýäm gapyda garaşyp duran eken, soň ejem bilen enem onuň yzyna düşüp gitdiler. Biz bolsa, uly alada galyp, daşarda türmäniň derwezesiniň öňünde iki-baka ýöredik. Ýigrimi minutdan soň ejem bilen enem çykdylar. Biz olara tarap ylgadyk.

— Kakam nähili? Oňa näme bolupdyr?

Ejem:

— Ýagdaýy onçakly gowy däl, ýüzi ap-ak. Sizi duşuşmaga salmandyklaryna diýseň gynandy! — diýip jogap berdi.

Petýa:

— Aklawçy meselesi nähili çözüldi? — diýip sorady.

Enem gürrüň berip başlady: „Bu giden bir taryh! Gulaklaryňyza ynanmarsyňyz! Ýöne, geliň, tertip boýunça aýdaly: bizi türmä alyp girdiler. Men özümiň sülçiniň ýanyna alnyp gidilen tanyş koridorlarymdan ýene geçdim. Hemme zat ýadyma düşdi. Ýeri, bolýar-la, bu eýýäm geçdi.

Ine, şeýle. Beh öňde, Nadýa ikimizem yzynda barýarys. Podwala düşdük, ol ýerde bolsa, kiçijik otagda eýýäm Georgiý oturan eken. Men ony dört ýyllyk aýralykdan soň gördüm! Şonuň ýaly ýagdaýda bolsa-da, ony görenime begendim. Onuň daşky keşbi gowy däl, birhili çal reňkli. Sülçi: «Duşuşyk gysga, iş ýagdaýynda bolar. Georgiý Petrowiç aklawçy almaga razy boldy, häzir ol ejesine we aýalyna haýsy aklawçyny çagyrmalydygyny aýdýar. Men bu ýerde ediljek gürrüňiň hemmesini protokola ýazýaryn» — diýip duýdurdy.

Nadýa:

— Georgiý, sen aklawçy alma kararyna geläýdiňmi? — diýip sorady.

Georgiý:

— Men bu meseläniň üstünde ymykly pikirlendim, şol sebäpden hem, sizden Günbataryň mesihilik jemgyetine ýüzlenip, maňa mesihi aklawçyny bermeklerini haýyş etmegiňizi soraýaryn — diýdi.

Beh haýran galmadan ýaňa ýerinden böküp turdy:

— Wins, siz nädip beýle zatlary aýdyp bilýärsiňiz?! Daşary ýurtdan geljek aklawçy meselesiniň edip boljak zat däldigini siz gaty gowy bilýärsiňiz-ä! Siz meni aldadyňyz! Size aklawçy baradaky meseläni çözmek gerek bolmandyr-da, ejeňiz bilen aýalyňyzy görmek isläpsiňiz!

Georgiý garşy çykdy:

— Işiň materiallarynda hoşhabar baptist mesihileriň ynam meselelerine deglip geçilýär, şonuň üçin ateist aklawçy goragy amala aşyryp bilmeýär, sebäbi bu soraglara düşünmeýär. Mesihi aklawçylary bolsa, maňa mälim bolşuna görä, Sowet Soýuzynda ýok.

Beh hemme zady derrewjik protokola ýazyp başlady.

Georgiý sözüni dowam etdirdi:

— Meni goramaga razy boljak aklawçynyň ady mälim bolan badyna, siz daşary işler Ministrligine aklawça we onuň terjimeçisine, işiň materiallary bilen tanyşmagy üçin Sowet Soýuzyna girmäge rugsat bermegi haýyş edýän hat bilen ýüz tutarsyňyz.

Beh protokol ýazmagy tamamlandan soň, bize oňa gol çekmegi teklip etdi. Soň ol öz goluny çekip, duşuşygyň gutarandygyny aýtdy. Georgiý: «Ejemiň dileg etmegine, ondan enelik ak patasyny almaga rugsat ediň» — diýip haýyş etdi. Behiň sessiz başyny atmagy bizi haýran galdyrdy. Biz ýerimizden turduk, soň men öňde duran suda we ähli külpetli ýoluna ak pata berip dileg etdim. Biz hoşlaşdyk, kakaňyz siziň hemmäňize köp salam aýtdy“ — diýip, enem gürrüňini tamamlady.

Biz gysga wagtyň içinde Günbatardaky mesihilere mesihi aklawçy sorama haýyşymyzy ýetirip bildik. Jogap Şwesariýadan, ruhy çopan Ýewgeniý Fossdan geldi. Ol sudda Georgiý Winsi goramagy Norwegiýadan bolan mesihi aklawçy Alf Geremiň öz üstüne alýandygyny aýtdy. Biz derrew Alf Greme Sowet Soýuzyna gelmäge rugsat bermegini haýyş edip, daşary işler ministri Gromyko hat ýazdyk. Ýöne döwlete ýazan bu arzamyza, maşgalamyzyň ýazan beýleki arzalaryna bolşy ýaly jogap almadyk.

# 17

# SUDUŇ ZALYNDA

Sud 1975-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda başlandy-da, hepdäniň soňuna çenli dowam etdi. Adatça bolşy ýaly, suduň boljak gününi we ýerini bizden ymykly gizlediler. Nähilidir bir gudrat bilen suduň nirede boljagyny bilmek başartdy, şoňa görä-de, men duşenbe güni başlygymdan rugsat alyp, ol ýere gitdim. Suduň etrapdaky binasy „Bolşewik“ zawodynyň golaýynda, harby bölüme degip duran petikdedi.

Köçäniň geçelgesinde eýýäm ýigrimä golaý mesihi durdy, ýöne olary suduň jaýyna golaýlaşdyranokdylar. Suduň jaýyny milisiýa gurşap durdy, şoňa görä-de, dostlarymyz ýanýodanyň garşydaş tarapynda durdular. Ejem, enem hem Petýa olaryň arasynda ýokdy: olaryň suduň zalynyň içindedigi göze görnüp durdy. Men milisioneriň ýanyna bardym-da, sud edilýäniň gyzydygymy aýdyp, oňa pasportymy görkezdim we suduň zalyna salmagyny haýyş etdim. Ol arakesmä çenli zala girmek bolmaýandygyny, daşarda garaşmalydygyny aýdyp jogap berdi.

Men dostlarymyzyň duran ýerine ýoldan geçip bardym.

Olar meniň daşymy gurşap aldylar-da, suda diňe rugsatnama bilen geçirýändiklerini, hatda enem bilen ejemiň we Petýanyň hem zordan geçendiklerini gürrüň berip başladylar. Bu ýere, suduň öňüne, ýygnagymyzdan, esasan hem, garrylar ýygnanypdylar (galanlary işdediler, suduň boljagyny köp adama habar berip ýetişmedik). Olaryň biri, Polýa mama, pişekli geldi. Şondan iki aý mundan ozal ol aýagyny döwdüripdi-de, gipsde ýatypdy, indi bolsa, onuň gipsini

aýrypdylar, ýöne ýöremek hem durmak oňa kyndy. Ol ýany bilen kiçijik ýygnalýan oturgyç alyp gelipdir-de, ony agajyň aşagynda goýup, suduň zalyndan habara garaşyp, agşama çenli oturdy.

Biz arakesmä iki sagat garaşdyk. Howa gaty sowukdy, gar ýagýardy. Kimdir biri aýlanyp, burçda dermanhananyň bardygyny görüpdir, ol ýere gezekli-gezegine gidip, ýylynyp bolýardy. Ýüregimde howsala bardy: zalda näme bolup durka? Polýa mama dileg etmegi teklip etdi. Biz töwerek bolup durduk-da, başymyzy egdik, soň birnäçe adam sesli dileg etdi. Şol gün dostlarymyzyň goldawy meniň üçin köp zady aňladypdy! Men şol garrylara seredip: „Olar näme üçin öýlerine gitmän, zala salmajakdyklaryny bilseler-de, aýazda agşama çenli oturmaga razykalar? Olar ýanymyzda bolmak bilen, Georgiý Petrowiçiň nähilidigi, näme diýýändigi, keýpi gowumydygy hakdaky sözi zaldan çykan her bir adamyň agzyndan eşitmek üçin otyrmykalar?“ — diýip pikir etdim. Men: „Şu günlerde duýgudaş soraglar we gözlerde uçganaklaýan mähirli düşünmeler bolmadyk bolsa, maşgalamyz özüni nähili ýalňyz duýardy“ — diýip pikir etdim.

Ahyrsoňy esasy girelgäniň gapysy açylyp, ejem bilen enem çykdy. Olar ilkinji täsirler hakda gürrüň berip başlady. Kakam özüni gowy, dogumly duýýar. Kazy Dyşel oňa sud edilýäniň hukuklaryny düşündirende we suda soragynyň barmydygyny soranda, ol suduň aklawçylygy alyp barmagy tabşyran döwlet aklawçysy Luženkony almakdan ýüz öwürýär. Ol özüniň ýüz öwürmesini özüne ýöňkelen aýyplamada baptist hoşhabar mesihileriniň ynamyna degişli meseleleriň bardygy, hatda Mukaddes Kitabyň käbir baplarynyň jenaýata degişli edilýändigi bilen düşündirýär. Şol sebäpden hem, ateist aklawçy goragy amala aşyryp bilmeýär. Aklawçy Luženko sud edilýäniň delilleri bilen ylalaşyp, suduň zalyndan gidýär. Kazy sud edilýäniň özüne aklawçy alýanmydygyny soraýar. Kakam: „Ýok, mende aklawçy bar. Meniň haýyşym boýunça maşgalam suda gatnaşmagy üçin mesihi aklawçyny çagyrdy. Kazy Dyşel ejeme düşündiriş bermegini sorap ýüzlenýär“. Ol: „Norwegiýadan bolan mesihi aklawçy, ýuridiki ylymlarynyň doktory Alf Gerem sudda

Georgiýi goramaga razy boldy. Maşgalamyz daşary işler ministri Gromyko aklawça sud işine gatnaşmagy üçin SSSR-e gelmäge rugsat bermegini haýyş edip arza iberdi. Emma Ýewropadan bize Alf Gereme wiza bermekden boýun towlananyny aýtdylar" — diýipdir. Muny eşideninden soň kakam öz aklawçysy suda goýberilýänçä, sud işini soňa goýmagy teklip edýär. Kazy sud edilýäniň teklibini ret edýär.

Ejem yzyny gürrüň bermäge ýetişmedi: arakesme gutardy, zala girmäge wagt boldy. Bu gezek meni-de içeri saldylar. Zal uludy, ýüz adamlyk dagy bardy. Boş ýer ýokdy, zal KGB-ň rugsatnamaly giren işgärlerinden doludy. Mesihilerden, biziň maşgalamyzdan başga, diňe iki sany 75 ýaşly garryny — Ýe. T. Kowalenkony we A. T. Keçigi — saldylar. Soňky günlerde sudda görkezmelerini berenlerinden soň, zalda mesihi şaýatlara-da galmaga rugsat berildi.

Biz sud edilýäniň oturgyjyna ýakyn ýerde oturan bolsak-da, kakam bilen gürleşmek bolmaýardy — zaldan çykarýardylar. Ýöne maňa oňa diňe seretmegem ýeterlikdi: gözlerim bilen köp zat beýan etmek isleýärdim! Onuň gözlerindenem, ýüreginde näme bardygyny biljek bolýardym. Biz soňky gezek gürleşen, meniň üçin şol ýatda galan günden, Moskwanyň üýşmek suwly köçelerinde ýörän günümizden bäri — bir ýyla golaý wagt bäri görüşmändik. Häzir sudda ol ykjamdy, ünsi bir ýere ýygnanandy, töwereginde ýat, duşmançylykly garaýyşly adamlar bardy. Bu ýerde ol saklanýar, ýöne gijelerine kamerada ýeke galanda, ony diňe Reb görýärmikä? Şonda onuň gursagyndan näme böwsülip çykýarka? Onuň bilen nazarlarymyz çaknyşanda, bu zatlaryň hemmesine düşünmegi diýseň isleýärdim. Ýöne ünsüňi bölmek bolmaýar, ünslüje diňlemek gerek: kazy eýýäm sud seljermelerine başlady[1].

Kazy: „Sud edilýände suda teklibi barmy?" — diýdi.

1 Biz her gün zalda bolýan zatlary jikme-jik ýazmaga çalyşardyk. Ýazgylar tussaglaryň garyndaşlar Maslahatyna sud prosesiniň gidişini çap etmek üçin berildi.

G. P. Wins: „Hawa. Men işe goşulan dini edebiýatyň hemmesini gaýtadan ekspert edilmegini teklip edýärin, sebäbi sud üçin geçirilen ekspertizanyň ylmy-ateistik häsiýeti bar. Men ylmy-mesihilik ekspertizasyny geçirmegi talap edýärin. Suduň işine goşulan edebiýatda meniň «Wepalylyk» atly golýazmam bar. Ol golýazmada men ýygnak gullukçylary Odinsowyň, Daskonyň, Iwanow-Klyşnikowyň, Şipkowyň gysgajyk terjimehallaryny ýazdym. Olar ynamy üçin tussag edilip, 30-njy ýyllarda tussaglykda öldüler, soň hem, Staliniň kult şahsyýetiniň üsti açylanda, ölenden soň aklanyldy.

Ateist-ekspertler meniň golýazmamda sowet hakykatyna töhmet atylýandygy hakda netije çykarypdyrlar. Şonuň bilen baglanyşyklykda men suddan SSSR-iň prokuraturasyna we SSSR-iň ministrler Sowetiniň ýanyndaky dini işler Komitetine sorag iberip, 30-njy ýyllardaky[2] baptistler Soýuzynyň şu gullukçylarynyň tussag edilmeginiň sebäbini sudda yglan etmegiňizi soraýaryn. Ölenden soň aklanylan bu ýygnak gullukçylaryna ylmy-ateistik ekspertizanyň nämäniň esasynda jenaýatçy derejesini berilýändigini bilmek isleýärin“.

Kazy (onuň sözüni bölýär): „Bolanymy şu, Wins?“

G.P. Wins: „Ýok, mende suda başga-da talaplar bar. SSSR ministrler Sowetiniň ýanyndaky dini işler Komitetine sorag iberip, baptistler Soýuzynyň 1935-nji ýylda ýok edilmeginiň hakyky sebäbini yglan etmegiňizi haýyş edýärin. SSSR prokuratursyna-da 1929-njy

2 Soýuzyň başlygy N. B. Odinsow 1933-nji ýylda; general kätip P. W. Iwanow-Klyşnikow 1932-nji ýylda; başlygyň orubnasary P. Ýa. Dasko — 1934-nji ýylda tussag edildi.

ýyldan şu güne çenli dini garaýyşlary üçin hököm edilen mesihileriň umumy sanyny sorap hat ibermegiňizi-de haýyş edýärin.

Öý dökülende elimizden alnan ruhy edebiýatyň — Mukaddes Kitaplaryň, Injilleriň, ruhy senalaryň toplumlarynyň, mesihilik kitaplarynyň we žurnallarynyň — 1961-nji ýyldan 1975-nji ýylyň ýanwaryna çenli, dileg etme ýygnanyşyklaryny geçireni sebäpli, jerime hökmünde mesihilerden alnan puluň umumy mukdaryny bilmegiňizi haýyş edýärin".

Kazy: „Şu barymy, sud edilýän Wins?"

G.P. Wins: „Ýok, hemmesi däl. Ýöne talaplaryň galanlaryny men size hat görnüşinde berip biljek".

Suduň kätibi sud edilýänden talaplaryň sanawyny alyp, ony kaza berdi. Sud maslahatlaşyp, sud edilýäniň talaplarynyň hemmesini ret etdi. Şonda sud edilýän aşaky esaslar boýunça suduň düzüminden ýüz öwürýär:

a) ol aklawçydan mahrum edildi — onuň aklawçysy Alf Gerem suduň zalyna salynmady;
b) sud onuň suduň derňewlerine göni dahyly bolan talaplaryny ret etdi.

Kazy Dyşel suduň düzüminden ýüz öwürmäni ret etdi-de, prosesiň dowam edýänini aýtdy. Sud edilýän suduň hukugyny inkär edýändigini, şol sebäpden hem, mundan beýläkki sud derňewine gatnaşmakdan boýun towlaýanyny aýtdy. Kazy aýyplaýjy netijäni okady. Ol uzyndy, köp sahypa ýazylandy, ony okamaklyga kyrk minut dagy gitdi. Soň ertir sagat ona çenli arakesme yglan edildi.

Kazy bilen halk oturdaşlary zaldan ilki çykdylar, soň garawullar kakamy alyp gitdiler. Biz ony gözümiz bilen ugatdyk. Zalda hereketler, gaty sesli gürleşmeler başlandy, hemmeler gapa tarap

ýörediler. Biziň daşymyzy nätanyş erkek kişiler gurşap aldylar, soň, aýratynam, enem bilen Petýa aýdylan, kemsidiji sözler ýaňlandy. Gaty eziji duýgy boldy: biz azajyk adamdyk, şonuň üçin şeýle ejiz hem hukuksyz göründik welin, „döwlet ulagy“ bizi aňsatlyk bilen mynjyratjak ýaly boldy. Bu zaldan çaltrak daşary, dostlarymyzyň duran ýerine ýetsedik!

Daşary eýýäm garaňkydy, fonarlar ýakylypdy. Suduň jaýynyň garşysyndaky ýanýodada indi 20 sany garry däl-de, mesihileriň giden mähellesi durdy. Biziň bütin ýygnagymyz gelipdir diýen ýalydy. Dostlarymyz daşymyzy gurşap aldylar, biz olara zalda bolan zatlary gürrüň berdik. Ýefim Timofeýewiç Kowalenko ümsümlige çagyryp, Rebbiň kakama soňuna çenli berk durmaga batyrlyk bermegini sorap, sesli dileg etdi.

Enem munuň ýaly dartgynly günden soň asla güýçden gaçdy-da, ýykylara geldi. Ol Petýanyň elinden tutdy. Kimdir biri taksi saklady, soň biz öýe gitdik. Öýde gapyny bize maşgalamyzyň ýakyn dosty Galýa Golubes açdy. Ol sud gutarýança kiçi çagalaryň ýanynda bolmak üçin bir hepdelik zähmet rugsadyny alypdy. Galýa eneme eşigini çykarmaga kömek etdi we hemmämizi stoluň başyna çagyrdy.

Myhman otagda stol taýýardy. Biz öz öýümizde özümizi myhman ýaly duýup, stol başyna geçdik. Bu adatdan daşary duýgudy, ýöne Galýa aşhanada özüne kömegiň gerek däldigini, hemme zadyň taýýardygyny, diňe äberäýmegiň galandygyny aýtdy. „Siziň bu günüňiz şeýle agyr geçdi! Indi bir azajyk gowşap, gyzgyn nahar iýiň“ — diýip, ol jamlara bugaryp duran çorbany guýup durşuna aýtdy. Men gözýaşymy zordan sakladym: aladanyň şujagaz ýüze çykmasynda Rebbiň rehimdarlygy göründi.

„Bilmeýärsiňmi? Eşitmediňmi? Bütin dünýäniň Ýaradyjysy Reb ebedi Hudaý ejizleýän ya ýadaýan däldir. Onuň düşünjesine akyl ýetmez. Ol ejizleri kuwwatlandyrýar, mejalsyzlaryň güýjüni artdyrýar“ (Işaýa 40:28–29).

# 18

# JEZA

Sud derňewi indiki üç günüň dowamynda dowam etdi. Kakamdan tussag edilen wagtynda alnan dini kitaplar we makalalar babatda edebiýat ekspertizasynyň netijeleri bilen ekspertler çykyş etdiler. Şaýatlar görkezme berdiler, kazy Dyşel bilen prokuror Sehoskiý olara soraglar berdiler. Olaryň her birini sorag edende, kazy sud edilýänden şaýada soragynyň barmydygyny sorady. Jogap her gezegem bir boldy: „Mende şaýada sorag bar, ýöne men ony öz aklawçym Alf Geremiň ýanynda berjek“.

Kazy, prokuror, ekspertler tarapyndan edilen doly başyna gitmeler, hakyky garaýyşyň ýok bolmagy gaty haýran galdyrdy. Olarda faktlara düşünjek bolmaga, ýagdaýlary düşündirjek bolmaga islegem ýokdy. Edil höküm sud başlanmazyndan öň çykarylan ýaly, biziň öňümizde bolsa, diňe „kanunçylyk“ oýny ýasama oýnalýan ýaly duýgy bardy. Enem bu zatlaryň hemmesine: „Bu hakyky jezalandyrmadyr!“ — diýip baha berdi.

Aýyplamalaryň bölekleriniň biri-de, kakamyň 1969-njy ýylyň 24-nji awgustynda ýygnagymyzyň agzalary Wasiliý bilen Wera Şuportýaklaryň toýunda eden wagzydy.

Şaýatlar Winsiň wagzynda kanuny berjaý etmezlige küşgürmäniň, ýurduň jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmazlyga çagyryşyň bardygyny aýtdylar. Aýyplaýjy jemlemede, hatda „nikanyň ýasama bolandygy, sektantlaryň toýy bahanalap, Anatoliý Draganyň howlusynda 500-den gowrak adamyň gatnaşmagynda özleriniň ýygnanyşygyny geçirendikleri-de“ bellenildi.

Wasiliý bilen Wera Şuportýaklary suda şaýat hökmünde çagyrmadylar. Weranyň özi özüni şaýat hökmünde sorag etmeklerini talap edip, suda ýüzlendi. Kazy razy boldy. Ol özleriniň nikasynyň ýasama däldigini tassyklamak üçin iki ogly hem emzikdäki gyzjagazy bilen bile düşürilen maşgala suratyny hem-de olaryň dogluş hakyndaky şahadatnamalaryny görkezdi. Wera kazynyň hem prokuroryň soraglaryna jogap berende, toý wagtynda hiç kimiň jemgyýetçilik tertibini bozmanyna, Winsiň wagzynda kanuny berjaý etmezlige çagyryşyň bolmandygyny, onuň diňe hoşhabar wagzy bolandygyna subutnamalar getirdi.

Kazy: „Şaýat Şuportýak, diňe özüňize berlen soraglara jogap beriň! Sizden hiç kim netije çykarmagy soranok. Bizde Winsiň wagzynyň magnitofon ýazgysy bar. Ekspertler ony diňläp, onda sowet kanunlaryny berjaý etmezlige çagyryşlar bar diýen netijä geldiler“.

Wera: „Diýmek, siziň ekspertleriňiz nädogry netije çykarypdyrlar. Men häzir suduň zalynda şol kassetany diňlemegi teklip edýärin, ol bary-ýogy ýarym sagatlyk. Şonda siziň özüňiz Georgiý Petrowiçiň wagzynyň näme barada bolanyny eşidersiňiz“.

Kazy: „Bizde kassetany diňleme zerurlygy ýok! Ekspertleriň bu babatdaky çykaran netijeleri ýeterlik. Oturyň, şaýat Şuportýak, size başga sorag ýok!“

Wera: „Ýöne bu ýerde adamyň ykbaly çözülýär ahyry! Siz ony uzak möhletlik azatlykdan mahrum etmeklige hököm etmäge taýýar, Georgiý Petrowiçiň bolsa, bäş çagasy bar. Siz olaryň çagalygyny atasyz geçirmä sezewar edýärsiňiz! Kassetany diňlemek üçin şu ýeterlik derejede degerli sebäp dälmidir?“

Kazy: „Men size aýtdym-a: oturyň, şaýat Şuportýak! Size başga sorag ýok. Siz özüňizi zaldan çykarmaklaryny isleýärsiňizmi?!“

Sud şunuň ýaly ýagdaýda geçdi. Ýaş mesihi Lena sorag edilende kazy onuň prokuroryň soraglaryna beren jogaplarynyň üstünden ýaňsy bilen güldi. Kakam: „Mesihilik ynamynyň üstünden gülmäge het edýärmiň?!“ — diýip, kazynyň sözüni birden böldi. Dördünji gün aýyplaýjy söz bilen prokuror Sehoskiý çykyş edip, kakamy on ýyl azatlykdan mahrum etmegi we şahsy emlägini elinden almagy talap etdi. Möhletiň az bolmajagyny bilýän bolsak-da, prokuroryň sözi zalymlygy bilen haýran etdi. Mundan soň kazy sud edilýänden goranma, soň hem, soňky sözüni aýtmagy teklip etdi.

Kazy: „Sud edilýän Wins, size goranma sözi berilýär“.

G.P. Wins: „Men bu sud derňewinde goragy suda goýberilmedik aklawçym Alf Geremiň alyp barmaly bolandygy sebäpli, gorag sözünden ýüz öwürýärin. Şonuň üçin goragy men öz üstüme almaýaryn-da, ony Rebbim Isa Mesihiň eline berýärin!“

Kazy: „Diýmek, siz goranma sözünden boýun towlaýarsyňyz-da? Aý, bolýar-da, bu öz işiňiz. Indi size jenaýat döwrüniň kodeksine laýyklykda soňky söz berilýär“.

G.P. Wins: „Meniň üçin bu sud prosesinde soňky sözi Alfa hem Omega, başlangyç hem soň, ilkinji hem soňky bolan Reb aýdar!“

Kazy hökümiň ertir okaljagyny yglan etdi. Biz daşary çykdyk. Eýýäm garaňky düşüpdi, bu gün iki ýüze golaý mesihi gelen eken. Biz olara gaýgyly täzeligi habar berdik: prokuror on ýyl

azatlykdan mahrum etmegi talap etdi. Hemmeleriň keýpi gaçdy. Birden ýaşlardan biri: „Serediň! Esasy çykalga türme ulagyny alyp bardylar! Onda Georgiý Petrowiçi alyp gidýärler!“ — diýip gygyrdy. Birden mesihileriň bar mähellesi ýer süýşen ýaly bolup, ol ulaga tarap süýşdi. Bu şeýle bir duýdansyz boldy welin, hatda geçelgede nobatçylyk edip duran milisionerlerem düşünmäge we bizi saklamaga ýetişip bilmediler.

Biz ýanýodany we ýoluň geçilýän bölegini dolduryp, ulagyň üç metr golaýynda saklandyk. Beýleki tarap petik bolany üçin ulag geçip bilmedi. Kimdir biri: „Mesihilik ynamy, Mesih üçin berk durarys!“ — diýip aýdym aýdyp başlady. Ol ýerdäkileriň hemmesi aýdyma goşuldy, ýöne ilkinji sözlerden soň aýdym kesildi, sebäbi köpler agladylar. Ýöne biz özümize zor berip, aýdymy dowam etdirmelidigine, tussagyň goldawa mätäçdigine düşünýärdik! Şonuň üçin ilki birnäçe ses, soň hem, iki ýüz adamyň hemmesi: „Söweş gyzgyn, ýalyn gorkunç, ýerem sarsýar. Mesihiň baýdagyny ýokarrak galdyryň“ — diýip aýdym aýtdy.

Milisiýa işgärleri biziň üstümize gygyrdylar, gyra iteklediler we dargap, ulagyň geçmegine ýol bermegi talap etdiler. Ýöne olar azlykdy, şonuň üçin beýle köp adama hiç zat edip bilmediler. Biz birnäçe aýdym aýtdyk-da, on minutdan soň arkaýyn gyra çekildik-de, ulaga ýol berdik. Ýüreklerimizde şatlyk bardy. Prokuror kakamy on ýyl azatlykdan mahrum etmegi talap edeninden soň, aýdymlaryň ony nähili begendirendigini göz öňüne getirdim.

Soň kakam şol günüň täsirlerini şeýle suratlandyrdy: „Prokuroryň aýyplaýjy sözlerinden soň garawul meni türmä alyp gitmek üçin ulagyň ýanyna alyp bardy. Türme ulagynyň içinde otyrkam, birden aýdym sesleri eşidilip başlady. Garawul: «Siziňkiler aýdym aýdýar!» — diýdi. Daşardaky garawullaryň özlerini nähili alyp baranyny bilemok welin, ulagdaky garawul-a ýylgyrdy. Ulagyň ýerinden gozganyp, derrew saklanany ýadyma düşýär. Men bolsa, biziň «Hoşhabar ynamy üçin» we beýleki mesihilik aýdymlarymyzy diňläp oturdym.

Meni «Workuta» aýdymy has-da ruhlandyrdy. Ol tussaglaryň meşhur aýdymydy, ol lagerde ýazylandy we Rebbiň terk etmejekdigine bolan ýagty umytdan doludy:

«Gandallar gaçar, zynjyrlar gyrlar!
Mesihiň esgerleri azatlyk alar!
Ruhuň beýik güýjüne gurşalyp,
Hakykat Sözüni halklara ýetirer!»

Bu aýdymyň sözleri meni ulagda türmä alyp barýarkalar ýüregimde ýaňlandy durdy.“

Ertesi gün hüküm okaldy.

Biziň maşgalamyzyň agzalary, şeýle hem, Wera Şuportak, Wolodýa Moiseýew we zala goýberilen mesihi şaýatlar paltolarynyň içinde gizläp, ter bägülleri we gwozdikalary alyp girdik. Höküm okalan wagtynda hemmeler dik durdular, bu bir sagada dagy çekdi. Aýyplaýjy jemlemede bolşy ýaly, dürli faktlar sanaldy, olaryň hemmesi Jenaýat kodeksiniň laýyk gelýän maddalaryna gabat getirildi. Men kakama seretdim, ol äpişge tarapa öwrülip durdy. Höküm okalan wagtynda kakam gamaşyp duran gyş asmanyna seredip durdy. Onda duýulýan çuň asudalyk meni haýran galdyrdy.

Ahyrsoňy kazy: „Bäş ýyl berk režimli lager we emlägini elinden alyp, bäş ýylam sürgün etmeli“ — diýdi. Ol sud edilýäne ýüzlenip: „Höküm size düşnüklimi?“ — diýdi. Kakam: „Hawa. Isa Mesihe şöhrat!“ — diýip jogap berdi. Şol wagt bolgusyz ýagdaý boldy: KGB-ň işgärleri aýaklaryny tarpyldadyşyp, güýçli el çarpyp başladylar.

„Dogry höküm etdiler! Dogry! Az berdiler! Ömürlik bermelidi!“ — diýen sesler eşidildi. Ýokary galan gohdan, bu ýigrenji gykylyklardan ýaňa başyna gidenligiň eziji atmosferasy emele geldi. Şol pursatda Petýa kakama gül oklap: „Kaka, bu seniň batyrlygyň üçin!“ diýip gygyrdy. Biziň hemmämizem oňa gül oklap başladyk. Ejem: „Georgiý, bu prosesde sen ýeňdiň!“ — diýip gygyrdy.

Garawullar kakamy zalyň içi bilen hatarlaryň arasyndan geçirip alyp gitdi. Ol meniň deňime gelende: „Mesih bilen diwarlaryň içinde-de azatlykdyr! Mesihsiz azatlykda-da türmedir!“ — diýip gygyrdym. Ýanymda duran KGB-ň işgärleri: „Fanatik! Baptist! Hemmäňizi türmä salsadylar!“ — diýip dişlerini gyjadylar.

Türmelerde geçen ýyllary öçürip bolmaz!
Oňaýlyklar meýli başa barmadyk bolsa-da,
Erediji bilýär: gynaýjy otda
Iň gowy altyn bar!

Garaňkylykdan gelýän jümleler: „Sen galyň diwarlar
bilen gurşalan... ýaşyňam indi bir çene baran!“
Şonda resulyň: „Altyn ýaly boluň!“ diýen sözleri
seniň ýadyňa düşer.

Göklerde ony Isa kabul edýär,
Soň ol ýalyn kimin parlar —
Otly kameralarda her hili garyndylardan
ol arassalandy ahyryn

# 19

# ŞEMALYŇ GARŞYSYNA

Suddan soň bize Lukýanow türmesinde kakam bilen duşuşyk berdiler. Ol özüni möhletinde bolmak üçin haýsy türmä alyp gitjekdiklerini bilmeýärdi. Garawullaryň biri onuň Uzak Demirgazyga taýýarlanmalydygyny çalaja duýdurypdyr, şonuň üçin kakam özüne ýyly geýimleri getirmegimizi haýyş etdi. Türmede her aýda bir gezek 5 kg. agramly zat geçirip bolýardy. Duşuşykdan soň ejem derrew oňa ýyly geýim hem birazajyk iýmit geçirdi. Bir aýdan soň, biz oňa indiki geçirmeli zatlarymyzy alyp baranymyzda ol Kiýewiň türmesinde ýok eken, etap bilen ony alyp gidipdirler.

Biz iki aýdan gowrak wagtlap ondan hiç hili habar alyp bilmedik. Ahyrsoňy hat geldi, onuň konwertiniň daşynda „Ýakutsk“ diýip ýazylgy ştamp bardy. Petýa stoluň üstüne Sowet Soýuzynyň kartasyny ýazdy, biz ondan Ýakutsky tapdyk. Iň çetki Demirgazyk, Kiýewden ençe müň km. uzakda. Ol ýere diňe uçarly baryp bolar. Birinji duşuşyga, ýoly bilmek üçin, ejem bilen Petýa gitdi. Lager Ýakutskdan 30 km. aňyrky kiçiräjik Tabaga obasynda ýerleşýän eken.

Şol tomusda meniň öňümde saýlaw durdy: mundan beýläk nähili ýaşamaly? Maňa Kiýewden gidip, „Mesihi“ neşirýatynyň işine kömek etmegi teklip etdiler. Men munuň ýaly mümkinçilik hakda diňe arzuw edip bilýärdim! Çapçylaryň zähmeti meniň üçin aýratyn romantikadan doludy. Olar ömürlerini iň wajyp zada bagyş edýärdiler — gizlinlikde Mukaddes Kitap, Injil, senalar toplumyny, mesihilik žurnallaryny, çagalar edebiýatyny çap edýärdiler. Biziň ateistik ýurdumyzda, öýler dökülende alnan Mukaddes Kitaplary

ellerden alyp, olaryň ýok edilýän ýurdunda, ömrüňi bagyş edeniňe degýän başga ýokary maksady görmeýärdim. Kakamyň tussag edilmezinden öňki gullugynyň „Mesihi“ neşirýaty bilen baglanyşykly bolany meniň üçin uly mana eýedi.

„Hakykatyň habarçysy“ žurnalynda Wasiliý Maksimowiç Beliçenkonyň çapçylara bagyşlap ýazan goşgusy çap edildi:

Priamurýadan Riga çenli
Hudaýsyzlygyň urşy turýar.
Hem-de ol ruhy-ahlak kitaplary
ellerden almagy dowam edýär.

Ýöne iman harabalygyň içinde gurýar,
ine, öňräk yglan etdiler:
Russiýada „Mesihi“
çaphanasy gurnaldy.

Çapçylar, sizi ýatda saklaýarys:
Kowulmalar günlerinde siz zähmete
hem edermenlige çykdyňyz ahyry.
Goý, Gudratygüýçli size
Öz merhemetini eçilsin.

Işiň yhlasly jemini ençe gezek bellemegi
Hudaý size ençeme sapar bersin.
Goý, mesihilik neşiri
has-da köpleri begendirsin.

Ýygnagymyzyň ruhy çopanynyň kömekçisi meniň „zähmete gitme“[1] islegimi goldady, ýöne ejem bilen enem: „Biziň

1 Biziň mesihilerimiziň arasynda şunuň ýaly durmuşa „Gizlinlikde“ diýilýärdi. Munuň üçin öz şäheriňden gidip, tussag edilmeden gizlenip we „gizlin ýagdaýda“ bolup, mesihilik edebiýatyny çap etmeklige ýa-da ýaýratmaklyga gatnaşmak zerurdy.

maşgalamyz üçin gaýgylar ýeterlik! Kakam on ýyllyk türmede, ony şeýle uzak ýere, Çetki Demirgazyga, Ýakutska alyp gitdiler. Indi senem eýýäm türmä dalaşgär bolýarsyň. Nirededir bir ýerlerde tussag edýänçäler, Kiýewden gitjek bolýarsyň. Ýok, bu eýýäm öte geçmeklik bolýar, sen öýde gerek“ — diýip garşy çykdylar. Men 22 ýaşymda, öz durmuş ýolumy saýlamaga çen bolandygyny, bu gulluga meni Hudaýyň çagyranyna berk ynanýandygymy aýdyp, olary ynandyrjak boldum.

Ýöne men ýakynlarym bilen dawalaşyp biljek däldim, şonuň üçin dileg edip, kakam bilen maslahatlaşmak üçin indiki duşuşyga garaşmagy teklip etdim. Noýabrdaky duşuşyga biz bütin maşgalamyz bolup gitdik. Men Ýakutska gitmegiň öň ýanynda gaty köp dileg etdim. Ol ýerde meniň durmuşymyň soňky ugryny kesgitleýän karar kabul edilýärdi. Duşuşykda otaglaryň diňlenilýänini bilýänim üçin men özümiň mesihilik çaphanasynda işlemek islegimiň bardygyny kagyza ýazyp, kakama berdim. Ol muny okan badyna, biz kagyzy ýakdyk. Kakam şobada jogap bermedi, ol hemme zady ölçerip dökmek, ejem bilen maslahatlaşmak isledi.

Ertesi gün irden ol maňa:

> „Gyzym, Hudaýyň hasyl meýdanynda zähmet çekmegi ömrüň iň esasy işi hasaplaýanyň üçin men saňa guwanýaryn. Ejeň öz howatyr edýän zatlaryny aýtdy, käbir zatlarda men onuň bilen ylalaşýaryn. Eger seni tussag etseler, saňa-da agyr deger. Ýöne, eger Reb ýüregiňe bu islegi goýan bolsa, onda men nädip: «Ýok!» — diýeýin?
>
> Men saňa özümiň atalyk ak patamy berýärin! Reb üçin zähmet çek, Nataşa hem-de seniň meniň dileglerimde mydama boljakdygyňy ýatda sakla“ — diýip ýazyp berdi.

Men Kiýewden gitdim. Meniň üçin düýbünden täze durmuş döwri — nätanyş ýagdaýlar, „gizlinligiň“ berk tertip-düzgüni, täze dostlar

başlandy. Ullakan şahsy jogapkärçilik: meniň her bir ýalňyşlygym başgalary tussag edilmäge, çapçylara şeýle gymmat baha düşen kitaplaryň alynmagyna alyp baryp biljekdi. Men Hudaýyň kömeginiň we goragynyň hakykatyna täzeçe düşünip başladym. „Zähmetdäki“ ýyllar durmuşyň gazaply mekdebi boldy.

Biziň edebiýaty daşaýan toparymyzda üç, käwagt hem, dört adam bolýardy. Biz aňrybaş derejä çenli ýüklenýärdik: sumkalary zordan göterip bolýardy. Wokzala gitmezden öňürti, biziň sumkalarymyzdaky baýlygy bellenilen ýerine eltip bilerimiz ýaly, mydama Hudaýyň goramagyny sorap dileg edýärdik. Şol wagt meniň üçin Mezmur 112:11–17 hakyky goldaw bolupdy. Onda gudratygüýçli Hudaýa ynanýanlar bilen, „gözleri bolsa-da, görüp bilmeýän, gulaklary bolsa-da, eşidip bilmeýän“ öli butlara umyt baglaýan butparazlaryň arasynda açyk garşydaşlyk getirilýär. Ahyrynda mezmurçy Hudaýy inkär edýänleri özleriniň umyt baglaýan butlaryna meňzedýär.

Şonuň üçin men wokzalda ýolagçylary yzarlamaga borçly bolan, bizi saklap, dokumentlerimizi hem goşumyzy barlap biljek adamlaryň gözlerini görmez ýaly etmegini Rebden soraýardym. Her gezek öýden kitapdan doly sumkaly çykanymyzda, biz Hudaýyň goragyna bil baglap, howpuň öňüne gidýärdik.

Käwagt otly biziň düşmeli stansiýamyza baranda, ýolagçylardan biri sumkalarymyzy tambura çenli göterişmäge isleg bildirýärdi. Biz muňa ýol bermezlige çalyşýardyk, sebäbi sumkalaryň agramy islenilmeýän soraglary döredip biljekdi. Yhlasly ýoldaşyň kömeginden ýüz öwürmek başartmadyk wagtynda bolsa, olardan: „Gyzlar, siz näme kerpiç alyp barýarsyňyzmy? Sumkalar göterer ýaly däl-ä! Beýtseňiz maýyp bolarsyňyz!“ diýen sözler çykýardy. Şonuň ýaly pursatda biz diňe içimizden Hudaýdan goramagyny sorap we otlynyň stansiýamyza çaltrak barjagyna umyt baglap bilýärdik.

Wagondan düşenimizden soň, biz ätiýaçlyk ýollardan ýöräp, wokzaldan geçdik-de, awtobus duralgasyna tarap ýöredik. Biz dostlarymyzyň öýüne agyr sumkalar bilen agyr ýollary söküp gelenden soň, tapdan düşüp bardyk. Ýöne ol ýerde bize garaşyp

duran zat bar ýadawlygymyzy aýryp, mundan beýläkki zähmete ganatlandyrdy. Alyp gelen kitaplarymyzy — Mukaddes Kitaplary, Injilleri, Ýohannanyň kiçijik Hoş Habarlaryny, çagalar üçin kitaplary çykaryp goýanymyzda, ruhy çopanyň kömekçisiniň we onuň aýalynyň gözlerinde şatlyk gözýaşlaryny gördük we oladan minnetdarlyk dileglerini eşitdik. Bu iň gowy sylag boldy. Doganymyz bu kitaplaryň diňe bir öz ýygnagyndaky däl-de, eýsem, bütin sebitdäki mätäçlikleri kanagatlandyryp biljekdigini bize gürrüň berdi.

Soň bizi stol başyna çagyrdylar. Biz nahar başynda ýerli ýygnagyň nähili ýaşaýanyny, oňa Rebbiň nähili ak patalary berýänini bildik. Bizden bolsa, kitaplary ýaýradýan beýleki şäherlerimizdäki mesihileriň durmuşy hakda soradylar. Agşam bolsa, biz ahyrsoňy ýuwnup, eşiklerimizi ýuwup, wagonyň tekjelerinde däl-de, adaty krowatda ýatdyk. Aşagymyzdaky polam yranmady, relsleriň birigýän ýerinde, tigirlerem tarkyldamady.

Tigirleriň tarkyldysy astynda kalbymda söýgüli setirler ýaňlanýardy:

Ertirki gün ýene ýola düşmeli.
Ýene wokzallar, otlular, kiçi stansiýalar...
Aýlar boýy, ýyllar boýy şeýle bolar.
Ertir näme boljagy maňa nämälim...

Diňe bir zady bilýärin:
Isanyň yzyna düşüp,
meniň şemalyň garşysyna,
täze tupanlara tarap gidýänimi bilýärin.

Ýöne kalbymda gögüň rahatlygy:
Nur hem şatlyk — bakylyk şapagy höküm sürýär...
Ruhum ejiz, imanymam durnuksyz,
ýöne Onuň elleri gujurly!

# 20

# DUÝDANSYZ ÖWRÜM

1979-njy ýylyň 31-nji martynda kakamyň on ýyllyk möhletiniň birinji ýarymy gutardy. Ýene Sibiriň bir ýerlerine bäş ýyllyk sürgünligi bardy. Biz onuň täze salgysyny bilen badymyza, ýanyna gitmekçi bolduk. Biz ilkinji zerur bolan zatlary almakçy bolduk, sebäbi Sibiriň jümmüşinde gowy zat alyp biljekdigimize ynamly däldik. Enemiň otagynda iki sany ullakan çemodan goýduk-da, olara piti, çemçe, süpürgiç, ýorganjyk, düşek üçin ulanylýan zatlary salyşdyrdyk. Öýde bar zatlardan alyp gitmäge çalşan bolsak-da, barybir käbir zatlary satyn aldyk.

Iki aýdan gowurak wagt bäri kakamdan hiç hili habaryň ýoklugy diýseň biynjalyk edýärdi. Soňky hat „Tabaga“ lagerinden fewralda gelipdi. Aprelde ejem lageriň başlygyna: „Georgiý Winsiň ýagdaýyny alada edýärin, onuň nirededigini habar beriň“ diýip, telegramma berdi. Lagerden: „Tussag Winsi Týumene alyp gitdiler“ diýen jogap geldi. Ýene iki hepde geçdi, hat entegem gelenokdy, şonuň üçin ejem onuň gözlegine çykma kararyna geldi.

## *Sişenbe, 24-nji aprel, Týumen.*

Ejem aeroportdan göni türmä gidýär. Pylan tussagyň şu ýerdemidigini sorap beren soragyňa adatça jogabyň berilmeýänini ol tejribesinden bilýärdi. Iň dogry ýol — bu getiren zadyňy äpişgejikden bermekdi. Eger nobatçy sanawy barlap, berlen zady kabul etse, onda ol şu

türmede bolýar. Eger zadyňy yzyna berip, bu ýerde beýle adamyň ýoklugyny aýtsalar, onda ol başga ýerde bolýar.

Ejem zatlaryny äpişgejikden berýär, nobatçy ony alyp, faneradan edilen haýadyň aňyrsynda gaýyp bolup gidýär. Ejem içinden dileg edýär. Ahyrsoňy äpişgejik ýene açylýar-da, nobatçy: „Hawa, Georgiý Winse zat geçirse bolýar. Siz kim bolarsyňyz, aýalymy?“ — diýýär. Ejem başyny atýar, onuň ýüregi şatlykly gürsüldeýär: „Georgiý şu ýerde! Ony birinji synanyşygymda tapanym üçin Saňa minnetdar Rebbim“. Ol nobatçydan:

— Men adamym bilen duşuşygy alyp bilerinmi? — diýip soraýar.

— Ine, muny men bilemok. Türmäniň başlygyna ýüz tutuň.

— Onuň kabulhanasyna nädip barmaly?

— Bu gün eýýäm giç boldy. Arza ýazyň-da, ertir 11-de geliň.

## *Çarşenbe, 25-nji aprel, Týumen.*

Ejem gije myhmanhanada ýatyp, ertir irden kakamy sürgüne nirä ugradýanlaryny bilmek üçin azatlykdan mahrum etme ýerleriniň müdirligine gidýär. Ony başlyk kabul edýär. Ony diňländen soň, ol anyklap bilýänçä, koridorda garaşmagyny soraýar. On bäş minutdan soň ol ejemi ýene otaga çagyryp, Winsiň sürgünlikde Týumen welaýatynyň Berýozowo obasynyň töwereklerinde boljakdygyny aýdypdyr. Ony sürgün ýerine haçan äkitjekdikleri baradaky soragyna başlyk: „Iki-üç hepdeden soň. Derýadaky buz erän badyna tussaglary demirgazyga ugradýarlar“ — diýip jogap beripdir.

Müdirlikden ejem türmä gidipdir. Türmäniň başlygy onuň pasportyny barlap, duşuşyga rugsat bermäge gol çekipdir. Garawul ejemi otaga alyp baranda, kakam eýýäm ol ýerde eken. Ýöne olar biri-birini gujaklap bilmändirler, olaryň arasynda galyň aýna duran eken.

Garawul başyny atyp, ejeme telefon trubkasyny görkezýär. Ol diňe şonda kakamyň edil şonuň ýaly trubkany gulagyna goýanyna üns berýär. Ejem öz turbkasyny alýar, ýöne olar biri-

birine iki söz hem aýdyp ýetişmänkäler, trubkada nätanyş ses eşidilýär: „Duşuşygyň şertini diňläň!“ görse üçünji trubka otagyň aňry burçundaky ofiseriň elinde eken. Ol olaryň gürrüňleriniň diňleniljekdigini, düzgüniň şeýledigini duýduryar.

Kakam:

— Nadýa, nähili garaşylmadyk sowgat! Sen bu ýere nädip düşdüň? Meniň Týumendedigimi nireden bildiň? Men äkidilenimde size hat ýazyp bilmedim: ýazmak bolmaýar.

— „Tabaga“ legeriniň başlygy sen hakda soranymda, seni Týumene alyp gidendiklerini aýtdy.

— Hudaýa şükür! Seniň gelmegiň meniň üçin nähili ähmiýetlidigini sen göz öňüne-de getirip bilmersiň. Bu ýerdäki şertler gaty erbet: men tranzit kamerada, ol hyryn-dykyn, sement polda ýatýarys. Hapa, bit bar — asla çydar ýaly däl.

— Düýn seniň şu ýerdedigiňi bilenimden soň, derrew öýe telegramma berdim. Bu gün bolsa müdirlige bardym, ol ýerde seni sürgüne Berýozowo obasyna äkidýänlerini aýtdylar.

— Ýöne haçan? Meniň lagerdäki möhletim gutardy, şonuň üçin sürgüne gitmelini türmede saklamaga olaryň haky ýok. Bu şertlerde her bir artykmaç gün duranja gynamadyr.

— Başlyk sizi diňe maýda, derýanyň buzy eränden soň, äkitjekdiklerini aýtdy.

30 minutdan soň duşuşyk gutarýar. Olar hoşlaşýarlar. Ejem Moskwa uçup gidýär. Kakam bolsa, sement poluň üstünde duşuşygyň her bir minudyny ýatlap, hyryn-dykyn kamerada galýar. Bu duşuşyk onuň durmuşyna näçe şatlyk, näçe ýagtylyk alyp gelýär! Ol sürgünlik hakda, ýanyna maşgalasynyň geljegi hakda pikirlenýär. Uzakdaky Sibir obasyndaky kiçijik kümejikdäki durmuşy göz öňüne getirýär. Kiýewden soň çagalaryň munuň ýaly uzak ýerdäki sadaja durmuşa öwrenişip biljekmidikleri birazajyk ony biynjalyk edýär. Zyýany ýok, öwrenişerler, esasy zat — bütin maşgala bile bolýar.

## *Penşenbe, 26-njy aprel, Týumen.*

Ertirlik naharyndan soň kameranyň gapysy uly güpürdi bilen açyldy. Sesleriň hemmesinden gaty gygyryp, garawul: „Wins, goşlaryň bilen gel!“ — diýip gygyrdy. Kakam haýran galýar: sürgüne äkidäýjekmikäler? Çykalga tarap barşyna howsala bilen: „Näme üçin ýeke özümi?“ — diýip pikir edýär. Ony türmäniň başlygynyň otagyna alyp barýarlar. Ol ýerde iki sany harby adam otyrdy. Başlyk:

— Tussag Wins, sizi gyssagly Moskwa eltmek hakda buýruk geldi. Ýanyňyz bilen moskwaly garawul gider — diýýär.

— Moskwa? Näme üçin? Näme sebäpden?

— Ýokarky ýolbaşçylaryň buýrugy! Maňa hiç hili düşündiriş bermediler. Häzir göni aeroporta gidýärsiňiz.

Näme bolýarka? Sürgüne adatça Sibire, Uzak Gündogara, öýden uzaklara alyp gidýärler, ony bolsa Moskwa äkidýärler? Ol pikirleriň kerebinde çolaşýar: belki, baptistler ýygnaklary Maslahatynyň beýleki doganlar tutulandyr, toparlaýyn proses taýýarlanylýandyr, ony hem işiň içine goşup, möhletini köpeltjek bolýandyrlar? Hasrat onuň ýüregini gysdyrýar. Sürgünlige şeýle garaşypdy, maşgalasy bilen ýaşamagy arzuw edipdi! Ol içinden: „Rebbim, Seniň eliňden berilýän zat hökmünde muny-da kabul etmäge kömek et!“ — diýip dileg edýär.

Birnäçe sagatlyk uçuşdan soň, Moskwanyň aeroportyna baryp düşýärler. Trapyň ýanyna türme ulagyny getirýärler, soň bir sagada golaý nirädir bir ýere ony alyp gidýärler. Ahyrsoňy türmäniň derwezesinden girýärler. Ol ýerde adatça bolşy ýaly, şahsy barlag, dokumentleri doldurma geçirilýär. Gije ony ýekelikdäki kamera ýerleşdirýärler. Ol gije ýatyp bilmeýär, howsalaly pikirler basmarlaýar, ol gijesini dileg edip geçirýär.

## *Anna, 27-nji aprel, Moskwa.*

Ertir ony hammama alyp barýarlar, eşiklerini bolsa, gyzdyrmaga alyp gidýärler (türmede bitlere garşy şeýdip göreşýärler). Ol geýinmek üçin çykanda, ýokarky geýimlerini entek getirmän ekenler — belki, dezinfeksiýa etmäge ýetişen däldirler. Garawul girip:

— Wins, näme üçin geýinmeýärsiňiz? — diýýär.

— Maňa geýimlerimi bermediler.

— Ine, ol ýatyr-a! — diýip, ol stoluň üstünde eplengi duran penjegi, ak köýnegi we galstugy görkezýär.

— Bular meniňki däl.

— Geýniň, bulary siziň üçin getirdiler! — diýip, garawul buýruk berýär.

„Näme bolýarka? Beýle masgarabazçylyk nämä gerekkä?“ — diýen howsalaly pikirler at salýar. Ýöne ol geýinmeli bolýar — tussagyň özüne erki bolmaýar. Garawul ony koridoryň ugry bilen alyp barýar-da, gapyny açýar — ol ýerde eýýäm döwlet ýolbaşçysy garaşyp oturan eken. Garawul otagdan çykan badyna: döwlet işgäri: „Raýat Wins, SSSR-iň Ýokary Sowetiniň karary bilen siz sowet raýatlygyndan mahrum edilýärsiňiz-de, şu günüň özünde ABŞ-a ugradylýarsyňyz“ — diýip düşündirýär.

Kakam garşy çykýar:

— Russiýa — meniň watanym! Siz nämäniň esasynda meni raýatlykdan mahrum edýärsiňiz?

— Siziň kanuna garşy hereketleriňiz üçin.

— Ýöne men Injiliň wagyzçysy! Meniň işim diňe dini iş ahyry.

Ol adam onuň sözüni böldi:

— Siziň meseläňiz ýokary döwlet derejesinde çözüldi. Ýatda saklaň, Wins, siziň aýagyňyz indi hiç haçan sowet topragyna degmez! Iki sagatdan soň siz Amerikanyň ýolunda bolarsyňyz.

Kakamy ulaga mündirip, Şeremetýewo aeroportuna äkidýärler-de, uçara alyp girýärler. Ol uçaryň içinde ýene dört tussagy görýär. Olaryň ýanlarynda iki garawuldan bar eken. „Diýmek meniň ýeke

özümi äkidenok ekenler!“ — diýen pikir onuň kellesine gelýär. Garawullaryň başlygy oňa äpişgäniň ýanynda oturmagy buýruk berýär, ýanynda-da iki garawul oturýar. Uçuş on sagat dowam edýär. Onuň ýüregi gaýgydan dolýar, pikirler artýar: „Ýat ýerde maňa näme garaşýar? Durmuş nähili bolarka?“ Adaty bolan hemme zat weýran bolan bolsa-da, Rebbiň üýtgewsizligine galýandygyna düşünmeklik ony köşeşdirýär. Hudaýyň türmelerdäki hem lagerlerde geçen ýyllaryň hemmesinde aman saklaýşy ýaly, näbelli Amerikada-da saklamaga güýjüniň ýetjekdigi köşeşdirdi... ýüreginde aşaky setirler ýaňlanýar...

Biz ata watanymyzy, elbetde,
islegimiz boynça terk etmedik.
Moskwa çygly uçuş ýolunda bize „Hoş gal“
diýip, soňky sözi aýdanda
ýürek agyrydan gysyldy...

Nýu-Ýorkyň aeroportunda, tussaglardan we olaryň garawullaryndan başga, ýolagçylary çykyşa çagyrdylar, tussaglara bolsa, ýerlerinde oturmalydygyny aýtdylar. Soň uçara ABŞ-da tutulan iki sany sowet içalysyny alyp girdiler. Diňe şondan soň, bäş tussaga uçardan çykmaga rugsat etdiler. Olary ABŞ-nyň döwlet departamentiniň wekilleri kabul edýärler we şu wagtjyk Karter bilen Brežnewiň döwletleriniň arasyndaky şertnama boýunça tussaglary çalyşmaklygyň bolup geçenini olara düşündirýärler.

Azatlygyň ilkinji minutlaryndan olary habarçylar gurşap alýarlar, hemme tarapdan mikrofonlar uzaýar, fotoapparatlaryň çyralary ýanyp sönýär. Olaryň otaglary 21-nji gatda eken. Kakam öz otagyna girende, soňky uzaga çeken gije-gündizleriň dowamynda ilkinji gezek ýeke galýar. Ol penjiräniň ýanyna barýar. Eýýäm giç agşam bolsa-da, Nýu-Ýorkuň reklamalaryň ýagtyldyp duran köçelerinde durmuş gaýnap durdy. Hemme zat şeýle ýat bolup görünýär! Şonda şeýle setirler emele gelýär:

Nýu-Ýorkdaky ilkinji güni,
azatlygyň ilkinji pursatlary...
Ýyllar boýy... Belki, ýyllara çekjek
ajy aýralygyň tagamyn duýýan...

Ýokary derejeli myhmanhana,
töweregim habarçy... adamdan doly...
Edil müňlerçe top gümmürdisi kimin bolup,
azatlyk derrew üstümden indi!

Men bolsa, düýnki dünýäde:
Hakydamda hemme zat ýüzüp ýör,
etaplar hem Sibir türmeleri,
Ýakutýa ilininň lagerleri dur.

Doganlary persala edýänlerini görýän,
olary ýene türmelere dykýarlar;
men bolsa, bütin dünýä ýaňlandyryp:
„Bu — Mesihe bolan iman sebäpli!“ — diýýän.

## *Şenbe, 28-nji aprel, Kiýew.*

Bu wagt biz kakamyň durmuşyny düýpgöter üýtgeden wakalardan bihabar bolup, ejemiň Týumenden gelerine garaşyp otyrys. Üç gün mundan ozal alnan telegrammada ejem kakam ikisine duşuşygyň berlenini habar beripdir. Biz ony sürgüne nirä äkitjekdiklerini bilmek oňa başardar diýip umyt edýärdik.

Şol gün ertir enem, adatça bolşy ýaly, hemmeden ir turdy. Ol ertirlik taýýarlap durka, gapynyň jaňy basyldy. „Munuň ýaly ir ertir bilen kim geldikä?“ — diýip, ol haýran galdy-da, baryp gapyny açdy. Gapyda ejemiň uýasy Mariýa Iwanowna durdy. Ol örän tolgunýardy. Ol hatda salamlaşman hem, bosagada duran ýerinden:

— Lidiýa Mihaýlowna, täzelik eşitdiňizmi? Georgiý Amerikada!

Enem ony köşeşdirjek bolup durşuna hiç zada düşünmedi:

— Mariýa, geç otur! Çaý içjekmi? Sen Amerika hakda näme diýýärsiň?! Nadýa üç gün mundan ozal Georgiýni Týumende gördi, ol bize telegramma goýberdi.

— Ýok, siz entek hiç zat bileňizok! Men gije ýatyp bilmedimde, „Amerikanyň sesini“ açdym, şonda wyždanyň bäş tussagyny boşadandyklaryny täzeliklerinde eşitdim. Olary göni türmeden Amerika äkidipdirler! Georgiý şolaryň biri! Men olam eşitsin diýip, derrew Saşanam oýardym. Ol maňa derrew taksä münüp, siziň öýüňize gitmelidigimi aýtdy[1].

Enem entegem ynanyp bilenokdy:

— Boljak zat däl! Biz Sibire sürgüne gitjek bolup, çemodanlarymyzy ýygnap otyrys.

— „Amerikanyň sesiniň“ indiki gepleşigi boljak wagty, radioňyzy açyň. Şonda özüňizem göz ýetirersiňiz!

Enem öýdäkileriň hemmesini oýardy: bu täzelik juda adaty däldi. Ýöne „Amerikanyň sesinde“ habary gaýtalanlarynda, biz doly ynandyk. Biz hatda kakamyň sesinem eşitdik: azatlyga çykarylan bäş tussaga maşgalalaryna gysgajyk salam goýbermegi sorap, mikrofon tutýarlar. Şondan soň kakamyň, dogrudanam, okeanyň aňyrsyndadygyna bizde şübhe galmady.

Şol gün irden ejem Moskwadan gijeki otludan düşüp, wokzaldan öýe geldi. Oňa gapyny Petýa açdy we bosagadan girenden:

— Kakam nirede? — diýip sorady.

— Týumende. Meniň nähili şowly gidip gelenimi sen göz öňünede getirip bilmersiň! Bize hatda duşuşygam berdiler. Müdirlikde bolsa, men sürgüniň Beryozowa ediljegini bildim.

Petýa onuň sözüni böldi:

— Eje, kakam Amerikada!

— Bolup bilmez! Üç gün mundan ozal men ony geçiriş türmesinde gördüm!

Petýa oňa „Amerikanyň sesindäki“ habar barada gürrüň berdi.

1 Ol wagtlar öýlerimizde telefon ýokdy.

Şol günden başlap, hemme zat wakalaryň tüweleýinde aýlandy. Duşenbe güni öýümize häkimiýet wekilleri geldi-de: „Döwlet ýolbaşçylarynyň arasyndaky şertnamada siziň maşgalaňyzyň ABŞ kakaňyzyň ýanyna baryp biljekdigine seredilýär. Ine, Sowet Soýuzyndan gitmek baradaky anketa; oturyň-da dolduryň“ — diýdiler.

Enem gitmekden ýüz öwürýänini aýtdy: „Men eýýäm 72 ýaşymda — maňa ýaşaýan ýerimi üýtgetmäge indi giç boldy!“ Olar näme diýjeklerini bilmän, ýokarky pudaklar bilen maslahatlaşmak üçin gitdiler. Olar bir sagatdan gaýdyp gelenlerinden soň, eneme: „Amerika bütin maşgala gidýär! Ýekejesem galmaly däl! Eger gitmekden boýun towlasaňyz, onda uçara güýç bilen salarlar!“ — diýdiler. Ol tabyn bolmaly boldy, soň biz oturyp anketalary doldurmaga başladyk[2].

Biziň gitjekdigimiz hakdaky habar mesihileriň arasynda derrew ýaýrady. Dürli şäherlerden dostlarymyz hoşlaşmaga geldiler. Şol günlerde KGB-ň işgärleri aýratyn üns bilen işlediler. Biziň gapymyzyň garşysynda äpişgelerine tuty tutulan awtobuslary goýdular, şol ýerden hem yzyny üzmän, biziň öýümize giren we çykan her bir adam synlandy. Köçäniň gutaran ýerinde köp dostlarymyzy saklap, dokumentlerini barlapdyrlar. Kiýewden gidýänçäk, alty hepdäniň dowamynda dartgynly ýagdaý dowam etdi.

Şol günler birhili bulaşykly boldy. Bir tarapdan kakamyň ahyrsoňy azatlyga çykany, biziňem tizara onuň ýanynda boljakdygymyz begendirýärdi, ýöne başga bir tarapdan dostlarymyz bilen boljak aýralygyň hemişelikdigine anyk düşünýärdik! Bizi söküp geçip bolmajak döwlet serhetleri aýra salýardy. Ýüregimiziň bir bölegi hoşlaşmaga gelen dostlarymyz bilen galdy. Enem muny has ýiti

2 Ejem ýanymyz bilen gitmäge ýegeni Lýudmila Gluhomony çagyrdy. Häkimiýet guramalary ilki garşy boldular, ýöne ejem Lýudmilasyz gitjek däldigini aýdanda, onuň üçin hem, daşary ýurda çykylýan pasporty taýýarlamaga razy boldular.

duýdy: tussaglar, olaryň maşgalalary, tussaglaryň garyndaşlarynyň Maslahaty — ol olaryň ykballaryny paýlaşmaga, olaryň bähbidi üçin ýaşamaga endik edinipdi. Indi bolsa...

## *13-nji iýun, Şeremetýewo aeroporty.*

Uçmaly günümiz bizi kyrk adam ugratdy. Kiýewden, Leningraddan, Narwadan, Woroşilowgraddan,Kişinýowdan, Brestden dostlarymyz bardy. Biz Moskwa uçmazymyzdan bir gün öň geldik. Her birimiz özüniň hoşlaşmaga gelen ýakyn dostlary bilen watanyndaky soňky gününi geçirdi. Enem tussaglaryň garyndaşlarynyň Maslahatyndan bolan doganlary bilen Anastasiýa Nikanorowna Krýuçkowanyň öýüne gitdi. Ejem kiçijik Saşa bilen Sautowlara gitdi, Petýa moskwaly dostlary bilen duşuşdy.

Biz bolsa joralarymyz bilen Tretýakow galereýasyna gitdik. Ol ýerde ýarym günümizi geçirdik, gowy görýän suratlarymyz bolan suratkeş Gemiň „Hakykat näme?“ diýen suratynyň (onda Pilatusyň öňünde duran Mesih şekillendirilýär), Iwanowyň „Mesihiň halka görnüşi“ atly, Kuinjiniň „Dnepriň boýundaky gije“ atly, Polenowyň „Moskwadaky howlujyk“ atly, Aýwazowskiniň „Gara deňiz“ atly suratlaryň ýanynda durup, ýarym günümizi geçirdik. Tretýakowdan soň köçelerde köp aýlandyk, gürleşdik, gijeki Moskwa bilen hoşlaşdyk.

Ertesi daňdan sagat 6-da eýýäm Şeremetýewo aeroportyna bardyk. Nýu-Ýorka uçar 8 sagat uçdy. Ýöne öňünden görülmedik saklanma sebäpli, gündiz sagat üçde uçduk. Uçara geçmekligi yglan edenlerinde, ýüreklerimizde edil ýasdaky ýaly, agyrlyk boldy: soňky hoşlaşma sözleri, dostlarymyzyň aglan gözleri... Öňde bize nähilidir bir täze, öňünden görülmedik, ýöne düýbünden başga bir zat garaşýardy. Öz çeşmeleriňden beýle çalt üzülmek juda agyr düşdi.

# EPILOG

*1980-nji ýylyň iýuny*

Şeremetýewo aeroportynda dostlarymyz bilen aýrylyşanymyza bir ýyl geçdi. Amerikadaky durmuş kem-kemden gowulaşdy-da, adaty bolup başlady. Biz Indiana ştatyndaky Elkarte atly kiçiräjik şäherde ýerleşdik. Öýde biziň diňe dördimiz — ejem, kakam, men we Şura galdyk. Galanlary Demirgazyk Amerikanyň dürli künjeklerine düşdüler: Petýa Boston uniwersitetiniň ýanyndaky okuw jaýda iňlis dilini okap ýördi, Liza bilen Lýudmila Kanadadaky Mukaddes Kitap kollejine okuwa girdiler, enem Kaliforniýada ýerleşdi — ol ýerde rus dilindäki ýygnak bardy. Ol ýere göçüp baranymyzdan soň, enem agyr operasiýa geçirdi, oňa seretmek gerekdi. Şonuň üçin Ženýa 9-njy synpa geçenden soň, onuň ýanyna göçdi. Şeýlelikde, atamyz öýüne diňe baýramçylyklarda ýygnanýardyk.

Iki aýdan soň, 1979-njy ýylyň iýunynda, baptistler ýygnaklary Maslahatynyň gullukçylary yzarlanylýan ýygnagyň resmi wekili — baptistler mesihilik ýygnagynyň daşary ýurtdaky kätibi bolmagy kakama teklip etdiler. Ol razy boldy we mesihilik konferensiýalaryna, ýygnaklaryna, ylahy okuw jaýlaryna Russiýadaky azar berilýän mesihileri ýada salmaga, tussaglar we olaryň maşgalalary üçin dileg etmeklige, aýratynam, döwlet ateizmi bolan ýurtda Injili wagyz etme azatlygy üçin dileg etmeklige çagyryşlar bilen baryp başlady. Men şol saparlara onuň bilen bile gitdim: mekdepde alan

iňlis dili sapagym örän gerek boldy. Ejem birinji synpa baran Şura bilen öýde galdy.

1980-nji ýylyň iýunynda biziň missiýamyz Toronto şäherinde, Kanadada „Azar berilýän ýygnagyň sesi“ atly konferensiýany geçirdi. Konferensiýa bäş günläp dowam etdi. Russiýadaky mesihilere bolan gyzyklanma Günbatarly mesihileriň arasynda güýçlüdi. Olar biziň missiýamyzyň çap edýän habarlaryny ýürekden çykýan duýgudaşlyk bilen kabul edýärdiler. Russiýadan gelýän habarlar bolsa howsalalydy: dürli ýerlerde ýygnanyşyklary dargadypdyrlar, ruhy çopanlaryň kömekçilerini, wagyzçylary, ýekşenbe mekdepleriniň mugallymlaryny tussag edipdirler. Tussaglaryň garyndaşlarynyň Maslahaty bize Germaniýanyň üsti bilen gelen maglumaty hem fotodokumentleri Günbatara berdi.

Yzygiderli çykýan kiçiräjik „Tussaglaryň býulleteni“ atly biziň missiýamyzyň çykarýan žurnalynda tussag edilmeler hakdaky habarlar, tussaglaryň we maşgalalarynyň suratlary, türmelerden ýazylan hatlar çap edilýärdi. Günbatara baran birinji ýylyndan başlap, kakam imanyň sebäpli azar berilmeler hakdaky şaýatlyklar bilen ABŞ-nyň, Kanadanyň, şeýle hem, Germaniýanyň, Gollandiýanyň, Şwesiýanyň, Norwegiýanyň[1], Angliýanyň köp ýygnaklarynda boldy. Awstraliýa we Günorta Amerika çakylyklar geldi. Azar berilýän ýygnagyň sesi bütin dünýäde ýaňlanyp başlady.

Amerikadaky ilkinji günlerinden başlap, Reb kakama tarapdarlyk gullugynyň zerurlygyny görkezýär. Ýurda gelenine üç gün bolanda, ýekşenbe güni, Prezident Karter ony Waşingtondaky baptist ýygnagyna çagyrýar, ýygnaga Prezidentiň maşgalasy-da gatnaşýar. Şol gün ertir bilen Prezidentiň özi ýekşenbe mekdebiniň ulular synpynda sapak geçýär. Synp otagynda ellä golaý ygnak agzasy bar eken. Ol ilki bilen Russiýadan gelen myhman bilen hemmeleri tanyşdyrýar: „Bu 8 ýylyny sowet türmelerinde we lagerlerinde geçiren biziň imandaky doganymyz Georgiý Wins.

1 Biz Norwegiýa baranymyzda, bizi aeroportda garşy alanlaryň arasynda kanunçylyk ylymlarynyň doktory Alf Gerem bardy — ol 1975-nji ýylda Kiýewde kakamy goramakçy bolupdy, emma suda goýberilmändi.

Onuň dileglerine jogap edip, Reb ony azatlyga çykardy. Munuň üçin Gökdäki Atamyzy şöhratlalyň!“ Dileg edileninden soň Prezident Mukaddes Kitaby açýar. Sapagyň temasy ýok edilmä duçar edilen halkynyň tarapyny alyp, janyna töwekgelçilik eden Esteriň gahrymançylygydy.

Kakamyň ýanynda terjimeçi oturyp, oňa Prezidentiň eden wagzyny terjime edipdir. Kakam bolýan zada aşa tolgunypdyr: „Bu düýş dälmikä? ABŞ-nyň Prezidenti elinde Mukaddes Kitaby tutup, ondan wagyz edýär! Öý dökülende eliňden Mukaddes Kitaby alyp, ony ýakýan meniň ýurdum bilen deňeşdireniňde doly gapma-garşylyk“ — diýip, ol pikir edipdir.

Ýekşenbe mekdebinden soň Karter kakama gürleşmek üçin ruhy çopanyň otagyna geçmegi teklip edipdir. Sowet Soýuzyndaky mesihileriň ýagdaýlary hakda soranda, Prezident Injili wagyz edeni sebäpli, birnäçe ýylyny türmelerde we lagerlerde geçiren adamyň pikirini diňlemegiň özi üçin wajypdygyny belläpdir. Prezidentiň soraglaryna jogap berip otyrka, kakam resmi duşuşyklarda ABŞ-nyň döwlet işgärleriniň Sowet Soýuzynda dini sebäpler boýunça azar bermeleriň ýol bererlikli zat däldigi hakdaky meseläni galdyrmaklaryny teklip edýär.

Şol agşam kakam myhmanhanada Prezident Karter bilen duşuşygyň jikme-jiklikleri hakda pikirlenende, ol onuň Ester baradaky wagzyny ýatlaýar. Kuwwatly elleri bilen türmäniň gapylaryny açyp, özüni Rebbiň bu ýat ýurda näme üçin getirendigine berlen jogabyň şunda jemlenendigini duýýar.

Reb:

„«Çünki Meniň pikirlerim siziň pikirleriňiz däl,
siziň ýollaryňyz Meniň ýollarym däl» — diýýär.
Gökler ýerden nähili beýiklikde bolsa,
Meniň ýollarym-da siziň ýollaryňyzdan,
Meniň pikirlerim-de siziň pikirleriňizden beýikdir“
(Işaýa 55:8–9).

# SÖZBAŞY

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5

1. ÇAGALYGYŇ ÄPIŞGESINDEN . . . . . . . . . . . . . . . 11

2. DUÝDANSYZ ÖZGERIŞLIKLER . . . . . . . . . . . . . . 16

3. ROŽDESTWO . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25

4. ILKINJI ÖÝ DÖKME . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31

5. LEFORTOWO TÜRMESINDÄKI DUŞUŞYK . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37

6. „GAZAPLY ÜLKE: TÖWEREK TOKAÝLYK, GARLYK“ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44

7. BIZIŇ ÖÝÜMIZDÄKI ADATY GÜNLER . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54

8. ODUŇ BAŞYNDA . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60

9. ŞYPALLARYŇ ÜSTÜNDE PYÝADA ÝÖRÄP . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67

10. GANDALLARDAKY IMAN . . . . . . . . . . . . . . . . 74

11. AZATLYGA ÇYKYŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82

12. BOŞAP GALAN ÖÝ. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
13. ENEMIŇ SUD EDILIŞI . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 97
14. KYN SAPAK. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 105
15. MOSKWANYŇ ÜÝŞMEK SUWLY ÝERLERI BILEN . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 114
16. NORWEGIÝALY AKLAWÇY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
17. SUDUŇ ZALYNDA . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 127
18. JEZA. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
19. ŞEMALYŇ GARŞYSYNA . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
20. DUÝDANSYZ ÖWRÜM. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
EPILOG . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155

# IMAN – *bu ruhuň poeziýasydyr hem çäksiz uzaklara uçuşdyr...*

**SIZIŇ HER BIRIŇIZIŇ HUDAÝA TARAP BARÝAN ÝOLUŇYZ GAÝTALANMAZAKDYR. BU KITAP 60–70-NJI ÝYLLARDA GAZAPLY DINI YZARLAMALAR DÖWRÜNDE — SOWET SOÝUZYNDA MESIHI MAŞGALADA ULALAN ÇAGALAR HAKDADYR. OLARYŇ ENE-ATALARY ATEIZME EGLIŞIK ETMÄN, ÇAGALARYNYŇ ÖŇÜNDE MESIHILIK YNAMYNYŇ GYMMATLYKLARYNY AÇYP BILDI. ÝÖNE BU GARŞY GITME OLARA GATY GYMMAT DÜŞDI.**

**ÝYLLAR GEÇDI, ÇAGALAR ULALDY. KIÇIJEKLIKDEN OLARYŇ MESIHILIK MAŞGALASY BILEN ATEISTIK MEKDEBIŇ ARASYNDAKY GARŞYDAŞLYKLARYŇ BOLMAGY ŞAHSYÝETLERINIŇ EMELE GELMEGINE NÄHILI TÄSIR ETDIKÄ? NATALÝA WINSIŇ „ÇAGALYGYŇ ÇÄKLERI“ ATLY BU TERJIMEHAL KITABY ŞOL BARADA.**

**AWTOR BARADA:** *Natalýa Wins Kiýewde doguldy we ulaldy. 1979-njy ýylda olaryň maşgalasynyň ykbalynda duýdansyz öwrülişik boldy: 10 ýyllyk azatlykdan mahrum edilmesinde bolup ýören Georgiý Petrowiç Wins Sibir türmesinden çykarylyp, Moskwa alnyp barylýar-da, sowet raýatlygyndan mahrum edilýär we ABŞ-na kowulýar. Alty hepdeden soň onuň maşgalasyna-da kakasynyň ýanyna gitmäge rugsat berilýär. Amerikada Nataşanyň öňünde täze mümkinçilikler açylýar. Ol Mukaddes Kitap kollejinde okaýar, kakasy ABŞ-na barandan soň, onuň esaslandyran „Rus missiýasynyň Hoş Habary yglan etmesi“ gullugyna gatnaşýar.*

TM